# GÜNEŞ

## Halyl Kulyýew

### Daň agarýar



Syrylyp gijäniň gara perdesi,
                    Agarýar asman.
Agarýar töwerek,
                Agarýar her ýan...
Belent-belent gaýalar
Hemmesinden öň agarýar.
Meýdanlar,
               Sähralar,
                          Çeşmeler,
                                      Çaýlar...
Bulaň bary deň agarýar.
Açyň penjiräňiz, bakyň adamlar!
Daň agarýar...

### Bahar buşlukçysy

Gaýalaryň gary eräp bireýýäm,
Pyntyklady pisse bilen badamlar.
Bahar ýeli aýnalary kakyp ýör:
- Bahar gelýär, bahar gelýär, adamlar.

Gol ýaýratdy bagymyzyň üzümi:
(Uzak ýaşar şol üzümden dadanlar)
bahar ýeli sypap geçdi ýüzümi:
- Bahar gelýär, bahar gelýär, adamlar.

- Bahar gelýär, bahar gelýär, adamlar,
Lälezarda öwşün atýar gunçalar.
Ýodalary suwlap, ýuwdy topragy
Bahar buşlukçysy – hoştap damjalar.

Gaýalaryň gary eräp bireýýäm,
Pyntyklady pisse bilen badamlar.
Pikir beriň, ahmal galmaň, tijeniň:
- Bahar gelýär, bahar gelýär, adamlar!

## Oktýabr goşgusy

Günler geçdigiçe galňaýar taryh,
Ynsan mertebesi ösýär ýylba-ýyl.
Ýene ýüzläp dilde edilýär taryp,
Ýedinji noýabr, On ýedinji ýyl.

Bu gün azatlygyň dogulan güni,
Bu äpet ýer şaryn sarsrdyran sene,
Dünýäniň garaňky künjeklerini
Baky şöhle bilen guçup ýör ýene.

Adam aýak basyp kosmos döwrüne,
Älemiň geň syryn açýar ýylba-ýyl
Ýazýar olar ýyldyzlaryň böwrüne:
«7-nji noýabr,
17-nji ýyl».

Bu günde Leniniň ýürek urgusy
Bar günlere nurun saçýar gün ýaly.
Onuň ýoly,
Onuň güýji-gurbaty
Belentlige alyp barýar dünýäni.

Ýene täze hyjuw bilen şaýlanyp,
Täze ýyldyzlara edýär ol serpaý.
Gijäň gara ötügünden saýlanyp,
Gol bulap çagyrýar hem zemin hem aý...

Açýar dünýäň täze künjeklerini,
Ynsan mertebesem ösýär ýylba-ýyl.
Ýaşa azatlygyň dogulan güni
ÝEDINJI NOÝABR, ON ÝEDINJI ÝYL!

## Söweşdeş dostuma

Onda biziň ikimizem çagadyk,
Gülki bilen oýun bordy kärimiz.
Garagoldyk, şadyýandyk, sadadyk
Söýmäge-de ýetişmändik häli biz.
Aşyk bolup ýörmesekde gyzlara,
Aşygydyk şadyýanja guşlaryň.
... Ine birden uruş turup jahanda,
ýüreklere urdy sansyz neşderin.

Kimler ýitirýärdi howandaryny,

Kimseler ogluny, kimler ýaryny,
A biz bolsak poçtalýondyr öýderdik
Bu zatlaryň ýalňyz günäkärini.

Äpet gara sumkasyny gerdenläp,
Aýlanýarka köçeleriň hemmesin,
Howsalaly bakardylar adamlar:
- Göni gitsin...
Biziňkä bir gelmesin.

Indi-indi haýran galýan bir zada,
Gör, neneňsi işler bolýar dünýäde,
Şol poçtalýon,
Şol gazaply ýyllarda
Götiripdir şum habaryň ençesin,
Bir ölüme döz geläýmek aňsat däl,
Ol neneňsi göterdikä şonçasyn?

Kä zatlara düşünsek-de azajyk,
Kä zatlara düşünerden sadadyk,
O zeýilli gowgalary nä bilsin,
Peý wagtyna oýnap ýören çagajyk.

Aýlar geçdi täze oýun tapyldy,
«Bedew atlar» dört tarapa çapyldy.
«Awtomatly», «Bäşatarly», «jigitler»
«Ura!» diýip, öňe bakan topuldy.
Uzak frontlarda atylýan oklar
Edýärkä her günde ençeme gurban,
Biziň «urşumyzy»
Biziň «Soldatlar»
Mydam
Şatlyk bilen ederdi tamam.

Günbe-günden barha artyp badymyz,
Duşmany ýakýardy biziň odumyz.
Beýik ynam bilen arman-ýadaman,
Arzuw etdik: «Arzuwlarmyz ýer alar»
Şeýdip ölmän ýeňşe ýetdik sag-aman,
Galsa-da ýürekde bitmez ýaralar.

… Dostum, indi özüň bolupsyň ata,
Dur anha çagalaň daşyňy gallap,
Ýyllar bizi köp güzerden geçirdi.
Indi biz çaga däl, biz köne soldat.

## Ýazgylar

Kakamyň iň soňky ýazan hatyny
Henizem aýawly saklap ýör enem,
Saralan kagyzlaň açyp gatyny,
Käýarym gaýtalap okaýan menem.

Hatyň iň soňunda şeýle sözler bar:

«Oglum, arzuw edýän men saňa ýüz ýaş».
Her gezek elime alamda ony,
Damýar ol kagyza bir damja göz ýaş.

Şeýdip bir damja däl, sansyz damjalar
Dama-dama yz goýupdyr ol hatda.
Ýöne ýazgylary öçmändir heniz.
Ýyllaň ýelginine gelipdir hötde.

Ony ýazan eller, gudratly eller,
Şolar dälmi gyşy kowup, ýaz eden.
... Şeýdip ol ýazgylar öçmezler, ýöne
şeýdip olar ýazylmazam täzeden.

## Hoşlaşyk

Soňky gezek gygyrdy-da parawoz,
Gök wagonlar gobsundylar haşlaşyp,
A sen bolsaň... a sen bolsaň garagöz,
Ak ýaglygyň bulap dursuň hoşlaşyp.

Bu nähili beýle bolýar, aýtsana,
Indi şeýdip galjakmy sen daşlaşyp.
Dymyp durun penjiräniň öňünde,
Doňup durun penjiräniň öňünde,
Ýüz müň hili pikir bilen baş goşup.

Seniň bagtyň üçin, eý, göwün şadym,
Men-ä uzak ýola bilim baglaýan.
Sen nämüçin ugradaňda soldatyň,
Aman baryp, aman gel diýip aglaýaň.

Zyýany ýok. Aýralykdyr, geçer bu.
Ýüregiňi daglamaly bolma sen.
«Gitdi» diýip, aglamaly bolsaň-da,
«Gelmedi» diýip, aglamaly bolma sen.

## Şofer

Hat gatnatdyň,
Ot gatnatdyň,
Ýag gatnatdyň…
Et gatnatdyň,
Garaz, nätjek köp gatnatdyň,
Maşynyňy tümmekläp,
Gör, näçe güýç, gör, näçe wagt harç boldy.

Käte yzyň ýel bozup,
Käte öňüň gum bekläp,
Ahrynda bu meýdanlar torç boldy.
Akar suw dek süýşüp ýatan çägeler
Dura-bara berç boldy…

Ine şeýdip gidip barýas ikimiz,
Seniň-ä silosdan ýetipdir ýüküň.
Menem ýöne gol gowşuryp baramok,
Aýdymdan, söýgüden ýetikdir ýüküm.

Garaz, gitmeli biz, yza gaýtmaga
Seniňem hakyň ýok,
Meniňem hakym.

Garaz gitmeli biz, Ýetmeli şu gün
Sähramyzyň bereketli çöregne –
Birimiz-ä çopanlaryň goşuna,
Birimizem çopanlaryň ýüregne.

### Jeýhun ýollary

Güýz düşende hasyl alýar daýhanlar
Men bahardan garaşýaryn hasyla
...Görüň, ynha bu üm bilmez meýdanlar
Eýýam haçan örtünipdir ýaşyla
Ýapraklary giň asmandan dür inýär
Suwlanypdyr gök çemenli ýodalar
Gözýetimde salgym atyp görünýär.
Dumana bürenen ýaşyl adalar.

Amyderýa bahar gelse, toý bolar
Tokaýlary toý lybasyn geýerler
Şemal öwser, atyr seçer ýaýlalar
Şonuň üçin muňa Jeýhun diýerler.

Amyderýa bahar gelse, eçiler
Muhmanlary ýüz nygmatdan iýerler
Tolkunlaryň sahypasy açylar
Şonuň üçin muňa Jeýhun diýerler.

...Ýüz-gözleri güne ýanan adamlar
Jeýhuny gark edip gan bilen dere
Jebri-jepa muşakgaty gerdenläp,
Gämi tartyp gelipdirler bu ýere.

Gämi tartyp geçipdirler bu ýerden
Durmuş üçin, çörek üçin, erk üçin
Tolkunlaryň sahypasyn agtaryp
Okap ýörse, aňar muny her kişi.

Ine şeýdip pida bolar mazmunlar
Siziň üstüňizi örtse-de suwlar
Tolkunlaryň penjesinde bogulyp
Batan däldir, ýiten däldir arzuwlar.

Arzuw bolup akyp ýatyr bu ýerler
Şonuň üçin muňa Jeýhun diýerler.

Gör, näçe ýyllaryň düşüp yzyna
Näçe asyr umyt bilen gezildi
Ahyrynda bu düzleriň ýüzüne
Täze-täze sahypalar ýazyldy.

Bedew atly, gyzyl ýüzli adamlar
Jeýhuny gark edip gan bilen dere
Batyrgaý ädimläp, ine şu ýoldan

Gämi tartyp gelipdirler bu ýere.

Gämi tartyp gelseler-de bu ýere,
Gämi tartyp geçmediler biperwaý
Şol gämini Amyderýa gark edip,
Atalyk borçlaryn etdiler berjaý.

Men olary gözüm bilen görmedim
Gör nähili özgeripdir bu ýerler
Bir taryhy saklap ýatyr goýnunda
Şonuň üçin muňa Jeýhun diýerler.

Ine bug ün şol Jeýhunyň degresi
Örtülipdir gyzyl bilen ýaşyla
Bu ýerlere gül ekipdir atalar
Her ýyl bahar garaşyber hasyla.

**Dagda**

Gülüň nury düşýär daglaň gerşine
Çal dumana bürenipdir gaýalar
Orta ýoldan meniň bolup barşyma
Seredip dur aga, ini, uýalar...

Atyr ysly gyzyl-gyzyl düşekler
Gitdigiňçe dolup barýar her ýanym
Gelin-gyzyň sesi gelýär aşakdan
«Taýman-typman, aman-esen barýarmyň?»

- Barýandyryn…
Ýöne weli alňasap
Büdresem-de, gülüşmäň siz, uýalar
Bu ýaşynda daga çykyp bilmese,
Bu agaňyz ilden-günden uýalar.

Miwe-de bar, tikenem bar, gülem bar
Äpet-äpet daşlar ýatyr derleşip.
Şol bir belent dag gerşini nazarlap
Menem şeýdip gidip barýan dyrmyşyp.

***

Daglaryň üstünden daglar görünýär
Daglaryň astyndan akyp dur çeşme
Hat-da gara daşlar ganypdyr suwdan
Bu dagly ýollarda diňe men teşne.

Bu dagly ýollarda säher howasyn
Pyýadalap göndersem-de doýamok
Şunuň ýaly men özümi hiç haçan
Şeýle belent, şeýle eziz duýamok.

Göge uzan ýylçyr-ýylçyr gaýalar
Ýylçyr-ýylçyr gaýa bilen tapyşýar
Dumanly daşlaryň garly depesi
Gözýetimde asman bilen öpüşýär.

Täsin ýazga gözüm düşdi dessine
Dik gaýaly bir öwrüme gelemde
«Bu ýollaryň däbi şeýle gadymdan»
Daga gelseň gitmelisiň belende…

Üsti garly gatbar-gatbar gaýalar!
Serediň, siz, ne sapaly ýerler bar
Gör, neneňsi ajap görnüş alnymyz
Daglaryň üstünden daglar görünýär.

**Derýa**

Kenar uzak däldi, bardy ses ýetim
Ýarpy ýoly geçipdim men bir bada
Birdenkä garaldy-da gözýetim
Tupan turup gaý başlandy derýada.

Gomlar kä düýrlenip, käte ýazylyp
Däli derýa sallançak dek çaýkandy
Ýelkenimiň bagy şarta üzülip
Gaýyjagym tolkunlara çaýkandy.

Umyt galman gaýdyp gyra çykara
Gidip barýan akar suwuň ugruna
Gaýyk suwda doly misli okara
Gomlar barha gysyp barýar bagryna.

Şonda, dostlar, ruhdan düşmän merdana
Çykdym bilim baglap beýik ýörişe
Tolkunlary serpişdirip dört ýana
Girdim durmuş üçin ýowuz göreşe.

Hawa, men güýjümiň baryn jemledim
Sypmak üçin tolkunlaryň elinden…
Soňky demde gyra çykyp ýeňledim
Ýygdym gök kenaryň elwan gülünden.

Öpdüm her şahany, herbir ýapragy
Düşdi damjajyklar ýaňagma taýyp
Öpdüm begres geýnen ene topragy
Ah, ýaşaýyş gör, sen neneň ajaýyp.

***

Depeler,
          Öwrümler,
                    Belentler,
                              Pesler…
Äpet meýdan dymyp ýatyr syr saklap
Gidip barýar maşynymyzyň yşygy
At gaýtarym öň ýanymyzda towsaklap
«Gaz-69» - yň kabinasyndan
Uzaklar göz aýlaýan kä daýym
Gülälekleň arasyndan öwüsýän
Sähra ýeli gör neneňsi mylaýym.

Gyş günleri bu düzleriň içinde
Ygar dört tarapa ýanwar şemaly

Emma ynha aprel gelse haçan-da
Birden üýtgär gider sähra şemaly.

Börtüp çykar jümjümedir ýylaklar
Mal otlary näçe diýseň köpeler
Gaýnap çykar, oýnap böker bulaklar
Ýaşyl öwser şol görünýän depeler.

Ylgar ýörär mahmal ýaly meýdanda
Awy oňan enaýyja towşanlar
...Gidip barýan ýüzüm tutup şemala
Gör, neneň ajaýyp aýly agşamlar.

Ýol geçýär...
Ýyl geçýär dolanman yza
Öwrülemok menem yzyma bakan
Gijeler ýol berip baky gündize
Meni hem geljege äkidýär mekan.

### Muňa ömür diýerler

Muňa geçmiş diýerler,
Muňa taryh diýerler.
Arzuw bilen, gan bilen,
Ýuwulypdyr bu ýerler.
Bilmese-de bu hakda
Ýaňy doglan çagalar
Şaýat muňa ýüz ýyllap
Akyp ýatan çägeler.
...Biziň üçin taryh ol:
Bir eýýämler, bir çaklap
26 komissar, 26 gerçekler
Duşmanlaryň öňünde
Egmändirler başlaryn.
Aýlar, günler uzaldýar
Gahrymanlaň ýaşlaryn.
Muňa geçmiş diýerler,
Muňa geljek diýerler.
Muňa ölüm diýmezler,
Muňa ömür diýerler.
Guba çägäň deňinde,
Saklanamda baş egip,
Geçmiş bilen geljegi
Ýatladyp dur bu ýerler...

### Juwanlyk çagym

Ömrümiň diregi,
Howaly dagym!
Ömrümiň ýüregi,
Miwelän bagym!
Ne beýle howlugýaň, eglen sen entek,
Eşretli, sapaly, juwanlyk çagym!

Jeýhun derýa kimin akyp dur ýyllar
Uzaklarda ýary gujak açýan dek.
Agyr kerwenini çekip dur ýyllar,
Sen näme howlugýaň, göçüň geçýän dek.

Eglen, dostum, seniň bilen işim bar,
Entek gurmaly men, döretmeli men.
Ýüregimde hyjuwym bar, joşum bar,
Çölüstan sährany gül etmeli men.

Ýaňja habar gatdym bir gözel gyza,
Ne jogap bererkä ol galam gaşym!
Ýyllaryň öňünde çökäýme dyza,
Ýyllara ýan berme, belent tut başyň.

Ömrümiň diregi,
howaly dagym!
Ömrümiň ýüregi,
Miweli bagym!
Keminden ýüz ýyllap ýoldaş bol maňa,
Eşretli, sapaly, juwanlyk çagym!

**Uniwersitet ýyllary**

Saýrak etdiň dilleri,
Berk guşadyň billeri,
Gel, indi elleşip, hoşlaşaly biz.
Uniwersitet ýyllary,
Hem ajy, hem süýji
Senden aýrylmak.
Bu gün hem gaýgyly, hem şadyýan men,
Uzak hem şöhratly ýola ugraýan
Ýolagçy men,
Bir gijelik myhman men.

Hoş gal, aladaly, sapaly ýyllar,
Hoş gal, eziz mekan – ylymlar bagy.
Ukusyz gijeler, argynly günler,
Hoş gal, juwanlygyň sapaly çagy.

Arzuw bilen geçen ýaz hem gyşlarym,
Hoş gal, mugallymlar, deňi-duşlarym.
Egsilmejek gujur berdiň, bagt berdiň,
Göreç berdiň inçe zady duýmaga.
Edep berdiň, abraý berdiň, at berdiň
Ýürek berdiň adamlary söýmäge
Ylymyň şöhratly ýoluny geçip,
Student bolardym, dostlar, hemişe.
Arman, gujagyny uludan açyp,
Dogduk obam meni çagyrýar işe.

Saýrak etdiň dilleri,
Berk guşadym billeri,
Gel, hoşlaşaly biz,
Uniwersitet ýyllary.

**Güzere geldi**

Bir bölejik bulut oýnap howada
Ýaz ýagşy gülleri ezere geldi
Guşlar ganat kakyp däli derýada
Ýaşylbaş sonalar ýüzere geldi.

Al öwüsdi gülälekli giň meýdan
Gül ýuwulyp, atyr seçdi gülüstan
Bulutlar syrypyp, gülende asman
Göwün yşk meýlinde gezere geldi.

Mallaryn ýaýradyp sag bilen sola
Çopan ýigit çümen çagy hyýala
Ketenisin şowurdadyp şemala
Bir çarwa gözeli güzere geldi.

Arzuw ganatlanyp ýürek joşanda
Jeýhun-da seslenip, dolup daşanda
Aşyk çopan söýgülsine duşanda
Şahyram şatlanyp, ýazara geldi.

## Ýyldan ogrynça

Gülüm duşuşmaga söz berdi maňa
Duýdurman gel diýdi. Geldim ogrynça
Çalaja tolgunyp, garaşdym oňa
Bilbile duýdurman gülden ogrynça.

Dolan aý ýalbyrap, asmana galdy
Kümüş şöhlesini her ýana saldy
Gülüm gyzyl geýnip, gujagma doldy
Sypadym zülpüni ýelden ogrynça.

Çal bulutlar pytyrap, syryldy perde
Bahar ýeli oýun gurdy bar ýerde
Menem gül içinde-çolaja ýerde
Öpdüm söýgülimi ilden ogrynça.

Bagt bilen balkyldap ýarymyň gözi
Bagyň güli ýaly görkberdi gözi
... Ýok, garradyp bilmez ýyllar hem bizi
Ýaşaýas ýar bulen ýyldan ogrynça.

## Seniň aýdymyň

Söýgi bilen dolumydy kükregiň
Ýa-da özüň durşuň bilen söýgümi
Ygşyldadyp gülälekleň ýapragyn
Durmuş berdi maňa seniň aýdymyň.

Hasrat bilen dolumydy gözleriň
Ýa-da özüň doňup galan gaýgymyň?
Ygtyýarym elden alyp sözleriň
Meni derde goýdy seniň aýdymyň.

Ýa şatlyga ýugruldymy ýüregiň
Ýa baharlar joşup akýan derýamyň?
Seni diňläp hem söýgüden, hem gandan
Hem şatlykdan doldy meniň çar ýanym.

Göý, ýaşsyn aýdym!-Seniň aýdymyň
Ömrüm boýy, gel, çalaýyn sazy men
Diňe seniň aýdymlaryň özi üçin
Bu dünýäden müň bir gezek razy men.

**Şasenem Kerimowa**

Seni ilki gezek diňläp oturşym
Geldiň-de, sen bilbil bolup saýradyň
Saýradyň-da...
Bizi topbagmyz bilen
Bir salymda ýer şaryna aýladyň

Ak ýelkenli gaýyklarda ýüzdük biz
Şatlyk derýasyny,
Hasrat deňzini.
Perenjesin bir ýan serpip görkezdiň
Pars gelniniň gün görmedik meňzini

Şärik etdiň Şatlyklara , gamlara
Aýlap- aýlap göreşleriň ýurduny
Men bidertdim
Meniň egnimde bu ullakan Ýer şarynyň derdini

Aýdymmydyr bu zatlar hemmesi?..
Ýok,sen hakykaty edersiň aýan
Bir ýerde bir gözel aýdym bar bolsa
Ol aýdymam seniň özüňsiň, uýam

**Aýdylmadyk sözler**

Seniň ýok wagtyňda seni taryplap
Gijeler ýatmadym goşgular goşdum
Sen maňa mydama bolsaňam ýakyn
Seniň yanyňdakam sen maňa daşdyň

Zöhre ýyldyzy dek alysdyň menden
Mawy gözýetimden salardyň ýerden
Yzrlap,yzarlap, barsamam, ýene
Güýçlenerdi derdim
Gowşardy erkim

Ýygralyk boldumy, ýaşlyk boldumy
Sadalyk boldumy...bir zada boldy
Ýyllar boýy ýüregimde ýer eden,
Aýdylmaly sözler aýdylman galdy

Aýdylmadyk sözler bilen ulalyp,
Aýdylmadyk sözler bilen söýdüm men
Ahyr olar böwsüp çykdy ýüregmi
Ýasadym olardan ajap aýdym men

Ol aýdymy diňläp görseň her haçan
Bagt dumany gaplap alar seriňi.
Aýdylmadyk sözler aýdarlar saňa
Bir ýürek däl, ýüz ýüregiň syryny

Söýmeseň-de alabahar gary dek,
Pagyş-para eräp, dişlärsiň barmak
Meniň üçin ajaýyp bir ýeňişdir.
Daş dek bir ýüregiň ereýşin görmek.

## Gel, otur gaşymda

Gel, otur gaşymda,
Aýlanyp daşyňda,
Seniň ak ýüzüňe bakaýyn kemsiz.
Galmadym takadym,
Her günüm, sagadym,
Gara gözli ýarym, geçmesin sensiz.

Bir seret, baharyň jemalyna sen,
Güller täzelenýär gün-günden beter
Bulutsyz asmanyň açyk göwsünden
Durnalar geçip dur hatarma-hatar.
Gel, otur gaşymda
Aýlanyp daşyňda
Seniň aý ýüzüňe bakaýyn kemsiz
Durna geçse geçsin
Her ne geçse geçsn
Ýöne meniň durnam geçmesin sensiz

Ömrüň waspyn edip saýrasyn diller
Saýrak dili berdi bize zamana
Dünýä inenime geçdi kän ýyllar
Duýmandyryn, düýn inen dek hamana.

Gel, otur gaşymda
Aýlanyp daşyňda
Seniň aý ýüzüňe bakaýyn kemsiz
Durna geçse geçsin
Ömür geçse geçsin
Ýöne meniň durnam uçmasyn sensiz
Ýöne meniň ömrüm geçmesin sensiz.

***

Şol gözele duşanymda şu gezek:
- Sözüm diňle – diýdim.
- Sözlegin – diýdi.
Diýdim: – Gülüm, beýle örteme uzak.
-Gülüňi daşrakdan gözlegin – diýdi.
Diýdim: - Sen görküsiň ähli gülleriň.
-Sen nämeler diýýäň, goý, oglan – diýdi.
Diýdim: - Sagym sagýan akja gollaryň…
-Diýjegiňi açygrak diý, oglan – diýdi.
-Sen meni söýermiň, perizat – diýdim.
Gyz ýaýkap başyny: - Söýmerin – diýdi.
Bu ýöne bir söýgi däl, bu bir ot – diýdim,
Gyz çytyp gaşyny – Köýmerin – diýdi.

Diýdim: - Ýürek joşýar misli bir derýa,
Gyz oýnap saçyny: - Ýüzmerin – diýdi.
Diýdim: - Bar umydym inçelip barýa,

Gyz dişläp dilini:
-Üzmerin – diýdi.

### Geplejek boldy

Bir suw joş alyp, Böwet aganda,
Bir gyz gelip suwy saklajak boldy.
Eline pil alyp gum çeke-çeke,
Böwedi täzeden beklejek boldy.

Ýakynlaşjak bolsaň ýabyň çemine,
Suw joşguny çekip barýar demine,
Gyz aljyrap, läbik suwuň öňüne
Özüni oklajak, oklajak boldy.

Başlyk meni görüp: - Ýetsene – diýdi –
-Ýandak orup, basyň üstüne – diýdi.
Gyzdan pil sorasam – Git-se-ne – diýdi,
Bu işden elini çekmejek boldy.

Hars urup işledim, böwet bekledim,
Gyz: - Arma – diýdi-de birden saklandy.
Diýdim: - Bar bol, asyl armaryn indi...
Gyz utanyp maňa bakmajak boldy.

Bulut pytrap, asman perdesin syrdy,
-Indi gidäý – diýip, gözel ýylgyrdy,
Diýdim: - Gitmek bolmaz, başlyk iberdi,
Gyz gülüp geplejek, geplejek boldy...

### Gündogar bulwary

Ýene nurun seçdi synsyz yşyklar,
Ýene öwşün atdy Gündogar bulwar.
Gysmyljyrap otyr juwan aşyklar,
Hersiniň elinde bir desse gül bar.

Menem peýwagtyma aýlanyp ýörün,
Tutup oguljygmyň akja elinden.
Ýöne gözlerimi aýryp bilemok
Gyzlaň elindäki bahar gülünden.

Şeýle ter gülleri, elwan gülleri
Bir mahal maňa-da beripdi bir gyz.
Eý, ilkinji söýgiň ajap ýyllary,
Unudup bilmeýän men seni hergiz?!

... Student ýigitdim. Gymmat bahaly
Sowgatlar äbermek meň üçin ýatdy.
Gijeler döredýän goşgularymdan
Başga bir ullakan baýlygym ýokdy.

Men goşgy ýazýardym, sen bolsaň her gün
Bahar güllerinden baglardyň çemen.
Gör, neneňsi gözel,
Gör neneň ter gül!
Synlap, sil suwy dek joşardym menem...

Ýürek bardy bu gülleriň içinde,
Posa bardy bu gülleriň içinde,
... Şeýdip ilki söýgiň gudratyna men
Göz ýetirdim bu günleriň içinde.

Indi näme?..
Geçip giden ýanwarlar
Doňdurypmy ýürekleriň gabygyn?
Posa bilen ýaňlandyrlan bulwarlar,
Sizden maňa orun ýokmy ýa bu gün?

Zyýany ýok. Goý bolmasa bolmasyn,
Aşyklara orun berseň, bes maňa.
Ynha meniň eziz oglum jonkuldap,
Ýetip barýar ýigitligiň paslyna.

Baýyrlardan ýygyp bahar güllerin,
Ynha ol-da gurup berer toý bize.
Ilkinji söýginiň ajap ýyllary
Ýene gaýdyp geler biziň öýmüze.

Ýene nurun seçer sansyz yşyklar,
Ýene öwşün atar Gündogar bulwar.
Ynsan garrasa-da, garramaz göwün,
Baglar garrasa-da, bahar bar, gül bar...

## Mydamalyk galalyň

Daşy ýaryp çykan al-ýaşyl otlar
Silkindi-de, atyr seçdi şo bada.
Ýazyldy-da ýüpek ýaly ganatlar,
Iki laçyn gaýyp gitdi howada.
Iki laçyn ganat ýaýyp oýnady,
Iki laçyn oýnamadan doýmady.

Biri diýdi: «Gör ne ajap bu asman,
Gel gadyrdan ýadaýançak gaýaly».
Biri diýdi: «Çekilmäli yza biz,
Gök asmanda mydamalyk galaly...».

Sazaklaryň kölgesinden ürküşip,
Depelerden, ýapylardan ötdüler,
Aý aýdyňda iki jeren tirkeşip,
Ahyrynda akar suwa ýetdiler.
Iki jeren ylgap-ylgap oýnady,
Iki jeren gök kenardan doýmady.

Biri diýdi: «Gör ne ajap bu meýdan,
Akar suwly, gülli, salkyn saýaly ».
Biri diýdi: «çekilmäli yza biz
Şu bossanda mydamalyk galaly…».

Oýandym-da daşa çykdym ir bilen,
Dury howa. Hezil edip ýaýnadym.

Säher çagy suwa gelen gyz bilen,
Gül ýygyşyp, çemen baglap oýnadym.

Diýdim: «gözel dünýä, ne gözel zaman,
Gülgün bahar, gülüstanly, läleli ».
Ýürek diýdi: «çekilmäli yza biz
Şu bossanda mydamalyk galaly…».

### Ykbal

Ençe gezek geçip gitdiň ýanymdan
Ençe gezek geçip gitdiň şowurdap.
Ahyr bir gün ykbal bizi duşurdy
Gülüp bakdyň...
Egniňdäki keteniň
Aý nuruna öwşün atdy lowurdap.

Emma duşuşygmyz çekmedi köpe,
Biziň garşymyza çykdy bir betpäl.
Bat berip gybata, töhmetli gepe
Sümsünip gezýänler henizem gyt däl.
Ýöne biz dönmedik, gitmedik çepe,
Şeýdip ýene bizi duşurdy ykbal.

Bir gün duşuşyga wagtynda gelmän,
Meni entedipdiň wadaly ýerde.
Menem üç-dört gezek salamyň alaman,
Arym alyp seni goýupdym derde.
Bilýän şonuň üçin aglansyň hökman,
Doňňarlyp köp gezdiň ýüzüme bakman.

Ýene-de daň atdy, gün çykdy parlap,
Garlar eräp, çaý-çeşmeler joş urdy.
Bir azajyk eýläk-beýläk silterläp,
Ýene ykbal ikimizi duşurdy.
Ýene meni gyzdyrdyň sen gün ýaly,
Ýene gördüm gözleriňde dünýäni.

Şeýdip döretdik biz täze bir ykbal.
Döredi ol söýgi bilen aýdymdan.
Seniň üçin,
Seni söýüşim ýaly,
Bu ykbaly ýürek bilen söýdüm men.

Ynanýan ýaz geçip, össe-de şemal,
Bägül şahalaryň gaňyryp bilmez.
Seni meniň bilen duşuran ykbal
Meni senden hiç wagt aýyryp bilmez.

### Göwnüm seni küýseýär

Käte ýalňyzlykda otursam özüm,
Käte gaharlanyp, çytylsa ýüzüm,
Käte ukym gelip, ýumulsa gözüm,
Teşne ýürek jemalyňa suwsaýar,
Gara gözlim, göwnüm seni küýseýär.

Güreşlerde gujur bilen baglansam,
Üýşmeleňde alkyş bilen ýatlansam,
Arzuwlarym göge galyp şatlansam,
Ýa-da hasrat ýürek-bagrym gyýsa, ýar!
Gara gözlim, göwnüm seni küýseýär.

Bahar geler, güller bilen şaýlanyp,
Seýran etsek baýyrlary aýlanyp,
Akja bulut «Ýagsammy» diýip oýlanyp,
Çagba gelip suw –sil edip guýsa, ýar,
Gara gözlim, göwnüm seni küýseýär.

Meýdana ýazylypdyr bahar halysy,
Gel, bile keşt etsek ýakyn-alysy,
Maňa at goýdular: «Yşkyň dälisi».
Men nädeýin ýürek şeýle söýse, ýar!
Gara gözlim, göwnüm seni küýseýär.

### Toýda okalan goşgy

Özlerine ogul gerek bolaýsa,
Gyz hem bolsa, ogul gerek diýerler.
Gundaglyja aglap ýatan bäbegi
Ogul gerek, oglum diýip, söýerler.

Şonuň üçin dünýä inen badyna,
Ogulgerek dakypdyrlar adyna.
Ogulgerek dakypdyrlar adyna,
Tutar ýaly ogullaryň deregin.
Bah, olar nireden bilsin ahyry,
Biziň ussamyza gyzyň geregin.

Ogul hem gerekli, Ogulgeregem,
Geliň dostlar, götereli tosty biz.
Hem-ä söýülýänleň, hemem söýenleň-
Aşyk-magşuklaryň söwer dosty biz.

Gyzjagazlar bolsun ekiz-ekizden,
Ogullarnyň her birisi ner bolsun.
Bu dünýäde armanyň nä köpelseň,
Esasy zat-agyzlary bir bolsun.

Bulaň bary bolar gider kem-kemden,
Ir entekler bu barada oýlanmak.
Ilkinji tost çyn söýginiň saglygyna.
Ýaşasyn dünýäde söýüp öýlenmek!

### Dünýägözel

Haýran galýan garap saňa,
Beýdip kime ýaranjak sen.
Ýaşmak bilen agzyň sarap,
Bürelipsiň bürenjek sen.

Göreýin welin, obadaşym,
Alypdyrlar ygtyýaryň.
Nirde galdy arzuwlaryň,

Nirde galdy söwer ýarym?!

Nähili geň ýolagçy sen,
Ýörüş etdiň haýsy ýana?
Biziň tämiz howamyzdan,
Dem alaňok ine-gana.

...wagonmyzyň aýnasyndan
Bakyp çölüň jemalyna,
Gidip barýan ýüzüm tutup,
Sähramyzyň şemalyna.

Wagonmyzyň aýnasynda,
Seret senem Dünýägözel!
Seret, uýam, töweregiňe,
Durmuş gözel dünýä gözel...

## Degişme

Taryplap bir gyzyň ap-ak ýüzüni,
- Aý aýdyň agşamlaň aýy-diýdiler.
- Göwnüň göge galar, görseň gözüni,
Gaşy Göroglynyň ýaýy-diýdiler.

- goýny baharmyşyn, güller açýarmyş,
gepe çepermişin, dürler seçýärmiş,
kirpigi ýürekden parran geçýärmiş,
boýuna mynasyp buýny-diýdiler.

- Erk edip ýanyna barardym-diýsem,
- Aý dek jemalyny görerdim-diýsem,
- Mežnun dek ugrunda ýörerdim-disem,
- Ol hem Leýli gyzyň taýy-diýdiler.

- Gül açan bagynyň nary bar eken,
Ak altyn öndürýän käni bär eken,
Şahyr Halyl atly ýary bar eken,
Şu gün şol gözeliň toýy-diýdiler.

## Oglanjyk

Ýüz-gözleri güne köýen oglanjyk,
Garagumuň mährin duýan oglanjyk,
Aladaňam bordy özüňe ýetik,
Şatlygyňam bardy özüňe ýetik,
Diňe arzuwlaryň senden ulydy.
Sen olaň yzyndan bilemezdiň ýetip.

Arzuwlary göge uçan oglanjyk,
Amyderýaň suwun içen oglanjyk,
Bir seretesem, galyp sen uzakda,
Menden jyda düşdiň haçan, oglanjyk?

Sen ulaldyň arzywlaram ulaldy,
Aladalar, şatlyklaram ulaldy...
- Bu zatlary görýäňmi?-

diýip gygyrdym,
saňa ses ýetmedi...
sesim ýel aldy.
Şeýdip menden jyda düşdiň, oglanjyk.
Diňe alyp galdym ýürek adyňy.
Duşumyzdan geçip barýar aý-günler
Gaýdyp bermez eken alan zadyny.
Goý bermesin,
Ýöne welin men seni
Görkezmäge bütin ile-ulusa
Seniň arassaja çaga ýüregiňi
Äkiderin alyslardan-alysa.

## Gijeler uzyn

-iller eýýäm ýatdy,
Aý bolsa batdy.
Senem uklap, dynjyň al ahyr, guzym!
Ogly jogap berýär:
-Howlukma, eje,
Ýatmaga pursat bar-gijeler uzyn.
Gije bolsa geçip barýar bildirmän,
Ýeliň öwsüp, suwuň akyşy ýaly.
Birdenkä
Kürsäp girýär içerik
Säheriň arassa çygly şemaly.
Ymyzganan ene
Seslenýär ýene:
-Gije geçip barýar, ýat ahyr guzym.
-Howlukma, eje,
Onsuzam köp ýatýas, gijeler uzyn.

## GYŞ

Synlaýan, synlaýan belendi-pesi,
Gözüm gidýär, dostlar, akja düşege.
Ýel bilen sowrulýan garyň tozgasy
Ýerden göge uçýar, kökden aşaga.
...Salam, saňa pasyllaryň baýrysy,
Ak içmekli, ak sakally, gyş aga.

Keşt edip geldiňmi ýene düzüme,
Gutly bolsun seniň ajasp seýranyň,
Ýöne bir zat diýjek göni ýüzüňe,
Köp wagt bäri men-ä seniň haýranyň.

Gojalsaň-da saç - sakalyň agaryp,
Ýigrimbäşiň dälisi dek görküň bar.
Tapdan düşüp galmaýarsyň gugaryp,
Ýüregiňde hyjuwyň bar, erkiň bar.

Keşt edýäň, aýlanýaň depe-düzleri,
Hiňlenjiräp göreş tutýaň ýel bilen.
Köp görensiň biz dek ogul –gyzary,
Gidişýärsiň asyr bilen, ýyl bilen.

Diňe ýüreginde ot bolan adam

Wagt öňünde başyn egmez aşaga.
...Seniňki dek şeýle täsin garrylyk,
Goý hemmä-de nesip etsin gyş aga.

### Säher salamy

Ýalňyz günüň sora ýalňyzlygyňdan,
Gamgyn günüň sora gamgynlygyňdan,
Güneşden, ýeňişden, aýdymdan sora,
Olar saňa habar ýetirer menden...

### Atalardan ýadygär

Oktýabr-meniň ruhum, ylhamym,
Oktýabr-meniň güýjüm, gudratym.
Ençeme ýyl bäri görkezip gelýän
Men şu güýjüň, şu ylhamyň gudratyn.

Oktýabr- meniň eziz Watanym,
Oktýabr-meniň sarsmaz niýetim.
Ýene-de görkezjek bütin dünýä men,
Şu Watanyň, şu niýetiň gudratyn.

Garly okoplarda atyryp daňy,
Eý esgert, duşmana ot seçen wagtyň,
Ganly jeňňellerde ýyldyrym bolup,
Zarbyndan güýj alyp tutuşan bagtym.

Mähriban enäniň sallançagynda,
Eziz çaga bolup üwrelýän wagtym,
Merdana atanyň goş haltasynda
Meniň bagtym üçin göterlen bagtym.

Bu bagt-bu erkana, azat ýaşaýyş
Meniň gözel ruhum, güýjüm, gudratym
Ençeme ýyl bäri görkezip gelýän
Men şu güýjüň, şu ylhamyň gudratyn.

Oktýabr-meniň eziz Watanym,
Lenin partiýasy-sarsmaz niýetim,
Ýene-de görkezjek bütin dünýä men,
Şu Watanyň şu partiýaň gudratyn.

Köneleriň el ýetmeýän arzuwy,
Atalardan ogullara ýadygär,
Dostlar bu aýdymy diňlemek gowy
Bu aýsymlarda millionlaryň bady bar.

Söweşlerde gülle bilen ýazyldy,
Bu beýik aýdymyň ilkinji bendi.
Soňra bolsa sähralarda ýaňlanyp,
Baharlar bark uryan gülzara döndi.

Bu aýdymy okoplarda aýtydlar,
Gyşyna gar, bägül boldy ýazyna.
Esger gelenden soň öz aýdymyny
Aýdyp berdi ogulyna gyzyna.

Bu aýdymda ýürekelriň şady bar,
Bu aýdymda millionlaryň bady bar.
Oktýabr aýdymy –
Dürdäne mukam,
Lenin babamyzdan galan ýadygär!

### Ugramak

Öz işime gümra bolup, oýlanyp,
Gezip ýörün başym salyp ýere men.
Ertir irden ugrasam-da aýlanyp,
Agşamara gaýdyp gelýän ýene men.

Sesýetimden uzakda däl öwrümim,
Şeýdip ýol salýan her gün, aýy.
Sähralarda bolsa otlar gögerip,
Depe-düzler geýinipdir daraýy.

Derýalarda bolsa çakyşyp gomlar,
Aýdymlar aýdylýar, çalynýar mukam.
Gülli, gülälekli ýaşyl meýdanlar,
Gol bulap çagyrýar özüne bakan.

Öz işime gümra bolup, oýlanyp,
Gezip ýörün başym salyp ýere men.
Ertir irden ugrasam-da aýlanyp,
Agşamara gaýdyp gelýän ýene men.

Gön çyksa-da, gar ýagsa-da şubela,
Ne ýanýan, ne doňýan, ne-de ereýän.
Şol bir işim bilen bolup mübtela,
Ne-hä bir döredýän ne-de döreýän.

Asmanda aýlanyp akja bulutlat,
Ganat gerýär ýakymlyja şemala.
Besdr indi wagt ýetdi maňa-da,
Bilimi berk guşap düşeýin ýola.

Daň-säheriň düzüm-düzüm çyglary,
Merjen dek buldurap atanda öwşün.
Sähralarda galyp aýak yzlary,
Ýaz damjasy bilen ýuwulsyn köwşüm...

### Sähralar

Aýdym aýtsam ses ýetimden giňsiň sen,
Gursagy buýsançdan doly sähralar.
Asyrlaryň gan-derine eýlenen,
Topraga düşelen haly sähralar.

Dünýä inerime garaşyp ilki,
Intizar bakandyr ýoluma belki,
Oglumyň ak ýoly, gyzymyň görki,
Atamyň namysy, ary sähralar.

Bedew atlaň jylawyny ýazdyran,
Ilersi, gaýrasy bary saz duran,
Tarypyňda duşman gözüň gyzdyran,
Ýetimiň, garybyň maly sähralar.

Ak çagasyn gujagynda ýatyryp,
Ak arzuwdan ak daňyny atyryp,
Ak çägeli çal başyny göterip,
Göwsünden akdyran sili sähralar.

Merde buysanç, ejizlere müýnsüň sen,
Söýmedige, bilmedige kynsyň sen,
Aýdym aýtsam, ses ýeterden giňsiň sen,
Giňden giň düşelen haly sähralar.

**Edepli oglan**

Säher çagy sygryň
Säher dek süýdi
Her gün oglanjyga bererdi medet.
Enesdi diýerdi: <<Şeýdip ir bilen
Süýtjagazdan ganmak ullakan edep>>.

Edepli oglanjyk beýgelip bir gez
Joňkuldap ugrardy işine sary
Işläp bilmese-de ullar5 kimin,
Ýadardy ol edil ulular ýaly.

Ýadasa-da,
Ýalansa-da,
Ýan bermän,
Tä lüti çykynça ederdi kömek.
Agşamlyk enesi şeýle diýerdi:
”Ulyny sylamak ullakan edep“.

Gijelerne asyl düýş görmezdi ol,
Bir gijäni bir engine ýatardy.
Gaty az ýalydy edilen işler,
Edilmeli işler hatar-hatardy.

Edilmeli işler hatar-hatardy.
Gowgaly jeň diýseň ondanam hatar
..Üç aý bäri kakasyndan habar ýok
Ine, şu dert welin baryndan beter.

<<Öldi>> diýlen, <<geldi>> diýlen habarlar
Geçerdi-de köçelerden heň edip,
Sowulardy hersi öýli-öýüne,
Günler bir-birinden ägirtdi-ägirt

Her neneň bolsa-da ak gyňaç ene
Tokar agtygyna bererdi medet
- Garaş, ynha kakaň geler diýmän
Sabyrly bolmaklyk ullakan edep.
..ine şeýle geçdi biziň ýaşlygmyz

Sapak kynam bolsa, öwrendik dürs
Ýalynly ýyllarda oda öwrülen
Gaty edeplije oglnalardyrys.

**Goja aladasy**

Oglyny uruşa ýollanda goja
Bir dem oýa batdy,
Dikeldip katdyn.
Deň-duşlary diýdi
<<Ýer-ow sakgaldaş,
Otüki nämäniň pikrine batdyň?

Ýa-da aýralygy görýärmiň kynrak,
Ýa göwnüň ýetmejek bolýarmy merde?
Il deňinde durjak ineriň barka,
Nämäniň pikrini etdiň bu ýerde?>>

Goja ýylgyrdy-da,
Ýaýkady başyn
<<tapaýmaňyz bar-ow şeýle bir zady
Aýamak üçin däl guwanmak üçin
Ösdürýändir her bir ata zürýady.

Kyn pursatda gurbat berer biline
Watan saçagyndan iýen bugdaýy,
Ýöne welin men bilmedim o taýda
Neneňsikä geýim-gejim ýagdaýy.

Biçimde barmyka muňa laýygy,
Penalanar ýaly ygaldan, gardan.
Kemsiz-kössüz ýüňi ýeten zaňňardyr,
Çäkmeniň içine sygyp ýör zordan...>>

**Hat**

<<Hat gelmedi>> diýip çekmegin gussa,
Gaýtam garaş öňküdenem on esse.
Mendirin- şol alabahar günleri
Agaçlar pyntyklap,
Şemal öwüsse.

Oglanlaň köpüsi barandyr gaýdyp,
Sorasaň, salamym bererler aýdyp,
Bardyryn men,
Ýaşap ýörün sag-aman
Göwnüňe getirme ýokduryn öýdüp.

Ýalňyz günüň sora ýalňyzlygyňdan,
Gamgyn günüň sora gamgynlygyňdan,
Güneşden, ýeňişden , aýdymdan sora,
Olar saňa habar ýetirer menden...

Ýene- de nämeler aýtsamkam saňa,

Şeýle bir gürrüň kän aýdyp-diýere,
...Gije ornun berip gyrawly daňa,
Ýene bahar geldi biziň bu ýere.

Yranyşyp berýozlaň şahasy,
Aýdyma başlardy telleri bilen,
Örtüldi üstümiz al-elwan bolup,
Eneleň getiren gülleri bilen.

Boýny galstukly sakçylar gelýär,
Gülleň terligini saklamak üçin.
Ter gülleri-ter dünýäni syn edip,
Aýlanyp ýörüs biz älemiň üçin.

Gursagy nygma\tly pasyllar
Gelýär,
Ilkinji sowgadyn bagryna basyp,
Ine, şeýdip ýaşap ýörüs müdimi,
Dünýäniň sesine biz gulak asyp.

Bilýän hat gelmesi kesildi diýip,
Gijeler, gündizler garaşansyň sen,

Berjaý edip ýörkäm soňky
buýrugy...
bu haty ýazmaga ýetişmedim men.

**1946**

Eşeklimi, düýelimi, atlymy,
Horjunlymy, haltalymy, zatlymy.

Pişekşlimi, pişeksizmi, pyýada...
Hemmesin bir demde bilmersiň aýdyp.
Günüň deň ýarysy geçip-geçmänkä,
Bazara gidenler gelerdi gaýdyp.

Buýunlary sapak ýaly bezatlar,
Olaryň öňünde tutuş bir goşun.
Sesýetim meýdandan durup nyzama
Taýýarylyk görerler almaga daşyn.

- kakam gelýär – diýip gygyrýar biri,
Biz oňa sargadyk künjili halwa.
Ejeme täzeje çit köýnek bilen,
Jigim ikimize bir gyzyl alma.

- Agam gelýär – diýip gygyrýar biri,
Men oňa sargapdym owadan çeňňek.
Eger-de şol çeňňek getirlen bolsa,
Şu ýerden gönüläp Şaýaba eňjek.

Menem nöker bu goşunyň içinde,
Hiç kimseden gaýry durman elbetde.
Gygyrardym <<Gelýärler-ä, gelýärler...>>
Emma welin gygyrardym bir çetde.

**Keýmir Körüň ýigitleriniň biri**
**Warryk Batyryň çowlugy Warrygyň**
**Hekaýaty**
**(degişme)**

Gir gün Warryk gaýdyp geldi uruşdan,
Görmäge göz gerek döşi medally.
Doldy töweregi şat ýylgyryşdan
<<Biý-ä ýigit bolaýpdyr edaly,
Görsene, gyz, döşündäki medaly!

Oturup-turşuna etseňizläň syn,
Şinelem özüňe tikilen ýaly...>>
Bu sözleri eşden bolmagy mümkin.
Birden üýtgäp gitdi Warrygyň haly,
Sypaşdyrdy döşündäki medaly:

“Bir gezek Polşanyň araçäginde
Faşistlere garşy açanymyzda ot,
Sümme tokaýlygyň aňry çetinde
Çykdy garşymyza ýetmiş pulemýot,
Asmanda-da... ýene şonça samalýot

Ýigitlere buýruk berdim şol zaman,
Ýok etmeli ýerden gelen belany.
Yzlaryna şaýradýança aýamaň!
Özüm bir zat etjek borun howany.
Gyryberiň, ot ýatyran mysaly!

Şeý diýdim-de bombalary ýekme-ýek
Gapaga-da zyňyberdim yzyna.
Günortana çenli baryn edip hek,
Faşistleri çökerdik biz dyzyna.
Bombalary zyňyberdim yzyna...”

“Bir gezek”, “bir gezek…”
“Ýene bir gezek”
Asyl bu gezekleň gelmedi ardy.
Ýeňiş býilen tamam boldy “her gezek”.
Ne yza çekildi,
Ne-de bir ardy.
...Medalynyň welin taryhy bardy:

Bir gün çekilmeli bolanda yza,
Geldi Warryk begiň gaty gahary.
Ot-ýalynyň gaý-tupanyň içinden
Alyp çykdy iki bedre nahary,
Gazaply ýanwaryň sowuk säheri.

Edermen aşpeziň eden işine
Köpler haýran galyp, agzyn açdylar.
Gutlap,
Medal dakyp onuň döşüne,
Ýylyja nahary deň paýlaşdylar.

Tutuş rota bolup deň paýlaşdylar.

...Pyňkyrdylar obaň käbir gyzlary,
Bu üýtgeşik gülkä bolmady çydap.
- Kellesine ok degeni “çyn” eken.
Gahryman bolupdyr bulamak bulap,
Bu üýtgeşik gülkä bolmady çydap...

Gülüň, gyzlar, gülüň!
Ýöne bir zady
Siziňem mazaly bilmegňiz gerek.
Şol gün şöhratlandy Warrygyň ady:
Hüjüme başlady müňlere derek
Onuň duzun iýen bir rota ýürek.

## Gyzyl oduň sakasynda

Aşgabatda ýer titirän gijesi Nurgeldi
Meredow şäheriň elektrik stansiýasyndaky
Maşynlary öz wagtynda ýatyryp,
Aýylganç ýangynyň öňüni aldy.

Bar zady sem edip zemin gürleýär,
Zeminiň elinde ynsan ýakasy.
...Alty maşyn alty ýerde arlaýar,
Ine saňa gyzyl oduň sakasy!

Ýer astyndan,
Ýer üstünden, bar ýerden
Ýyldyz bolup, ýanyp bakýar göreçler.
Sekuntlar geçmesin bes edýär bir dem,
Sekuntlar... sekuntlar... Otly göreşler
Asmanam görnenok göge seretseň,
Zeminem görnenok ýere seretseň,
Tümlükden seredýär sansyz göreçler:
- Postuňda barmysyň, Nurgeldi ussa?

- Nurgeldi ussa...
- Nurgeldi ussa...
Häzir senden bihabar bar Aşgabat.
Ýöne ot paýlaýan maşyna tarap,
Ümzük atýaň, ussam, bilmän başga zat.

Ýalynmy, kömürmi, tozanmy, tüsse...
Uçgunlar syçraýar ot galasyndan.
- Sen özüň saklaber, Nurgeldi ussa,
Agzyn açyp gelen ot belasyndan!

Mertleriňem merdi bardyr jahanda,
Şeýle mertler baky ömür döreder...
Şo mertligiň şaýatlary elmydam:
Mertleriň merdi-diýip, saňa sereder.

## Zähmet mugallymy

Jaň kakylýar,
Hemme ylgar daşaryk,
Saňa garaşýandyr orakdyr piller.
Bir ýanyň gök begres,
Bir ýanda bolsa
Gyş suwundan ganan atyzlar, peller.

Zähmet mugallymy başlar başyny.
(onuň bar maksady tälim bermekdir).
Ýene şol bir sapak,
Öňki sapakdyr:
Eliňe pil alyp ýer agdarmakdyr.

Işläber tijen-de, işläsiň gelse,
Ynha ýer,
Ynha pil,
Ynha-da ýaşlyk.
“Ikiligňem” bilmez, zadyňam bilmez,
Işlemeseň, zat ýok
Işleseň, “bäşlik”.

Işlemeseň, känbir käýäbem durmaz,
Özi işläberer, edip durmaz syn.
Şeýle sorag bolup durar kämahal:
- Täze sapak geçjek dälmi, mugallym?

Şonda welin dikiler-de mugallym,
Diýer:
- Eý siz bagtly günde doglanlar.
Şu – eziz, mukaddes toprakdan başga –
Başga neneň sapak bolsun,
Oglanlar!

**Çörek dükanynda**

Çörek dükanynda hatarma-hatar
Çörekmi, kökemi, külçemi, petir.
Murtlary gyrawly Mädemin aga,
Gelene-gidene nan paýlap otyr.

- Essalawmaleýkim! Bir kilo köke.
Waleýkimessalam, “bir kilo köke!”
- Sag-aman ördiňmi,
- Sag-amanlykmy?
- Özüňem arma-da, Mädemin kaka!

Tanyşmy, nätanyş,
Ulymy, kiçi,
Parhy ýok, bu ýere gelmeli hökman,
Admlar-a muňa gelmän oňanok,
Mädemin aga-da çöregin satman.

- Heý, çöregem satarlarmy, sakgaldaş,
Degýänem bar,
Degseň degibermeli.
Satylanok, emma mugtam berlenok,

Ýöne şeýle gelip alybermeli.

Afişasam,
Reklamasam ýönekeý:
Tokar oglan ak çörekden dişläp dur.
Haçan barsaň ýapyk wagty ýok munuň,
Haçan görseň ýürek ýaly işläp dur...

### Säher salamy

Ir säherler çykyp salkyn eýwana,
Daňyň atyp gelşin ýakyndan gördüm.
Daň salamyn ýollap çygly otlara,
Bileje çekişdim guşlaryň
“derdin”.

Alys gözýetimiň syryp gaýmagyn,
Günüň dogup gelişin ýakyndan gördüm.
Köçe suwlap ýören garry aýala,
Säheriň ilkinji salamyn berdim.

Kem-kemden bugaryp, galyp tirsege,
Oýanýan topraga garaşdym durdum.
Ýaňy dömüp çykan guşgursak dänäň,
Dömüp çykyşyny ýakyndan gördüm.

Şeýdip daň-säheriň çygly howasyn,
Säher bilen pyýalalap gönderdim.
Ýakynlaşdygymça…
Maňa ozaldan
Ýakyn bolan zatlaň baryny gördüm.

### Täze ýurt

Hany öňki gazaklaryň obasy,
Nirä gitdiň, söwer dostum Kaşgynbaý
Amydreýaň tolkunlarna seredip,
Süzerdik biz gara burçly gara çaý.

Geldim bu ýere men könäni ýatlap,
Baharyň bir güni – bir ajapo säher.
Öňki enaýyja obaň ýerinde,
Gümmezekläp otyr ullakan şäher.

\- Bu nähili bina, nähili şäher
Bu neneňsi gudrat diýen badyma –
Jogap berýär işçileriň birisi,
\- Gazojak diýerler munuň adyna.

Aýlanyp Gazojak köçelerini
Ahyrsoňy tapdym seni, Kaşgynbaý.
Ýokardan seredip derýaň gomlarna
Göçenleri ýatlap süzdük gara çaý.

...Gazçylaň şäheri men saňa haýran,
Gör, nähili belent-belent köşgüň bar.
Ynsan gudratyndan bina edilen

Täze ýurdyň gutly bolsun, Kaşgynbaý!

## Oba

Ine saňa erkinligiň mekany
Bu ýerde güneşem, şemalam erkin.
Sorup gursagyna çygly howany,
Bir alada bilen mübtela her kim.

Görünenok toz-topraga bulaşyp,
Oýnap ýörýän bir mahalky çagalar.
Gelin-gyzlar geçip barýar gülüşip...
- Asyl gudrat eken biziň obalar!

Ötlem-ötlem ymaratlar agarýar,
Bir tarapda uç-gyraksyz düz görýän.
Bir tanyş ses adym tutup çagyrýar:
<<Ýa senmikäň, ýa menmikäm özgerýän?>>

Bir mahalky gyzlar bolupdyr ene,
Pensiýa çykypdyr öňki eneler.
Gygyrasym gelýär gaýtalap ýene:
- Asyl gudrat eken biziň ene ýer!

Asyl gudrat eken biziň oglanlar,
Şudur maňa ylham berýän ýeke-täk.
...Şeýdip obamyzyň ortasynda
Ýatlamalar bilen durun ikiçäk.

Edil siziň ýaly ýaşajykdym men,
Ak ýürekli, ak bilekli çagalar.
Ýyllara duýdurman ýaşajakdym men
Gaýtam men duýmakam geçipdir olar.

Obam! Sende çagalygym göründi,
Obam! Sende gülüp duran göz götýän.
Hany maňa özüň jogap ber indi,
Ýa senmikäň, ýa menmikäm özgerýän?

## Derýalar

- Bir ýyl däl,
On ýyl däl,
Tutuş asyrlap,
Peýwagtyna akyp ýatan derýalar!
Gije diýmän,
Gündiz diýmän,
Hasyrdap,
Munça suwy nira alyp barýarlar!

Bular näçe ýyllap atdylar owsun,
Hany bulaň öňi,
Nirede ardy?
Bu gyýçak daşlaň paralap göwsün,
Bu tekiz gyrlaryň bagryn kim ýardy?!

Bular haýsy ataň maňlaýnyň deri,

Bular haýsy enäň gözüniň ýaşy?
Bular haýsy ýigdiň ýüregniň syry,
Bular haýsy gyzyň ýüregniň nagşy?

Şatlykmy, gussamy, bagtmy, aýralyk,
Ýa-da uzaklara atylan peýkam?
Ýa-da magşugyndan baky aýrylyp,
Gije-gündiz dynman çalynýan mukam?

...Birden äpet gomlar güwläp akdylar,
Akdylar-da pytradylar bada-bat.
Soňra ýuwaşjadan çawuş çakdylar,
“Bolup bilsek biz bi ýönekeý şaýat...”

### Kiçijik ogluma

Oglum, juda kiçi-le sen,
Şu durşuňa duruberjekmi?
Ulaljakmy,
Ýa-da şeýdip,
Kiçi boljak ýörüberjekmi?

Aý, ýok, beýdip gezip bolmaz,
Ulalmaklyk hökman gerek.
Beýdip ýörseň başga biri
Uly bolar saňa derek.

Meniň saňa diýjek zadym,
Aýagyn il çöregini.
Ömür Watan topragyna
Bagyşlagyn ýüregiňi.

Şatlan iliň toýy bolsa,
Kalbyň sazdan dolsa ýagşy.
Ýöne
Toý bir gowy zatdyr,
Özüňde-de bolsa ýagşy.

Öaşylyk bir gowy zatdyr,
Oňa dünýäň şeki bolmaz.
Erbetligiň başga hili
Bolmaklyga haky bolmaz.
Iň ýamany aralykdyr
Onuň hiç bir çaky bolmaz.

Gözel gyzlar gaty kändir,
Biri-birisinden beter.
Söýgün olaň hemmesini,
Şonda saňa biri ýeter.

Göreniňe „aşyk bolsaň“
Onda saňa birem ýetmez.
Ýürek çiýen şeýle zatdyr:
Ýara düşse ömür bitmez.

Adam bolgun näme bolsaň,

- Ýüpek bolgun, daş bolgunyň.
Geçmiş ýaly garraňda-da
Geljek ýaly ýaş bolgunyň...

**Uýalar**

Uýalar,
Mähriban,
Eziz uýalar.
Olar seni jandyr dilden söýerler.
Sen bolsa diýersiň saçlaryn sypap:
- Görüň, muňa akmajyk gyz diýerler...
Şeýle sözler bilen gülüp uludan,
Sen uýaň göwnüni edersiň abat.
Seniň aýdan her bir hoş sözüň üçin,
Ýene-de bir ýaşar olar bada-bat.

Bir hanada bile öser ýörersiň,
Ne aladaň bardyr,
Ne-de bir derdiň.
...Gel, uýam, säherler çykyp eýwana,
Bile çekişeli guşlaryň “derdin“

Ine, bir gün uýaň ýokdyr ýanyňda,
Ejeňe, kakaňa berersiň sowal,
- Hany menň uýam?
Hany mähriban?
Bu niçiksi waka...
Bu niçik ahwal?

Ejeň ýylgyrar-da çykarmaz sesin,
“Söýüpdir” diýip guşlar çalar heňini.
Söýen bolsa bolar diýer il-günler,
Saýlap-seçip tapan bolsa deňini.

Şonda haýygarsyň,
Galarsyň haýran.
Soň bar zada aklyň ýeter bada-bat.
Dogany dogandan aýyryp bilejek
Bu nähili zatka...
Söýgi diýlen zat?

**ENE HÜWDÜSİ**

Görmäge göz gerek sonar sährany,
Töwerek al-elwan gül bolup bakýar,
Güneşiň astynda,
Aý yşygynda,
Gijeler, gündizler akar suw akýar.

Tarypyn etmäge mukamçy guşlaň,
Täze mukam gerek ýagşydan ýagşy.
Güneşiň astynda,
Aý yşygynda,
Asmanymam ýagty, ýerimem ýagty.

Akar suwlar bilen
Ap-ak guşlara,
Näzik sesin goşýar mähriban ene.
Her gezek - her säher hüwdilenende,
Düýnem bir mertebe ýigdelýär ýene.

Ýaşyl örtügini zyňyp bir ýana,
Uklaman diň salýar sonarly sähra.
Mertlik, mukaddeslikdolýar dünýäme,
Zemin ýaşadykça ýigdelýär bahar

Ine, saňa aýdym, ine-de baýram:
Akar suwuň sesi, şat guşuň sesi
Aýlanyp ýör depeleri, gollary
Mährem ýürek sesi -
Ene hüwdüsi.

Çaga gülküsinde, juwan görkünde ,
Säher damjasynda, bahar ýelinde...
Goý, mydama şeýle bolsun, adamlar,
Dünýäň sallançagy enäň elinde.

***

Kepemeýär derýalaryň suwlary,
Belent - belent daglar olaň gözbaşy.
Daglardanam beýik ýürekden çykýar,
Eneleriň egsilmejek gözýaşy.

Bu gözýaşlar köp döküldi ozallar,
Bu garabagyrlar öňdenem kebap.
Indi berin bir bolgusyz zat üçin
Onuň dökülmegne bolmalyň sebäp.

Olar ynjasalar aglarlar hökman,
Olar begenseler aglarlar hökman.
Ýagşymy siz, ýamanmy siz, barybir,
Şu ýönekeý hakykaty unutmaň.

Güneş dänesi dek bu gözýaşlary,
Bir bolgusyz galmagala satmalyň.
Diňe begenende aglary ýaly,
Olary hemişe aýap saklalyň.

Kepemesin derýalaryň suwlary,
Ýykylmasyn beýik - beýik gözbaşy.
Şondan beter aýylganç zat barmykan
Dökülip gutarsa ene göz ýaşy?..

## NURMYRAT SARYHANOWYŇ KÖÇESİ

Saryhanow köçesi,
Öý nomeri bir.
Bu öýde saýraýar goşa dilli tar.
Dünýä hoş owazdan dolup pürepür,
Gowy sözler baýdak bolup parlaýar.

Hem saz diňläp,
Hem sähere seredip.
Hem dumanly säherleri edip ýat.
Näçe ýyldyr bu howluda doňup dur,
Eli awtomatly jahyl Nurmyrat.

Saryhanow köçesi,
Öý nomeri iki.
Bu öýe üýşüpdir bir topar körpe.
Gohmy, galmagalmy, aýdymmy, gülki,
Derýa bolup joşup ýatyr bu ýerde.

Top-tupandan kükrek gerlip goralan,
Körpeleri ýada salyp atma-at.
Dur bu ýerde müň duşmandan ar alan,
Körpeleriň çyn hossary Nurmyrat.

Saryhanow köçesi,
Öý nomeri ýüz.
Egsilenok bu ýerdäki üýşmeleň.
Bir-birine goldaw berýär oglan-gyz,
Aýdym bilen, söýgi bilen, iş bilen.

Dursuň bu ýerde-de dik tutyp başyň,
Bulutsuz asmany edinip örtük.
Çykdyň goragyna beýik ýaşaýşyň
Biz seni mydama şol ýerde gördük.
Galamdaşlaň diýýär tutyp adyňy:

– Ýene seniň bilen pikir alyşjak,
Galam çalyşan awtomatyňy.
Indi haçan galam bilen çalyşjak?
Deň-duşlaryň çakylygna bolup şat,
Öz ornunda butnaman dur Nurmyrat...

## ÖMÜR ÝOLDAŞY

M.K.

Gör, nähili gözel eken özüňe,
Ömür ýoldaş gözläp ýören çagalaryň.
Hat ýazarsyň göwün söýen gyzyňa,
Duşuşarsyň arasynda baglaryň.
Şol mahallar kän bir pikir etmersiň,
Öňde uzap ýatan uly durmuşy.
Saňa hem işdädir onuň görünşi,
Saňa hem ukudyr onuň durmuşy.

Sende ýaranjaňlyk keseli dörär,
Sende gabanjaňlyk keseli dörär,
Hatda ýalançylyk keselem dörär,
Garaz, çagalykda bilmeýän zadyň –
Çözülmesi kyn bir mesele dörär.

Onsoň bu mesele çözüler birden,
Ünji-aladadan yrak bolarsyň.
ZAGS-a bararsyň,
Gutlarlar seni,
Ynha şeýdip bir gün ‘’brak’’ bolarsyň.
Onsoň öý hakynda, öý goşy hakda
Çyndan pikir edýän ýigit bolarsyň.
Öňler ýalňyz ýaşan bolsaň dünýäde,
İndi sen dünýäde jübüt bolarsyň.

Onsoň sanyň artar jübüt-jübütden,
Sen gyşam bolarsyň,
Ýazam bolarsyň.
Saýlanyp kakabaş ýigitligiňden,
Sakgally-sarmykly adam bolarsyň.

Şonda ýanyňdadyr ömür ýoldaşyň,
Eýjejik öagalar müner gerdenňe.
Diňe öz çagaň däl, çagalar hakda
Oýlanar ýörersiň her gün, her demde,
Çagalar dünýäsi üýşüp daşyňa
Dünýäň aladasyn salar başyňa...

## BÄŞ ÇAGANYŇ ATASY

Bäş sany gözmonjuk –
Bäş sany erke.
Çagalar sürüsi – ullakan dünýä,
Betlikde ýakasyn tanadan körpe,
Süýji ukudakaň üstüňe münýä.

İň ulusy bolsa şarjagaz çöpläp,
Matematikadan çözýär mesele.
Ýene biri bolsa irginsiz gepläp,
Beýlekisi bilen girýär jedele.

İr säher başlanýar olaň ‘’iş wagty’’,
Onsoň uzyn günläp bosuşyp ýörler.
İne, şeýdip öýümiziň joşguny,
Aý däl-de, gün bilen ösüşip ýörler.

Bosun siz,
Ösüň siz,
Eziz körpeler.
Oýlanyp, ýadamak ir entek size.
Ýadanlar dynç alýar sizi görseler,
Şol dynçlygyň özem ýeterlik bize.

Siziň araňyzda geçirip günüm,
Barha çuň düşünýän bir hakykata.
Gör, neneňsi äpet adam ekeniň,
Saçlary çalaran merdana ata.

## DOSTUM NAZAR GULLAÝEWE
(Degişme)

Kän öwrenip, kän bilmägeteşne men,
Goý, dostlar, adymam bolsun Teşnewi.
(Nazar Gullaýew)

Leýlini Mejnuna duşurmak üçin
Zähmet çekdiň, zähmetiňden şat bolduň,
Leýlini Mejnuna duşurup bilmän,
Ahyrynda özüň kandidat bolduň.

Nyzamy, Nowaýy, türkmen bilbili...
Leýlini Mejnuna duşuran ýokdur.
Sen Leýlini Mejnun bilen duşuryp
Bilmersiň.
Bolsaňam ullakan doktor,
Yöne olaň egsilmejek söýgüsin,
Baýdak edip, zähmet bilen joş urduň,
Şeýdip, sen täzeden Leýlini-Mejnuny,
Getirdiň-de biziň bilen duşurdyň.

...İň soňunda iki setir mesnewi,
Eliň-gözüň dert görmesin Teşnewi!

## AÝALLARA DEGIŞME

Dünýäniň ýüzünde täsin bir millet,
Aýallar milleti,
Üýtgeşik dünýä.
Bular bilen oýun edäýmäň millet,
Bular köp zatlary öňünden bilýä.

Dynç alyş günleri ertir ir bilen,
Gezelenje çyksaň ýuwaşja güler.
Şol gün arpa suwun datjakdygyňy
Zaluwatlar hökman öňünden biler.

Işden soň birneme gijräk galsaň.
(Adamçylykdyr-da bu bolup biler).
Ýüzüňi gyzardyp öýüňe gelseň.
– Geldiňmi? – diýer-de ýuwaşja güler.

Işden öz wagtynda gelen çagyňda,
Çaý, çöregi bilen başyny eger,
Ondan soň: ‘’Kakasy, bu nä ir geldiň,
tüweleme ’’ diýip çetiňe deger.

Bular şerraýam däl, gaharjaňam däl,
Ownuk ýalňyşlarňam göwnüne almaz.
Bularsyz dünýäde ýaşamak kyndyr, –
Bularyň dilinden sypybam bolmaz.

**Durdy Gylyjyň eşegi**

Durdy Gylyç dat etse-de eşekden,
Eşek münüp il içine haýdady.
Pukaraja ulag bolsa şahyry
Oba-oba, şäher-şäher aýlady.

Söküp Horezminiň ähli ýollaryn,
Niçe derýalardan, daglardan ötdi.
Syryp Garagumuň depe-gollaryn,
Dünýäniň diregi – Moskwa ýetdi.

Otly ony kem saýsa-da özünden,
Men-ä aty hasaba-da alamok...
Eşeklije Durdy Gyljyň yzyndan
Köpler ‘‘Wolga’’ münüp ýetip bilenok.

## TOWŞANJYK

Haýwanlaň içinde senem bir jandar,
Hemmede-de san bar, sende-de san bar.
Hemmäniň özüne ýeterlik derdi,
Saňa bu üýtgeşik derdi kim berdi.

Tilkijik görseňem gaçyp ýörmeli,
Möjejik görseňem gaçyp ýörmeli,
Ýol, ýagşydan gaçyp, güneşden gaçyp,
Öz derdiňi gorap günüňi görmeli.

**Diňe öz deriňi gorap gezmeli,**
**Başga hç zat. Şundan başga many ýok.**
**Ýumşajyk towşanjyk ,**
**Busak towşanjyk,**
**Bu dünýäde seniňkiden kyny ýok.??**

## OGRYNYŇ ÖLÜMİ

Käte ýeke çykyp gijeden gijä,
Käte şägirtlerin yzyna tirkäp,
Gijeler ogurlap towukdyr jüýje
Bir ogry ýaşanmyş obany çürkäp.

Asyl bir oba däl onuň çürkäni,
Köp ýerlere ýeten eken yzasy.
Ahyr bir gün...
Ajaýyp bir ýaz güni
Dolanmyşyn o bendäniň kazasy.
Üýşüşip bir ýere ilen çalany,
Däbe görä öwenmişler öleni:

– Ýatan ýeri ýagty bolsun pahyryň
Ahyretde hemra bolsun imany.
Arman, ýöne tapylgysyz ýigitdi,

Hiç bilmezdi iliň hakyn iýmäni.

Daýysy, dogany, ýegen, ýeňňesi,
Däbe görä öwenmişler hemmesi.

Ýasa gelen garryja bir ýaşulyň
Ýeke özi galanmyşyn seretse.
Onsoň bu-da öwenmişin özüçe:
‘‘Ogryjady, ogryjady, heresse...’’

## ALYSLARDA GALAN ÝAR

Ýalňyz bolsaň ýetişerin ýanyňa,
Seni ýeke goýman – diýen sözüň bar.
Ýatlamalaň dumanyndan çykda gel,
Alyslardan alyslarda galaan ýar.

Söýgiň bilen derýa bolup joş-da gel,
Öňkiň ýaly gyz juwanlyk ýaşda gel,
Gaýalardan gaýalara aşda gel,
Goja daglaň aňyrsynda galan ýar.

Tapyşýan ýerinde ýer bilen gögüň,
Her gün saňa garaşaryn intizar.
Gün doganda, gün içinden çyk-da gel,
Uzak ýollaň aňyrsynda galan ýar

Men henizem öňkim ýaly bisabyr,
Ýürek şindem öňküsi dek bikarar.
Uzak ýyllaň örtügini serp-de gel,
Uzak ýyllaň aňyrsynda galan ýar

***

Dostlar bolup bir saçaga üýşdük biz,
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.
Geçmişden, geljekden gürrüň açdyk biz,
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

Ýürek joşa geldi,
Söýüldim, söýdüm.
Ýaşkiçä el berdim, ýaşula uýdum,
Ýaşymyň birçene ýetenni duýdum,
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

Başarsam ýöretdim atalaňkesbin,
Ýygrarak bolsam-da, bolmadym asgyn.
Dördünji çagamy bagryma basdym,
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

Kakabaş jahyllyk – ýel kimin erkin,
Günäjikler baryn gazanýar her kim

Datdym şarpygyny gazaply kyrkyň
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

Dostlarym degişip ‘‘agajyk’’ diýdi,
Başyň gyrawlapdyr azajyk- diýdi.
Ejem bolsa : “Wah,wah çagajyk” diýdi.
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

Çagajykdym. Çagalykdan saýlandym,
Birdenkä polat ata atlandym,
Hem-ä tukatlandym,
Hemem şatlandym,
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

Ýüreklerde ylham,
Maňlaýymyzda der,
Kalbymyzda gözel-gözel niýetler.
... Hany sizem bir zat diýiň ýigitler,
Otuz bäş ýaşymyň dolan gününde.

... Ýygralyk boldumy, ýaşlyk boldumy,
Sadalyk boldumy... bir zad-a boldy.
Ýyllar boýy ýüregimde ýer eden,
Aýdylmaly sözler aýdylman galdy.

Aýdylmaly sözler bilen ulalyp,
Aýdylmadyk sözler bilen söýdüm men.
Ahyr olar böwsüp çykdy ýüregimi,
Ýasadym olardan ajap aýdym men...

**Partiýanyň gurultaýyna**

Gadam urup gök çemenli ýollara,
Elwan lybasyny örtündi sähram,
Dür dökjekmi,
Nur dökjekmi,
İllere
Bugün elde baryn eçil sen, asman,
Gül gülälek bolup açyl sen, asman.

Bu beýik asryň belentliklerini
Bäş ýyllyklar bilen gulaçlap barýan
Ýüregi hyjuwly gerçekleriňe
Hyjuwly ýüregiňi açyl sen,asman.
Nogul-nabat bolup seçil sen asman .

Söýginiň, gudratyň, namysyň, erkiň
Hem mukdary bilen,
Hem hili bilen,
Mawy gözýetimde guş bolup erkin
“Arşyň-kürsüň”, marsyň... wekili bilen
Desterhan başynda gurulsun söhbet.
Ýaşasyn ýaşaýyş, ýaşasyn zähmet.

Otlaryň ot bolup ýanan

Ýürek!
Daglar, -
Daşlardanam beksiň sen.
Komunist adyny ilki nobatda
Seniň adyň edip,
Saňa dakdym men.
Seni göterişi dek
Göter sen ony,
Depäňe täç edip göter sen ony.

Bu taryhyň toýy-
- Topragymyzda toý.
Atyň gara gumuň üstüne serpaý.
Okgunly derýalar, bu- size toý paý,
Göçgünli aýdymlar, bu- size toý paý,
Güneş bolup syçra dumly – duşuňa,
Çyn ýüpek däl çyn ýürekde dokalan,
Bu serpaý,
Bu size ullakan toý paý.

Bu beýik asryň belentliklerini,
Bäşýyllyklar bilen gulaçlap barýan,
Atalara, enelere, ýaşlara,-
Hemmelere,
Toý paý eçil sen, asman,
Beýik asman bolup açyl sen, asman.
1976

**Lenin güneşi**

Dostlar, Lenin güneşiniň ýalkymy,
Biziň maşgalada-öýümizde-de bar,
Şoldyr ýeňşi alyp barýan halkymy,
Şadyýan baýramda –toýymyzda-dabar.

Biziň sähra , tokaý, çöllerimizde-de,
Asman dek deňizler, köllerimizde-de,
Şadyýan işçiniň ýüzünde-de bar:
Eýjejik çaganyň gözünde-de bar...

Şondan şöhler alýar bagy-bossan-da,
Gül açan mekanym Türkmenistanda.
1958

**Hirosimaly şahyryň aýdymy**

Şahyr joşup, aýdym ýazýar ýadaman,
Ene –watan öz ogluna guwanýar,
Şirin aýdym heňe girip şo zaman,
Hirosimanyň bar ýerine aýlanýar.

... Birden asman inip, gopýar gümmürdi,
Baglar-da , jaýlar-da haraba dönýär.
Ot alyp şahyryň mähriban ýurdy,

Ýanýar, gara toprak tutaşyp ýanýar.
Adamlar kör bolýar, lal bolýar, ölýär,
Ahy-nala gopgun asmana galýar.

Ýer-gök lerzan urup sowruldy bar zat,
Şahyr-da armanly dünýäden ötdi.
Bu beladan diňe gutulyp bir zat.
Bütin ýerýüzüne ýaýrady gitdi.

Aýylganç ot ony ýakyp bilmedi,
Uçdy ol, uçdy ol ganatyn gerip.
Ölüm ony gabra çekip bilmedi,
Milýonlaň sesine goşuldy baryp.

Erkin perwaz urup ýeriň ýüzünde,
Her maşgala ýoldaş boldy müdimi.
Ol –durmuş, rahatlyk, dostluk sözünden
Joş alan şahyryň beýik aýdymy.
1958

**KÖPÇÜLİK İŞLERİ**

İşden ýadap öýe geldi aýaly,
Ýüzünden gar ýagýar,
Haly perişan.
Äri habar gatdy:
Ýer-ow keýwany,
Bugün saňa näme boldy mähriban?
Diş agyryp dagy berýärmi azar,
Gözleriňde ýalyn,
Ýüzleriňde –gar.

Aýaly ärine kineli bakdy.
Ýokuş gören deýin onuň sowalyn.
Uludan dem alyp, özüni dürsäp,
Bir-bir aýan etdi derdi-ahwalyn:

– Köpçülik işlerine gatnaşmaýar – diýip,
Üýşüşip ýygnakda etdiler tankyt.
– Onuň üçin ynjamagyn, keýwany,
Başyňy belent tut, göwnüňi gamsyz,
Öý işlernem alyp barýaň bir kemsiz.
Köpçülik diýýaniň öýmizdede kän,
Ynha, tüweleme, meniň bilen on.

...Bir gün işden gülüp geldi aýaly,
Ýüzünden nur ýagýar,
Ýöreşi messan,
Äri habar gatdy:
– Ýer-ow, keýwany,
Bu gün saňa näme boldy mähriban?
Nur dökülip durla ýüzleriňden,
Bassaň ot syçraýar aýaklaryňdan.

Aýaly ärine guwançly bakdy:

– Hoş habar getirdim, ber buşluk maňa,
Üýşüşip ýygnakda seçdiler meni
Drujinaçylaryň başlyklygyna.
İndi meniň başlyk diýen adym bar,
Soldatym bar,
Hökümim bar,
Badym bar.

Anha arlyk,
Anha emzik,
Ana süýt...
Bary bilen juguldaş-da otur sen.
Başyňy belent tut, göwnüňi gamsyz,
Men sizi goraryn bela-beterden.
1958

**Seýran etdim watany**

Keşt etdim, aýlandym eziz Watany,
Arçaly, çynarly daglary gördüm.
Torç etdim çölleri, gezdim sährany,
Bilbiller yşk edenbaglary gördüm.

Hoş geldiň diýýän dek başyn atdylar
Kawkaz daglarynyň gyzyl gülleri.
Mähribanlyk bilen kabul etdiler
Wurgunyňwasp eden Mugan çölleri.

Aýlanyp lälezar, giň meýdanlara,
İçdim Zerewşanyň sçýji suwundan.
Köp duşdum gül ýüzli gadyrdanlara,
Mydam hoşal boldy göwün göwünden.

...Dostlar men aýlanyp ýakyna-daşa,
Gül Watanmyň ähli ýerine bardym.
Hemişe, her ýerde, her maşgalada,
Her öýde mähriban enemi gördüm.
1959

**Güller hem gunçalar**

Gunçalary ençe şahyr wasp etdi,
Asyrdan asyra saýrady diller.
Arman, ol gunçalar açylman ötdi,
Heý-de ýaz bolmasa ösermi güller?!

Gara gyş, gaýly gyş,harasatly gyş,
Mesgen tutdy, sowulmady, gitmedi.
Elmydama gar ýagdy, elmydam ýagyş,
Gül pudagna gün şöhlesi ýetmedi.

Gyş bilen geçensoň ençeme zaman,
Ahyrda gülşenli bahar hem ýetdi.
Doňan garlar eräp, janlanyp meýdan
Gunçalar gül bolup açyldy gitdi.

Açyldy, şahasy her ýan ýaýrady,
Ajaýyp baglara zynat berdi gül.
Bilbil onuň waspyn edip, saýrady,
Ösdi şat baharda ganat gerdi gül.

...Bu gözel baglarda her gün, her säher
Ýaňlanýar bilbilleň şeýle owazy:
- gözeller-gunçadyr,döwrümiz-bahar,
goý, joşsyn durmuşyň sowulmaz ýazy.
1959

***

Şol gözele duşanymda şu gezek:
- sözüm diňle –diýdim. – Sözlegin- diýdi
diýdim: gülüm, beýle örtme uzak.
- güliňi daşyrakdan gözlegin- diýdi.
Diýdim:- görki sensiň ähli gülleriň.
Gyz oýnapsaçyny- näzikdir – diýdi.
Diýdim:- sagym sagýan akja gollaryň...
- ak goşardan tutmak ýazykdyr – diýdi.

- sen menisöýermiň, perizat? – diýdim.

Gyz ýaýkap başyny: - söýmerin – diýdi.
- bu ýöne söýgi däl, bu bir ot – diýdim.
Gyz çytyp gaşyny: - köýmerin – diýdi.

Diýdim: - yşkym joşýar mysaly derýa...
Gyz gözün güldirip: - ýüzmerin- diýdi.
Diýdim: - bar umydym inçelip barýa.
Gyz näzli ýylgyryp:- üzmerin – diýdi...
1959

## Güýz säheri

Seret: her ýerde,hre ýerde
Ýyldyzlaram ýaldyraşýär.
Syrylan dek gara perde,
Daň şapagy daglar aşýar;
Gyraw düşen ýapraklarda
Damjajyklar bulduraşýar,
Gülüm, saňa bu säherde
Ýol garaşýar, Ýol garaşýar.

Päk howadan gana-gana,
Çyzga eliň, çykmeýdana
Bir nazar aýla her ýäna,
Ýaryş guryan il garşýar.
Adyňy käne ýetiren,
Tonnaňy ona ýetiren,
Tükenmez baýlyk getiren
Ak altynly pel garaşýar.

...Heniz her ýerde, her ýerde

Damjajyklar bulduraşýar.
Syrylypdyr gara perde
Gün şöhlesi dagalar aşýar.
Gülüm, saňa bagta tarap
Ýol garaşýar, ýolgaraşýär.
1960

**Arzuw**

Gyzym bolsa, Bahar dakjak adyna,
Goý, ol mydam bahar ýaly şat bolsun.
Her bir işde gorky düşmän ýadyna,
Bagtyýar ýaýnasyn, gorky ýat bolsun.

Kümüş dek guppaly ala daglaryň,
Gatbar-gatbar buzlaryny eretsin.
Çyn bezegi bolup goýry baglaryň,
Sil akdyryp, çölde umman döretsin.

Tisginmän aňzakdan, çekinmän gyşdan.
Sähralarda gül gögerdip, bag eksin.
Ýaýdanmasyn başy çyksyn her işden,
Ýadamazdan zähmet çeksin, der döksin.

Isle alym bolsun, isle-de daýhan,
Yhlasly darasyn söýen zadyna.
Her ýerde bahar dek bolsun şadyýan,
Gyzym bolsa Bahar dakjak adyna.
1960

**Söýermiň?**

Gözelleň ählisin goýup bir ýana,
Seçip-saýlap, seni söýsem, söýermiň?
Ýaz görkiňe aşyk bolup gaýbana,
Gül keşbiňe hormat goýsam, söýermiň?

Gar küräp, tüweleý her ýän çäpanda,
Asman-zemin bir-birini tapanda,
Gazaply aýäzda, apy-tupanda
Ýoluňä seredip, buýsam söýermiň?

Kä açyldyň asman ýaly durlanyp,
Kä gülüp näz etdiň, kä gaharlanyp,
Mübärek gaşyňda her ýan pylanyp,
Perwanalar bolup köýsem, söýermiň?

Jemalyň kalbymda mukam döredip,
Haýran etdiň ýüregimi eredip,
Ýa-da gözleriňe göno seredip:
“Gülüm, seni söýýän” diýsem, söýermiň?
1960

***

Üýtgeşikdir kä günleriň howasy,
Seýrana çgyrar elwan bägüller.
Taryh dek uzyndyr gülleriň käsi,
Ömür ýäly gysga bolýar kä günler.

Howlugalyň ýaşamaga, söýmäge,
Bagtyýar ömrümiziň her güni, dostlar.
Günleriň birinde gutarar günler
Gaýdyptapyp bolmaz bir güni, dostlar.
Ömrümiň günleri boş geçmez ýaly,
Asyl gaýgyrmaryn gurbymy, dostlar.

1960

## Salam obam

Gyralary hatar-hatar derekli,
Giň köçeler uzapýatyr gös-göni...
Mydama şadyýan, juwan ýürekli
Salam, saňa baharlaryň mesgeni!

Ýätlap ýäşlgymy, geldim ýene-de,
Ýadymda bar ýaz goýnunda besläniň.
Giň gujakly, giňsaçkly ene dek,
Pata berip uly durmyş isläniň.

Hüwdilenýän ýatlamalar içinde,
Ýaşlyk ýyllar ýada düşýär düýş ýaly.
Bir görseň, şol ýllar ýaňja geçen dek,
Bir seretseň, örän-örän daş ýäly.

Bu gün wasp etmäge geldim alsydan,
Mähri bilen gujagyňa gys meni,
Kärim-ylham almak ilden-ulusdan,
Salam saňa,baharlaryň mesgeni!

1961

## Ene çöregi

Dostum, bu çöregiň zordur hümmeti,
Iýseň şypa, melhem bolar janyňa.
Mukaddesdir, ýokdyr belli gymmaty,
Tagamy datlydyr, siňer ganyňa.

Şu çöregi iýip, haklasa her kim,
Göreşde ýadamaz, hiç düşmez tapdan.
Şundan kuwwat alyp, bekese durkuň,
Söweşde gorky ýok tupandan, otdan.

Bu çörekde giň gujakly watanyň
Ene süýdi kimin halal duzy bar.
Mertleri ösdirýän gahryman enäň
Hamyr ýugran elleriniň yzy bar.

1961

## Ýaşlyk bir pasyl diýip...

Ýaşlyk bir pasyl diýip, gam çekme, dostum,
Hyjuwdam dolupdyr juwan göwünler.
Göreşmeli postdyr bu duran postuň,
Goý,göreşden şöhratlansyn bu günler.

Bir pasylda eräp daglaryň gary,

Bilbiller joşmazmy gyzyl güllerde?
Bir pasylda bişip baglaryň nary,
Bal dek süýjemezmi şirin dillerde?

Ýaşlyk bir pasyl diýip, gam çekme dostum,
Saýlap söýgün gözelleriň seresin.
Joşgunly söýginiň ýetir sen waspyn,
Aýdym bilen päk ýürekler eresin.

Garrasa-da göwräň, göwnüň ýaş bolsun,
Gussasyz ýaşasaň ömrüň haýp däl.
Göter piýalany, göter noş bolsun,
Ýeňişden soň şerap içmek aýyp däl.
1961

## Men seniň aşygyň

Men seniň aşygyň gara gözli ýar,
Daşa gitme, daşa gitme ýanymdan.
Görküňe ömürlik boldum hyrydar,
Hyrydar men baha kesýän janymdan.

Men seniň aşygyň eý açyk asman,
Goý mydam päk bolsun ýüzleriň seniň.
Men seniň aşygyň eý beýik ynsan,
Goý mydama gülsin gözleriň seniň.

Men seniň aşygyň eý gözel görnüş
Sähralar, tokaýlar, deryalar, daglar...
Men seniň aşygyň eý bagtly durmuş:
Ajaýyp döwranlar,sapalay çaglar...

Eý mukaddes ömür-eý eziz myhman!
Eý bilbil, eý bahar, eý şanly ýaşlyk.
Eý şöhratly göreş-belent merdiwan,
Men size bendiwan,
Men size aşyk.

Ýok, hiç haçan diýmerin men „ýadadym“,
Namart bolsun, kim gözlese bahana.
Tä ölünçäm söýmek meniň adatym,
Başdan söýmek üçin indim jahana.
1961

## Gijeler

Gün şapagy gyzyl çaýyp asmana,
Kem-kem ýygnap gider zer seçegni.
Ýyldyzlar göz gypyp gülli meýdana,
Mawy asman açar giň gujagyny.
Bulutlar göç eder, derýa möwç alar,
Gijeler, gijeler, gözel gijeler.

Çigit gussa galmaz göwnüňde,
Ýadawlygyň çykyp gider teniňden,
Şunuň dek gijeler çyksaň seýrana,

Mäkäm tutup näzli gyzyň elinden.
Aşyk barha gudrat alar, güýç alar,
Gijeler, gijeler, gözel gijeler.

Ýüreklerde şatlyk bolsun ziýada,
Geliň, dostlar, üýşüp dürler seçeliň.
Aý şöhlesi düşsin gülgün şeraba,
Bu gijeleň saglygyna içeliň.
Men sizi ýaşlykdan söýdüm, gijeler,
Gijeler, gijeler, gözel gijeler.

1961

## Yene-de söýgi hakynda

Söýgi hakda öňem ýazdym kän gezek,
Ýene ýazjak. Öňkilerim az ýäly.
Bir gyz ýüregime gurupdyr duzak
Söýüp ýörün... bar pasyllar ýaz ýaly.

Ýöne diýýaän gyzym şeýle bir ynjyk,
Käte ýakyp, gowrup barýar köz ýaly.
Uzyn kirpiklerni ýüregme sanjyp,
Käte gahar edýär, käte näz ýaly.

Bir görseň-ä içgin äbede-jüje,
Duşuşýasam aralarmyz saz ýaly.
Käte bar umydym çykaryp puja,
Ýüzün sowýar, gyz ýüregi buz ýaly.

Aşyk ýigdiň haly neneň diýseler,
Käte çille ýaly, käte ýaz ýaly.
... ýöne şu ýagdaýda ýüz ýyl goýsalar,
Göwnüme bolmasa, ýene az ýäly...

1961

***

Biziň ömrümiziň iň bir baý zady
Arzuwlardyr
Baý biz dostlar arzuwa.
Eger bolmasady arzuw diýen zat,
Ýaşaýyş bolmazdy
Geçýärin güwä.

Mende bir arzuw bar hem gözel, hem kyn,
Köpden bäriýüregimde besleýän.
Şu azat güneşde, açyk howada
Mydamalyk ýaşap galamak isleýän.

Ömrüm hyzmat etsin beýik adama,
Ömrüm hyzmat etsin bu ajap döwre.
Ýene bir arzuwym: goý şu arzuwlar
Meniň özüm bilen girmesin gabra.

1962

## Men sorap almandym

Ölümden hiç haçan etmerin heder,
Ýok, sorap almandym dostlar ömri men.

Öz janyma, öz bedenme, ýüregme
Öz erkime diňe özüm taňry men.

Men sorap almandym gözel ýaşlygy,
Söýgini hem gyzyň ilki posasyn.
Aklym alan gara gözleriň özi,
Uzadypdy maňa yşkyň käsesin.

Men sorap almandym açyk güneşi
Asmany-da, zemini-de, wagty-da.
Men sorap almandym gözel durmuşy,
Paýhasy-da, hyjuwy-da, bagty-da.

Parasatly nemes Gýötäň sözüni,
Unutmadym şeýle dana akly men
Dostlar, her gün üçin çyksam göreşe,
Şonda her gün ýaşamaga hakly men.
1962

## Leniniň ýoly

Gurşun ýaly agyr, ajy günleri,
Ene toprak göterýärkä gerdende,
Gana suwsan gara ýürek adamlar
Jan howluna urunýarka her demde,

Gazap bilen ýanyp halkyň gözleri,
Gaýduwsyz ýigitler çykýarka öňe,
Dünýä eşidipdir şeýle sözleri:
- biz başga ýol bilen gideris ene!

Ýaşyl meýdanlarda her şam, her säher,
Gülli sähralarda her ýyl, her bahar,
Tokaýlaryň gün düşmeýän ýerinde
Gojaman Wolganyň tokaýlarynda
Mahmal bossnlarda ýaňlanýar ýene:
- biz başga ýol bilen gideris ene!
Ondan bäri geçdi ençeme ýyllar,
Dünýä bize umyt bilen seretdi.
Biz şeýle ýol bilen gitdik. Sebäbi
Diňe şeýdip öňe gitmek gerekdi.

Haçan bir wagtlar soralsa menden,
Öz ýönekeý ömrüm hakada hasabat.
Adamlar! Siz bilip goýuň öňünden12
Sakynmazdan diýerin men bada-bat:
-men şeýle ýol bilen ýöredim, ene,
Men şeýle ýol bilen giderin ýene.
1963

## Daň agarýar…

Syrylyp gijäniň gara perdesi,
Agarýar asman.
Agarýar töwerek,
Agarýar her ýan...
Belent-belent gaýalar
Hemmesinden öň agarýar.

Jülgeleri
Gizläp dagyň kölgeleri,
Hemmesinden soň agarýar.
Meýdanlar,
Sähralar,
çeşmeler,
çaýlar…
bulaň bary deň agarýar.
Açyň penjıräňız bakyň adamlar!
Daň agarýar…
mylaýym ýel atyr gülleň ysyny
alyp gelýär gülzarlardanç
geçıp barýar topar-topar çagalar.
Bulwarlardan.
Awtobuslar başlap ılkınjı reýse
Zawotlar tüsseläp çalýar zogyny.
Haýal etme!
Penjıräňı aç, dostum,
Gel, bıle synlaly säher çagyny.
Bulutlar göç edýär, agarýar asman,
Hemme ýerde deň agarýar.
Goý ýatanlar turup, açsyn aýnasyn,
Daň, agarýar…
1963

**Ýeňış**

Ýok henız-henızem çykanok ýatdan,
Şol gün, ýeňiş güni-beýik dabara.
Dünýädäki ak ýürekli adamlar
Dört ýyllap gaarşdy şeýle habara.

Dört ýyllap eneler tutpdy matam,
Erkekmiň, aýalmyň, ýaşmyň, çagamy.
Garaşdyň ýeşe, garaşdy älem
Watan üçin ýer bagrtlap agamyň,
Soňky ýazan hatyn saklaýas hälem.

Ýok heniz-henizem çykanok ýatdan
Ýok, o günler ýatdan çykmaz asyl-ha.
Henize çen şol zatlardan kimde-kim,
Gürrüň berse, oňa gulak asylýar,
Hawa, biz ýeňipdik, ýeňeris ýene,
Dünýä şaýat ýeňiş mydam bizdedir.
Öňki gezek ýeňen bolsak güýç bilen,
Indi gezek akyl bilen sözdedir.
1963

**Sözler hakynda**

Sözler…
Mähek ýaly akylly sözler,
Men-ä sizi ýaşlygymydan eý görýän.
Şonuň üçin danalara eýgerýän.

Sözler…
Bahar ýaly mylaýym sözler,
Men sizi-de ýaşlygymdan eý görýän,

Şonuň üçin şahyrlara eýerýän.

Şirin sözler tutup meniň elimden,
Ýüreklerden ýüreklere aýlady.
Şirin sözler çykyp meniň dilimden,
Adamlaryň arasyna ýaýrady.

Men mydama şirin sözüň aşygy,
Hoş sözlerde ýürekleriň ody bar.
Armanym galmazdy şeýle sözleri,
Adamalara goýup bilsem ýadygär.
1963

**Awda**

Tanyş maňa bu ýodalar, bu ýollar,
Tanyş maňa bu tokaýlaň köp ýeri.
Gidip barýan… birdenkä öňümden
uçup geçdi gyrgy bilen kepderi.

Gyrgyň demir dyrnaklary ýazyldy,
Gaçyp barýan ak kepderiň kasdyna.
Şol arada tüpenili gezildi
Şol aýlganç dyrnaklaryň astyna.

Tüpeň oky kesip gitdi howany,
Tüpeň oky gitdi meniň elimden.
Gitse-de ol bir ömrüň kasdyna,
Bir ömri halas etdi ölümden.
1963

**Gör neneňsi hekaýat**

Adamlaň içinden gyl dek sogrulyp,
Bir gün soňky ýola ugraryn menem.
geçip giden ýyllar yza öwrülip,
hiç haçan, hiç haçan dolanmaz ýene.

Dolanmaz yzyna ýigrimbäş ýaşym,
Dolanmaz yzyna gojalygym-da.
Güneş bilen şemal bilen hoşlaşyp,
Ýiterin ýoklugyň gijeliginde.

Ot gögerip mazarymyň üstünde
Gezegine bezär ony pasyllar.
Ýyllar gider,
Ýiter gider mazar-da,
Bu topragy bezäp ýaşar nesiller.

Gör neneň hekaýat:
Bolmasam-da men,
adamlar ýaşajak, baky öljek däl.
A men bolsam adamlardan aýrylyp,
Bir minut hem ömür sürüp biljek däl.
1963

**Ýürek hem orak hakynda**

Bagda sataşamda ýüpekçi gyza:
- tut kesiş… - diýip, haýyşt etdi näz
bilen.

Kalbymy dönderip gül açan ýaza,
Köýdürdi gyma gaş, güler ýüz bilen.

Gara gözler mende şatlyk  döredip,
Ygtyýarsyz aldym onuň oragny.
Gyz hem mähir bilen ogryn seredip,
Synamdan sogurdy joşan ýüregmi.

Ir bilen seýil edip bu gözel baga,
Misli tapan ýala bir geregimi,
Şaha kesýän ýönekeý bir oraga,
Men şelyşdym men öz ýüregimi.

1963

**Kümüş sahypaly roman**

**B.Kerbabaýewe**

Bu kitaby Berdi aga ýazmady,
Ýok, roman ýazylmady zor bilen.
Bu uzak ýollaryň janly ýazgysy,
Ýazylypdyr däne-däne der bilen.

Beýik senetkärler,
Taýsyz ussatlar,
Ejiz geler beýle zady ýazardan
ençe gyşyň gary bilen örtülip,
ekin ekip,
Joýa çekip,
Ýer sürüp,
Geçipdir ol etmiş dürli güzerden.

Her ýylyň däl,
Her aýyň däl,
Her günüň
Bardyr bu kitapda ýitmez yzlary.
Barha öwşün atyp, barha görk alýar,
Yuwdygyça ony säher çyglary.

Ýok, bu kitap ýazylmandyr zor bilen
Üýtgeşik däl synlap dursuň görnüşin.
Ýyllar oňa ýazypdyrlar der bilen
Boýdan-başa ýetmiş ýylyň durmuşyn.

…Goý, bu eser gitdigiçe galňasyn,
Taryp etsin hoş owazly guşlary.
Asyrlaryň taryhyna aýlansyn,
Berdi agaň kümüş ýaly saçlary.

1964

*******

Gyz tolgunyp, başyn aşak egýärdi
Hoştap aprel agşamlarnyň birinde.
Nurly gün hem şöhle saçyp doýardy
Şonda meniň yüregimiň töründe.

Guçasyň gelýärdi älem-jahany,
uçasym gelýärdi şatlykdan ýaňa.

Eý, gara gaş, ýüregimiň soltany,
Senmidiň söýmegi öwreden maňa.

Senmidiň söýmegi öwreden maňa.
Eýsem, sen söýmegi kimden öwrendiň.
Gyz ýuaşja başyn goýup gursagma,
Pyşyrdaýar: “Menem senden öwrendim”.
1964

**Däneşirde düşlenen gije**

Baharyň bir güni-gün batan ara,
Awdan ýadap sürup ýetdik kenara.
Ine, saňa gadymy däneşir,
Sagymyz giň derýa,
Solumyz oba.

Bu meniň ýaşlgymyň geçen obasy,
Ýöne ol obadan göçüpdir oba…

Tegelenşip ojaklaryň daşyna,
Erteki diňlärdi her ýyl gyşyna.

Täsin rowaýatlaň gahrymanlary,
Göz öňünde janlanardy şo bada.
Geçerdiler olar uzak ýollary,
Kä ýerde, kä suwda, käte howada.

Bir seretseň äpet-äpet pälwanlar,
Şäherler gurup ýör daglary gädip.
Ýeňiş bilen dolanarlar yzyna,
Gojaman jeýhunuň üstünden ädip.

- Berekella, gaýrat ediň, oglanlar,
Diýip, olara alkyş aýdar mähelle. –
Biz bolsak gijeler ukydan galyp,
Oýlanyp, ölçerip döwerdik kelle…

Soňlar okap-okap kitap köküni,
Tapypdyk biz bu zatlaryň köküni.
Ine saňa şol gadymy däneşir.
Ine şol giň derýa,
Ine şol oba,
Bu meniň ýaşlygymyň geçen obasy
Ýöne ol obadan göçüpdir oab.

Synlap durun gök begresli gyrada,
Dolan aýyň suwa düşýän ýalkymyn.
Göwher monjuk kimin sansyz çyralar
Bezäp otyr Amyderýaň alkymyn.
1964

**Ýaşlyk**

Läleli bahar sen garly gyş ýaly,
Ýaşlyk bilen garrylykdyr ömrümiz.
Juwanlykda çiginlermiz daş ýaly,
Daglara darasak ýeter emrimiz.

Ýaşlyk bir çabgadyr,
Ýaşlyk bir sildir –
Gudratyndan gülzar bolar çölüstan.
Ýaşlyk atyr saçýan benewşe güldir,
Görki –de gül,
Durky-da gül-gülistan.

Ýaşlyk bir deňizdir, tolkunyp her ýan,
Möwç urar,
Joş alar, öňi baglanmaz.
Ýaşlyk bir derýadyr silkinip barýan,
Çyrpynar-da…
Akar gider eglenmez.

Ýaşlyk bir aýdymdyr, hiňlenseň ony,
Uzaklara ýaýrap, ýaňlanar sesiň,
… eý ýaşlyk, her neneň söýsem-de seni,
Uzak ýaşap, goja bolmak höwesim.
1964

**Şu zeýilli ýigit men**

Şeýle golaý ýaşasa-da bir wagtlar,
Käte aýra düşýär adam-adamdan.
Seniň bilen bile geçen pursatlar,
Ömür baky çykmaz meniň ýadymdan.
Läläm, seni ömür baky unutman,
Biler bolsaň şu zeýilli ýigit men.

Senem ýüreiňde sakalasaň adym,
Öňkidenem artar kalbymda şadym,
Bir denem… unudyp, alaýsa badym,
Şonda-da gam çekip, gaşymy çytman
Biler bolsaň şu zeýilli ýigit, men.

Meni söýýäniňe ynanýan kemsiz,
Ýöne munuň üçin söýemok seni.
Söýülmänim üçin söýmeli bolsam,
Öňem az bolmady söýenler meni.
Men seni söýemok söýýäniň üçin,
Men seni söýýärin söýýänim üçin.
1964

**Senden öwrensin**

Säher daň ýyldyzy ýaldyran çagy,
Nur saçmagy ýalkymyndan öwrensin.
Şöhle saljak bolsa daňyň şapagy,
Seniň gar dek alkymyňdan öwrensin.

Bu gözel baglaryň benewşe güli,
Goý. Çyn gül bolmagy senden öwrensin.
Gül diýip joş uran bahar bilbili
Gülüň waspyn tmegi menden öwrensin.
1964

**Biz mydam taýýar**

Boýny al ýaglykly inilerme,
Boýny ýaglykly uýalarma,

Şeýle bir gowy söz aýdasym gelýär
Ýaň salar dek dagyň gaýalarna.

Ýöne munuň üçin gülüň görkini,
Şolaň duýşy dek, duýmagyň gerek.
Şolaň gözli bilen bakyp geljege
Şolaň kalby bilen söýmegiň gerek.

- Ýaşasyn! – diýjekmi,
- Şöhrat! – diýjekmi?..

Ýene ejiz gelýär bary bularyň,
“ýaşasynlar” bilen ýaşatmandyk biz,
Dünýämiziň eziz ýaşaýjylaryn…

Otsuzlar ot alýar sizi görseler,
Atsyzlar at alýar sizi görseler,
Deprek bilen dagy-daşy sarsdyryp,
Ýolyňyzy dowam ediň, körpeler.

Öz mukaddes borçlaryny haklaýan,
Beýik atalaryň ogullary biz.
Gursagyňda öçmez ýürek sakalaýan
Pawlikleň, Zoýalaň doganlary biz.

Derýalar möwç alýar sizi görseler,
Garrylar güýç alýar sizi görseler
Aýdym bilen depe-düzi sarsdyryp,
Ýoluňyzy dowam ediň, körpeler.

Ezizleň ganyna boýalan ýaglyk,
Belentden-belende boý alan ýaglyk.
Siziň arzuwyňyz dek ganatyn ýaýýar,
Gülüň, oýnaň!
Sziň şat gülkiňizi
Gorap sakalamaga biz mydam taýýar.

1965

* * *

Jeýhun kenarynda, belent bir  yerde
Äpet tolkunlaryň oýnuna bakýan.
Çygly ýaprakalryň ortasynda
Arzuwlar içinde Jeýhun dek akýan.

Bulutlar aýlanyp, merjenler dökýär,
Ýuwunýar, daranýar gül gunçalary.
Tolkunlar bat alyp, tolkunlar bökýär,
Kenara zyňylýar suw damajalary.

Egilip, ýazylyp gökje gamyşlar,
Gülälekler ýaz ýeline näz edýär.
Böküşip, çykyşyp, aýlanyp her ýan,
Gomlar aýdym aýdýar, gomlar saz edýar.

Bu gomlara garaşyp dur Garagum
Bu gomlara teşne çöller garaşýar,
Goý, olar şatlansyn, goý aýdym aýtsyn,

Bu gomlara diňe şatlyk ýaraşýar.

Jeýhun kenarynda belent bir  ýerde,
Äpet tolkunlaryň oýnuna bakýan.
Çygly ýaprakjalryň ortasynda
Arzuwlar içinde Jeýhun dek akýan…

1965

**Ölüler bilen diriler**

Adamlar bölünýär iki topara,
Birisi-ölüler, biri-diriler.
“öli köpmi, diri?” diýip sorama-da,
“öli köpräk bolaýmasyn” diýdiler.

Adam ogly asyrlaryň içinde,
Ençe gezek ganly dawa baş goşdy.
Gör, näçesi geçen urşuň özünde
Dünýä bilen ebedilik hoşlaşdy.

Ine, şeýle gowgalary ýat edip,
Oýlanyň-da öz-özüňiz biliberiň.
Bilsem-de men ölenleriň köpdigin.
Hemmesine öli diýip bilmerin.

Hak iş üçin gurban bolan ärleri,
Ilim-günüm ýaşadyp ýör arada.
Öli däldir ölenleriň hemmesi,
Diri däldir dirileň käbiri-de.

Entek-entek şol dirileň içinde
Bir mahallar ölüp giden diri kän.
Öli bolup gitmez ýaly ölen-de
Diri bolup ýaşamaly dirikäň.

1965

**Gam çekme uýam**

Sen okuwa gaýtdyň…
Seniň hossarlaň
Senden geçýänidigin etdiller aýan
“Atam-enem menden geçdiler” diýip,
Özüň ýalňyz saýyp, gam çekme uýam.

Yzlaryndan hat alanda joralaň,
Seniň ýürek ýaraň gyýylýandyr has.
Diýşiňi berk gysgyn beýle mahallar,
Gara gözleriňde görünmesin ýaş.

Seniň eliňdekä namysyň-erkiň,
Seniň eliňdekä utanjyň-haýaň.
Göz ýaş döküp ýörmek nämäňe gerek,
Aýyp bor, aýyp bor, gam çekme, uýam!

Ýok, sen aglamaly gyzlardan dälsiň,
Düşdi aralara aýralyk derdi.
Diýşleri dökülip gojalan adat,
Soňunda saňa-da ezýetin berdi.

Gözüň giň açyp baksaň äleme,
Täsin wakalary görjegiň aýan:
Öz erkinden jyda düşýänlerem bar…
Goý şolar aglasyn,
Gam çekme, uýam!

1965

## Täze ýyl gijesi

Gijäniň çuňlugyna çümdi töwerek,
Aýdym sesi, gülki sesi kesildi.
Uzak ýatlamalar nämäme gerek?!
Açyň penjiräni, açyň, bes indi.

Açyň penjiräni dolsun otagma,
Garyň ysy küküp duran gyş ýeli.
Ot dek aýdym ýasap aýazdan, gardan,
Gel, eý syrly mukam seni eşdeli.

Gel, eý sergin şemal, gezende şemal,
Açyk penjireden dol sen öýmüze.
Sen zemin üstünde ýüwrüp ýörensiň,
Hoş habarlar getiridiňmi toýmuza?!

Gel, eý, sergin şemal, gezende şemal,
Bu  gün meniň saňa aýtjak sözüm bar.
Ýüwrip git-de, buşlap çyk sen äleme
Turkmen gün geldikçe gül-güzar:

Jeýhun derýa ýetip barýar hazara,
Ol ýne-de köp ýerlere ýetmeli.
Garagumy göwsün bezäp läleden,
Derýalardan, depelerden ötmeli.

Derýa bolýar, deňiz bolýar çar ýanym,
Illerimiň bagty meniň görýänim.
Doganlygyň güýji bilen halkymyň,
Altyn bolar toprak diýip sermänim.

Tiz bol şemal, ýürekleriň şatlygyn,
Täze ýyl gutlagyn ýetir illere.
Gaýgy-hesret sumat bolsun dünýäden,
Aýdym bolsun, ýüklerde, dillerde!

1977

## Ikiçäk gürrüň

Ilkinji söýgüden gaýdanda badym,
Indi maňa söýmek ýokdur diýýärsiň.
Men saňa düşünýän: sen şeýle adam
Bir ömürde ýeke gezek söýýärsiň.

Men bolsa bu söze henizem garşy
(şüphe bolmaz ýüregimiň päkdigne).
Ynansamam başky söýgiň bardygyna,
Ynanamok başga söýgiň ýokdygyna.

Ynha dymyp dursyň meniň garşymda
Egniň ketenili başyň öýmeli.

Hany aýt sen, bir gezeklik ömürde
Näme üçin biz ýeke gezek söýmeli.

Özüň dek bir gyzy söýüpdim menem
Ol başgany szöýdi
Ol indi ene.
Öňküdenem otly, çuň söýgi bilen,
Men ikinji gezek söýýärin ýene.

Düzgünmidir ýeke gezek söýmeklik,
Gel onda biz şol düzgini pozaly.
Söýgi kitabyny iki söz bilen:
- Başarsaňyz söýüň! – diýip ýazaly.

1965

***

Gije geçip gitdi ýuwaş-ýuwaşdan,
Kakdy äpişgäni ak donly säher.
Hawa, şahyr, turan bolsaň daşa çyk,
Bu gün seniň bilen gepleşjek bahar.

Bu gyzgyn sährany, çygly topragy,
Ol eýýäm gül bilen edip edip taryp.
Diňlesin bu sesi ýakynlar-ýatlar,
Alyslar gulagyn öwürsin bäri.

Uzaklarda joşýan çaýlar-çeşmeler
Ýaz damajasyn bagyşlasyn sähere.
Aýdyma gelenler, söze teşneler
Pikir beriň: söz berilýär bahara.

Ukudan açyldym ulydan pallap,
Maňa geň göründi ýazyň gylygy.
Ony wasp etjekdim
Ol bolsa eýýäm
Elimden alypdyr şahyrçylygy.

1965

## Ýaşuly

Altmyş ýylyň bahary,
Altmyş ýylyň gahary
Altmyş güýzüň bereketli hasyly
Şu zatlaryň hemmseini özünde
Jemläp otyr peşeneli ýaşuly.

Üsti garly gaýalary ýatladyp,
Agarsa-da saçy bilen sakgaly
Göreşler içinde taplanan göwre
Jahyllygyň gujuryny saklady.

Göwün bolsa gitdigiçe ýigdelip,
Aýdymyny kemeltmedi azajyk.
Ine, şeýdip bir merdana ýürekde
Ýaşap galdy bir enaýy çagalyk.

Güýz düşen soň goňras geýinen peller,
Bagş eýledi görülmedik hasyly.

Sag bolsun zähmete taplanan eller!
Şeýle eller-seniň eliň ýaşuly!

Şu elleriň şarpygyna çydaman,
Köp duşmanlar betpälinden el çekdi.
Seniň göreşlerden doly geçmişiň
Meniň üçin bagtdan doly geljekdi.

1966

**Waspnama**

Kimler siziň saçyňyzy gulaçlap,
Kimler size "aýym-günüm" diýipdir.
Şeýdip on bäş ýaşly Geýneden başlap,
Ýetmiş ýaşly Gýötä çenli söýüpdir.

Aýallaň görküne mynasyp baha,
Berip bilmese-de käbir erkekler.
Boýun alman durup bilmez asyl-ha,
Olar näme gördi entek-entekler.

Garagumyň ýalyn ýaly çoguny,
Polat kimin bedenlere siňdiren.
Çagalarmyz kaka diýip aglanda,
Sizdiňiz şol "Gelýär" diýip diňdiren.

Sizdiňiz şol siziň üçin gan döken,
Gerçekleriň töýs mynasyp dost-ýary.
Watan ogly Watan üçin jan çeken,
Çagalaryň, garrylaryň hossary.

"Aýym" diýip, "Günüm" diýip köp şahyr,
Size bägüllerden örtsede örtük.
Özüňüz hakdaky beýik goşgyny
Özüňüz ýazdyňyz hemmeden artyk.

1966

**Aýda aý hakynda goşgy ýazylar**

Gezýär, ýazýar ýer ýüzüni aýlanyp,
Adamzadyň erki bilen hyrujy.
Bu ullakan şarymyzdan saýlanyp,
Bu gün aýa ýetdi bir ujy.
Biziň illeň oglnalarna, gyzlarna,
Ýene-de bir gezek baş egdi dünýä.
Meniň gök asmana bakýan gözlerme,
Ynha, indi başga zatlar görünýär.

Bu ümmülmez mawy deňziň düýbünde,
Ýaşaýar adamyň erki, hyrujy.
Ýaldyrap nur saçýar her bir ädimde,
Parlap ýere inýär onuň bir ujy.

Ol nur bir gün gapy-gapy aýlanyp,
Uzaklara ýaýradyp ýör tolkunyn.
Bu ullakan şarymyzdan saýlanyp,
Aýa düşdi ildeş seniň ýalkymyň.

Şahyr gözi bilen ýylgyryp täsin,
Bakýar oňa milliýonlarça nazarlar.
Indiki şahyrlar ganatly şahyr,
Aýa gidip aý hakynda ýazýarlar.
1966

**Sährada ýagyş ýagýar**

Kemin goýman ezildik
Sährada ýagyş ýagýar.
Deňsiz-taýsyz gözellik:
Sährada ýagyş ýagýar.

Seýran edip gelenler, -
- Ak goşarly gelinler,
Aýdym aýdyň, selinler
Sährada ýagyş ýagýar.

Ha gündiz, ha gijemiň,
Gaýmak bolar iýjegiň.
...Ahmal bolmaň tijeniň
Sährada ýagyş ýagýar.
1966

**Gelinlik**

Başyňdan geçirdiň bir kem otuzy,
Ýoldaşlaryň ata boldy bir eýýäm.
Sen bolsa şol gyzy-şol ajap gyzy,
Soňsuz söýgi bilen henizem söýýäň.

Seniň gelinligiň üýtgeşik bir zat,
Meňzemeýär bu görünýän gyzlara.
Gözellikde ýeke özi taý gelýär,
Aşyk-magşuklara-selbinýazlara.

Alym bilen alym ýaly gewpleşýär,
Alym diýýär kesesinden syn eden.
Şahyr bilen şahyr ýaly gepleşýär,
Şahyr diýýär kesesinden syn eden.
Käte seniň bilen pikir alyşýar,
Atomdan, kosmosdan, mednisinadan.

Saňa akyl berýär, saňa öwredýär,
Okuwda, durmuşda garaz her işde.
Asyl oňa gyz diýmegem dürüs däl,
Gökden inen perişdse-le, perişde...
Ýöne bir azajyk kemter ýeri bar:
Entek şol gelinlik inenok dünýä.
Haçan injegini bilenok hiç kim,
Belki, inen bolsa ony kim bilýär.

Belki, aramyzda ýaşap ýörendir,
Söýýändir, dyýýandyr, göreşýändir ol.
Seniň oňa gezişiň dek garaşyp,
Seniň söz gatanňa garaşýandyr.
1966

**Ulugyz**

**(gazak şahyry Kadyr Murzalyýewden)**

Ýaşlyk ölse, yzgarly
Ýalňyzlykdan ölýändir.
Ýaşy ýeten gyzlaryň
Ýar bolasy gelýändir.

Ýaşlyk çagyň-ýel güni
Şuwlaýan bir gök tokaý.
Ýara ýeten ol güni
Perzent ýoluna bakar!

Eger ýörülse diri,
Arzuw-arzuwa ýazar.
Bu arzuwlaň hiç biri,
Hasyl bolman dur häzir.

Açma, garaş-idäne.
Duş gelene ýüregňi
Ýaş çaýmawer didäňe,
Oň üçin nur deregne.

Ynha, seniňem bagtyň,
Ýigit bolup ýylgyrar.
Onsoň hoş geçer wagtyň,
Depäň ýeter ýyldyza!

Ýöne, ähli jübütleň,
Däldir ömri gül ýaly.
Aglap ýör kän ýigitler,
Kä gyz gülse gün ýaly.

Söze uýmany başar,
Bolar maňza damany.
Adam hatarna goşar,
Ýagşy gyzlar ýamany.

Ýanýoldaş däl böwrüne,
Sanjy alar kä ýigitler.
Ýerganara öwrüler
Şeýdip algyr bürgütler!

Ýigitlerde bir ýetmez –
Gyz synlarlar gyradan.
Akylyna seretmez,
Alkymyna sereder!

Bilseň ähli jübütleň,
Däl durmuşy gül ýaly.
Kim aglaýar bulut deý,
Kimse gülse gün ýaly.

Kim bilýär bu durmuşda,
Näme düşerin bijä?!
Owadan toty  guşlar
Dönüp gitdi kel jüýjä!!

Ýeter-ýetmez aýlyga
Bagtly bagtyn baglap ýör.
Äre barman
Baýlyga
Baran gyzlar aglap ýör.

Gözellerde bir ýetmez –
Ýigit saýlar gyradan.
Akylyna seretmez,
Altynyna sereder!

Başyň bogup, hasrtadan
Dolduryýançaň gursagyn.
Aladaň ýok hiç zatdan.
Oňad-a şu pursadyň!

Goý, oň üçin ýaglygyň
Öl bolmasyn çowy, gyz.
Uýat bolar, aglama,
Ýarsyz galmaz gowy gyz!
1966

## Bahar baýramy

Ýene bahar geldi biziň illere,
Ýene-de gozgandy köneje derdim.
Aşyk bolup gök köýnekli gyzlara
Erkim, ygtyýarym elimden berdim.

Öňki aýdymlarym üýtgedi birden,
Ýa durmuşa öwrüldimi şol mukam.
Anteý dek güýç alyp bu ene Ýerden
Ýa-da meniň özüm joşup ýörmükäm.

Dynmam aýdym ýasap alawdan, otdan,
Aýdymlaryň penasynda gyşladym.
Dünýäň aladasyn çykaryp ýatdan,
Birden... gül hakynda ýazyp başladym.

Eý bahar, sen goja daglaň başyndan
Inip gaýdan pälwan sypat derýamyň.
Zat galdyrman garly, aňzak gyşymdan,
Ýaşlyk bilen gurşap aldyň her ýanym.

Derýalaryň tolkunlaryn ýatladyp
Hem gije, hem gündiz akyp dur ýyllar.
Ýa men täze gül dek ýörün şatlanyp,
Ýa täze aýdyma başlapdyr ýyllar.

Gitdikçe gysgalyp uzak aralyk,
Ýene-de gozgandy köneje derdim:
Duman kimin sumat boldy aýralyk,
Ine bu gün ýene men seni gördüm.

Bu neneňsi gudrat, bu neneň mukam,
Ýa dünýä täzeden inip ýörmükäm?
1967

## Tüýdük

Ýanýar uzaklarda çopan otlary,
Azaşan ýolagça gol bulap daşdan.
Meýdanbalryň dyza ýetýän otlary
Irkilip başlaýar ýuwaş-ýuwaşdan.

Alyslardan gelýän ötegçi şemal,
Äkidýär howanyň soňky toz-petin.
Ýaşyl öleňleri synalr ýaly däl,
Bäş ädimden uzakda däl gözýetim.

Mör-möjekleň sesi ýatyp bireýýäm,
Örtünýär giňişlik gara şalyny,
Diňe dag-derýalaň üstünden aşyp,
Ötegçi ýol dowam edýär ýoluny.

Ötegçi ýol gezim edýär her ýana,
Ýollar aşyp bir zatlary gözleýär.
...Ine, birden gollar geldi lerzana,
Tanyş goşdan böküp çykdy “Näzli ýar”.

Tanyş goşdan böküp çykdy “Aýjemal”
Ötegçi ýol
Ösübilseň
Ös indi.
Meýdanlar gerinip ýerinden turdy.
Täze otlar ördi
Gökde gübürdi!
Kömelekler dömdi depeler ýasap,
Bulut göçdi, ýagyş ýagdy şabyrdap,
Birdenem bar sesler
Tapba kesildi.

Ýanaýr uzaklarda çopan otlary,
Azaşan ýolagça gol bulap daşdan.
Alyslara uçup gitdi “Aýjemal”
Agyr süri örýär ýuwaş-ýuwaşdan.

1967

***

Belki, şindem bardyr aýak yzlarym,
Köp gezek düşlapdim bu güzerlerde.
Yzlaryna düşüp gözel gyzlaryň,
Günde birin söýüp galardyk derde.

Ynha, şol ozalky dumanly gaýa,
Aşakda bat bilen çyrpynýar Jeýhun.
Täsin gudrat jemlenipdir bu gaýa,
Bakmanam bolanok,
Seretmegem kyn.

Uzaklarda, gözýetimiň çetinde,
Akyma ýan berýär çägesöw kenar.
Pagşyldy, güwwüldi, ýapraklaň sesi,
Bu nä täsin sungat,
Bu niçik hünär!

Jeýhuna abanýan haýbatly daşyň,
Şol bytnaman dyrşy,
Durşy dek ozal.
Ýokardan seretseň aýlanýar başyň,
Hem örän gorkuly, hem örän gözel.

Belki, şindem bardyr aýak yzlarmyz,
Köp gezek suw içdik bu güzerlerden.
Her gün birin söýen gözel gyzlarmyz,
Eýýäm haçan gidipdirler bu ýerden.

Şundan başlanypdy biziň söýgimiz,
Başlanypdy bir-biregiň sarpasy.
Eý, ýan bermez gaýa, sen bolup galdyň,
Ýaşlyk bilen kämilligiň serhedi.

1967

### Galina Benislawskaýa

Kyrk iki ýyldan soň ýatlaýas seni,
Aralakyda ýol bar kyrk iki ýyllyk.
Rus asmanynyň atlas dek daňy,
Dökdi saçlarynňa mährem ýylylyk.

Tokaýlar ygşyldap dökdi üstüňe,
Söýgüden ýasalan tylla ýapragyn.
Gözüň ýumup uka giden dessiňe,
- Balam – diýip guçdy ene topragyň.

Ýaşamakdan , göreşmekden gorkmadyň,
Öz-özüňi gizlemediň bi çetde.
Bu ýowuz ölümden gorkmadyk adam,
Bu ajap durmuşdan gorkmaz, elbetde.

Kyrk iki ýyldan soň ýatladyk seni,
Aralarda ýol bar kyrk iki ýyllyk.
Rus asmanynyň päkize daňy,
Seçip dur üstüňe mährem ýylylyk.

1967

### Çopan gürrüň berýär

Çopan gürrüň berýär bir zatlar hakda
Sadaja jümleler çykyp dur erkin.
Ynandyrjak bolup edenok ünji,
Ynan,
Ynanmaga bar bolsa erkiň.

Çopan gürrüň berýär bir zatlar hakda,
Sözler çykýar ýüreginden ýol ýasap,
Güldürjek bolubam edenok ünji
Gül, diňe gülkiňi bilmeseň sakalap.

Ýene bir zat hakda gürrüň berýär ol,
Uludan dek alýar, çytylýar gür gaş.
Aglatjak bolubam edenok ünji
Agla,
Eger sende bar bolsa göz ýaş.

Hakyky ynanjyň, hakyky gülkiň,
Hem gözýaş ýok bolsa
Onda başgasyň.
Gyňyr tebigatdan,
Sada çopandan
Iň alysky ýyldyzdanam daşdasyň.
1967

**Günleriň birinde**

Käte näme...
Şowsuzlygam bolup dur.
Aýdaly, söýsem-de söýmändir bir gyz.
Durmuşyň ajysyn ýuwudyp sessiz,
Böwrüm diňläp, hesret çekmedim hergiz.

Ilki saýlan gyzym söýmedi meni,
Goý söýmesin. Gitsin bir gülüp bakman.
Meni söýmese-de, garaz, birini
Günleriň birinde söýer ol hökman.

Günler öwrederler oňa söýmegi,
Öwrederler günler ýigrenmegi-de.
Biz günlerden öwrenýäris ahbetin
Illere öwredip, öwernmegi-de...
1967

**Söýýänligiň çyn bolsa**

Eger meni söýýänligiň çyn bolsa,
Maňa garap, "söýýän" diýip aýtma sen.
Eger meni söýýänligiň çyn bolsa,
Barybir bilerin aýtsaň-aýtmasaň.

Gözleriňe bakyp bilerin ony.
Söýginiň gözleri şeýledir başdan.
Garaňky gijeler çopan goşunda,
Ýakylan ot kimin görüner daşdan.

Gaý-tupanda galsam, ýatlasam seni,
Meni gara gözleň hemişe goldar.
Eger şol gözleriň aldaýsa meni,
Senem ol gözlerden isleme dalda,
Meni aldan gözler
Seni-de aldar.
1967

**Gözleri ýoluňda**

**"Gözlerim ýoluňda" powest.**
**"Ürgenç gözeli" powest.**
**(G.Seýitmädow).**

Seniň gara gözleriňe maýyl men,
Gözlerim ýoluňda Ürgenç gözeli.
Ýüz ýaşa diý, ýaşamaga taýyn men,
Gözlerim ýoluňda Ürgenç gözli.

Uzakdan görünýän äpet minara,
Belki-de, şanyňa gurlan binadyr.
Saňa ýar bolana ölmek günädir.

Gözlerim ýoluňda, Ürgenç gözeli.

Uzakdan uzakdyr ajap tarypyň,
Girensoň goýnuna goja taryhyň
Heniz doly ýetiremok tarypyň
“Gözlerim ýoluňda,“ Ürgenç gözlei”.

1967

**Seni gaty owadan**

Gara gözli humaýym,
Sen säher dek mylaýym,
Atyr ysly öýmäňi
Nämelere deňäýin?

Batbereg-ä, batberek,
Batberege bat gerek
Batberegim ýok meniň,
Öýmäň saňa batberek.

Garagumyň gyşynda,
Çopanlaryň goşunda,
Säher seni ýatladym
Ojar oduň başynda.

Aňmasa-da derdimi,
Ferma ýilen baş çopan.
Bir ahwalat gördümi
Gülüberdi ýaş çopan.

Çopanlaryň ody dek,
Gijelerne böwüs sen.
Jöwzalarda ýanaýyn,
Şemal bolup öwüsseň.

Ozal seni görmämsoň,
Ýaşap ýördüm armansyz.
Indi maňa dert bolduň,
Indi maňa derman sen.

1968

**Çatrykda**

Seniň bilen geçdik ençe menzili,
Gülälekler ýygdyk depe gollardan.
Geçmişe öwürip gözýetimleri,
Bagt gözledik ylham tapdyk ýollardan.

Säherleriň gyraw düşen howasyn,
Käseläp içsek-de karar tapmadyk.
Ýaşlygymyzyň, ýalňyşlygyn, günäsin,
Kämillikde sapak bor diýp sakladyk.

Şatlansam, gam çeksem, ýigrensem, söýsem,
Bu alys ýollarda sen bolduň şaýat.
Menem saňa göz ýetirdim kem-kemden,
Gözüm ýetdigiçe bolduň maňa ýat.

Şeýdip kän ýöredik depeler aşyp,
Gitdigiçe bir-birekden daşlaşdyk.
Bu gün ýetdik iki ýoluň çatrygna,
Dost bolduk biz, dostluk bilen hoşlaşdyk,

Senem duşuşarsyň gözlegiň bilen,
Menem duşuşaryn, gözlärin bagtym.
Ýöne indi ikimize duşma ýok,
Her kim öz ýoluna...
Bolýar, hoş wagtyň.

1968

**Mikroraýonda ýaşaýan altmyş ýaşly gojanyň aýalyna aýdany**

Ak gara duwlanyp gelende ýanwar,
Doňanda ýaplaryň durnagöz suwy.
Jaýymyz sowuk-diýip,
Gam çekme dildar,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Birinjiden, munuň şemaly bolmaz,
Şemalsyz sowugyň azary bolmaz,
Üstüňi gar örtjek gümany bolmaz,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Ikinjiden, tagta poldur aşagy,
Aşak dürüs bolsa besdir gyş aýy,
Şulardan soň, onsaň nädip üşäli,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Batareýa bary hatarma-hatar,
Üstün gyrawladuyp pikire batar.
Ynha, hä diýmänkäň aprelem ýeter,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

Altmyşyň ýelgini eliňdekä ýar,
Gam çekmegin, gama batma giriftar,
Esasy zat öýümizde ýorgan bar,
Her näme diýseňem daşardan gowy.

1968

***

Dag başyny duman alýar,
Bulut olaň ýarany.
Gowy günler yzada galýar,
Ýyllar açýar arany.

Oabmyzyň ortasynda,
Bir ymarat agarýar.
Giň klaslar gujak açyp,
Ýene meni çagyrýar:
“Eý, oglanjyk, gaty gaçdyň,
Gelip düşdüň, nirleden?
Ne sebäpden ara açdyň,
Bu mähriban ýerlerden?

Nirde galdy kiatp bukjaň,
Gyzyl çitden tikilen.
Bu baglary tanadyňmy,
Bular haçan ekilen?”

Ýaşlyk ýyllar,
Şat oglanlar
Şemal ýaly kakabaş.
Bir görseň-ä ýakyn ýaly,
Bir görseňem gaty daş.

Her täze gün täze şatlyk,
Täze arzuw äkelýär.
Şeýdip-şeýdip gowy günler,
Gitdigiçe köpelýär.

Ýaşap,ýaşap pikir edýäs,
Bir menzile ýetensoň.
Bu günleriň gowudygyny
Bilip galýas ötensoň.

***

Sagymda ümmülmez mawymtyl sähra,
Göçüp-gonup ýören depeler, gollar.
Daş-töwerek dünýäň islän ýerine
Alyp gidip biljek gumaksy ýollar.

Gözýetimde ýeriň, gögüň serhedi,
Ýokarsynda bolsa ýyldyzly dünýä.
Ýaňyja diňipdir bahar ýagyşy,
Gursagy hyjuwly baýyrlar dymýa.

Ýuwupdyr danajalar guba çägäni,
Bar öz reňkinde, bar ýer arassa.
Uklap ýatyr el degmedik öleňler,
Uç-gyraksyz sähram dem alýar assa.

Ýüreklerňiz çaga ýaly baý siziň,
Sähralarňyz güneş bilen ýar siziň,
Buýsanyň siz, şatlanyň siz, çopanlar,
Gör nähili kän dünýäňiz bar siziň.
1969

***

Hany bir mahalky ýumşajyk sözler,
Aý aýdyň agşamlar, agajyň asty.
Basmaçylar bilen gan-pyçak bolup,
Kükreýän çagalarym ýaňydy-ýaňy.

Baý bolup ýaşadym ýeriň ýüzünde,
Şol zatlaň baryna eýelik etdim.
Ýüzdüm äpet tolkunlary gulaçlap,
Ynha, şeýdip ahyr kenara ýetdim.

Owadan gözeller,
Kesgir gylyçlar

Men sizi galdyrýan ýagty jahana.
Biriňiz-ä söýüň,
Biriňiz goraň
Şöhrat bolsun sizi oýlap tapana.
1969

***

Köpler-ä şygyrdan ara açdylar,
Proza diýip, drama diýip gaçdylar.
Şondanmyka,
Başaga sebäp barmyka?
Ne sebäpden az ýazylýar goşgular?

Meniň syr alyşýan dostlarym bardy,
Olaryň köpüsi ýazardy goşgy.
Gijeler olara medet bererdi,
Ýigtlik ýelgini, jahyllyk yşgy.

Ýigrim bäşe çenli dürler seçdiler,
Otuza ýetmänkä eýýäm öçdüler.
Ýa-da şeýle zatlar sebäp boldumy
Ne sebäpden az ýazylýar goşgular.

Ýaz aýlary guşlar bilen bäs edip,
Gülden goşgy ýasap, baglaýas çemen.
Birden tupan tursa zaryn ses edip,
Ine, şonda biziň ýagdaýmyz ýaman.

Şonda köpimiziň halymyz harap,
Ahmyr edýäs: “ot dek günler geçdiler”.
...Ot dek goşgy ýasap bilmesek buzdan,
Ýazylmasa, ýazylmasyn goşgular.
1969

## Maý goşgysy

Duman göterildi goja dagalrdan,
Çopan ýaýlalary özgertdi görkün.
Güller hoşbaý yslar kükäp bar ýerden,
Arzuwlara batyp oýlanyar her kim.

Ýigrimi bäşli ýaşlylar göz aýlap ýaýla,
Kalbynda akdyrsa söýgi derýasyn.
Ak sakgal gojalar seredip aýna,
Yzyna çagyrýa on sekiz ýaşyn.

Gök asmandan nem ýerine nur inýär,
Gursaga syganok joşgunly göwün.
Begres don geýnen parahat dünýä
Bir owadan gyza öwrüldi bu gün.

Gözýetim çekilip uzakdan uzak,
Derýalar, çeşmelere özgertdi görkün.
Nämüçindir şeýle bolýar her gezek,
Arzuwa beslenip oýlanýar her kim.

Maýyl maý getirýär gyzyl gülleri,
Maýyl maý eçilýär wagtyhoşlugy.

Goý, Dünýäni gözle etsin Maý ýaly
Dünýä ynsanlarynyň raýdaşlygy!
1969

**Meniň Obam Şyharyk**

Meniň obam Şyharyk
Obalaryň seresi.
Ýeke gezek gelenleň
Geler ýene gelesi.

Bir tarapy – Garagum.
Bir tarapy – derýadyr.
Derýaň göwsün sarsdyryp,
Parahodlar barýandyr.

Adamlaryň kalby dek,
Akdyr onuň pagtasy.
Gör, nähili ösüpdir
Bagy bilen bakjasy.

Her gün säher ir bilen
Ören çagy serçeler –
Süýt, çörekden doýar-da
Sygyra gider körpeler.

Köçelerde günuzyn,
Dynçlyk sürer şalygy.
Ene ýabyň göwsünde
Köpdür tylla balygy.

Ýaza çenli saklanar,
Gawun, garpyz, hyýary.
...Şu obadan başlanýar
Meniň eziz diýarym.
1971

**Pälwanýabyň kenarynda**

Pälwanýap Horezmde uly kanallaryň biri hasap edilýär.

Myhman üçin gujagyny açyp dur
Pälwanýabyň boýundaky çaýhana.
Güler çüzler bilen salkyn saýalar
Gök çaýyny hödürleýär suwsana,
Ak çöregin gysganamýar myhmana.

Bir ýanynda bugaryp dur palawy
Bir tarapa baksaň, ynha “Ryba žar”.
Garagözelek gyz edip ýör hyzmat
Gawunam bar, garpyzam bar, naram bar.
Onsoň bu dünýäde näme kemiň bar?

Garagözelek gyz,
Aýtsana maňa
Näme beýle içgin-içgin seredýäň.
Eli bloknotly şahyr ýgidiň
Ýüreginde agyr gussa döredýäň.

Näme beýle ogryn-ogryn serdýäň.

Köpden bäri garaşýarmyň bagtyňa,
Garaşyber, howlukmasaň taparsyň.
Ýol üstüdir, ýöne birden ýalňyşma,
Şu ýaşyňda bir ýalňyşdyň – gutardyň.
Howlukmasaň, darykmasaň utarsyň.

...Myhman üçin gujagyny açyp dur,
Pälwan ýabyň boýundaky çaýhana.
Güler ýüzler bilen salkyn saýalar,
Gök çaýyny hödürleýär suwsana,
Ak çöregin gysganamýar myhmana.

Geçip bolmaz bu çaýhanaň deňinden,
Bir gezek gelenler gelerler ýene.
Gara gözli gyzyň bagtyna meňzäp,
Ynha, menem gelip düşdüm bu ýere,
Belki, nesip eder gelmeklik ýene...

1971

## Utandyrmak

Üýşüşip dostuňka bolarsyň myhman,
Iň ilkinji hezzet – çaý bilen çörek.
Käsi diýer: “Getirsene naharyňy
Soňky çykan zatlar nämäme gerek?”

Meniň söwer dostum,
Gadyrdan dostum,
Sen nämüçin ýüreklerde dag goýýaň?
Çaşyň biziňkiden kiçemä-hä däl,
Ýa-da unutdyňmy baryny eýýäm.

Sorap gör eneňden unudan bolsaň,
Diňe şonda düşünersiň bada-bat.
Biziň üçin juda gymmat düşendir
Beýik mertebeli “SOŇKY ÇYKAN ZAT”.

Şu günüň kakabaş ýetginjeklerniä
Gulagyndan çekip, berkiräk darap, -
Bu zatlary öwretmeli halyňa,
Seň özüň otyrsyň gazaply sorap.

...Şu beýik däbimiz ömür ýitmesin,
Elmydama açyk bolsun gapylar.
Çaý bilen çöregmiz mydam bar bolsun,
Başgasynyň bir alajy tapylar.

1971

## Gazal

Aý hem senden aýlanyp ýör, ak
ýüzdäki halyň üçin,
Günem senden öwrülip ýör, goşa-goşa
naryň üçin,
Çölem senden aýra düşmän, gije-gündiz
ýanyp bişýär.
Ýelem her gün däli-porhan, jan alyjy

maryň üçin.

Daglar-daşlar lerzan urup, bulutlar
geler amana
Eý gözel gyz, ak ýüzüňde, ak alkymda
garyň üçin.

Heniz dünýä inmedikler dogulmaga
howlugýar,
Seni görmän ölenlerem armandadyr
zaryň üçin.

Nätseň onsoň aşyk Halyl bu zatlary
Gören soň
Aýlar, günler ýanyp ýörse, meniň zülpi
tarym üçin.
1971

**Güýz**

Her paslyň özüniň öz gözelligi,
Gözelinden gowy, gowsundan gowy.
Täze tertip tutup atyz-çilligi,
Bireýýäm sowady ýaplaryň suwy.

Uzyn günler çyplaň gezýän jahyllar,
Säher eginlerne aldylar penjek.
Gijeler birneme bolsa-da salkyn.
Günüň tomus howry gidenok entek.

Altyn şaý dakynan çigrekli güýzüm,
Atyzlara ýyldyz bolup saçyl sen.
Egni kombinzonly gara göz gyzyň,
Ýüreginde bägül bolup açyl sen.

Ojagmyza odun, küýzämize suw,
Ýene-de bereket desterhanlara.
Ak baýlykdan kemsiz tutup ýüküni,
Gyzyl kerwen bary düşdi ýollara.

Atyzlarda bolsa mawy kerwenler,
Göýä algyr laçyn guş deý pelpelläp.
Asly babadaýhan, işe türgenler
Bir ýanyndan gidip barýar saýhallap.

Saýhallaň, ser salyň alysdan alsa,
Pellermiz joş urýar millionlar bilen.
Bu ak ýolda bolup bilmez alyslyk,
Şeýle gyzlar, şeýle oglanlar bilen.

Şeýle işe türgen inerler bilen,
Mesgenim mydama ala-ýaz bolsun.
Ýüregimde baky bahar bolsa-da,
Meýdanyma gelen güýzüm güýz bolsun.
1972

**Itiň çäkmen dokaýşy**

Gyşyň aýazynda buýanda itler,

Üýrüşip,
Ýörlermiş gezekme-gezek:
- wow, wow, wow...
- Bu bolşuňyz bolmaýar-how, ýigitler
Munuň bir çäresin kylmagmyz gerek.

Eňki gaçan tüýlek gürji sortduryp
Çyňsarmyş: eşiksiz ädimem ätmen.
Tomsa çyksam öz ýüňümi gyrkdyryp,
Dokaryn özüme ýylyjak çäkmen.

Onsoň tomus çykýar,
Hälki it bolsa
Öz it ýalagyndan garnyny ýallap,
Uzyn günläp süýşüp kölgeden-kölgä,
Pikir edermişin dilini sallap.

- Gyş düşse eşiksiz ädimem ätmen,
Dogrudanam, eşik uçursyz derkar
Dikmeli ýüňümden özüme çäkmen
Ýöne welin... kim egirip, kim dokar.
Kim egirip, kim dokar,
Kim egirip, kim dokar.
Onsoň tomus geçip,
Ýene gyş düşýär.
Ýene it çyňsarmyş gijeler ýatman:

- Tomsa çyksam öz ýüňümi gyrkdyryp,
Dokaryn özüme ýylyjak çäkmen.

Ýyllar geçip,
Dynman aksa-da suwlar,
Gaýtalanar durarmyşyn arzuwlar.

1972

## Degişme

**(Edebi parodiýa)**

Wysalyňa ýetýänçäm,
Jemalyňdan doýmaryn.
Kino, teatr diýip,
Öz ugruňa goýmaryn.

Bu dünýäde naýbaş sen,
Hem görk, hem görmekde.
Wysalyňa ýetýänçäm,
Aýlanaryn turnikde.

Bahar pasly çykanda,
Kömelekler bilaryn.
Wysalyňa ýetýänçäm,
Kebelekler bolaryn.

Dörederin aýdymny,
Çalaryn men sazynam.

Wysalyňa ýetemsoň,
Görüberýäs yzynam...
1972

***

Ýokaryk seretsem – dup-dury asman,
Aýagmyň astynda – ter gülli meýdan.
Dört dogan, dört pasyl meniň myhmanym,
Men bu sahabatly ýerlere gurban!

Ter gülli sährada owlak-guzulam
Ýaýraşyp ýör hanha depeden-depä.
Gök ot bilen, her gül bilen sowuk suw,
Göwnüne ganatdyr, janyna şypa.

Sagyma seretsem – gök jähek, kanal,
Solumaseretsem – soňsyz inerler.
Men bu sahabatly topraga gurban,
Bu topraga türkmen çöli diýerler!
1973

**Men seni söýýän**

Dagdan ynam bilen düşdüm yzyna,
Daş dek ykraryma ömürlik uýýan.
Iller näme diýse diýibersinler,
Meniňki şol bir söz:
-Men seni söýýän.

Söýmek hem söýülmek ýüregiň derdi,
Hersi bolup biler bu juwanlykda.
Kimmişin ol meni söýeňok diýip,
Seni aýyplajak biwepalykda.

Ýöne rastyň diýmän gizlenseň eger,
Gutulyp bilersiň. Öňünden duýýan.
Diýerin men saňa bir ýerden jyklap,
Meniňki şol bir söz:
-Men seni söýýän.

Garaňky gijeler azaşsaň ýalňyz,
Manam gara gijä tutup ýüzümi.
Duýdurman öňüňden çykaryn birden
Hemem gaýtalaryn şol bir sözümi.
Meni söýseň iki ýürek birleşip,
Bir ýürek boljagny öňünden duýýan
Eger-de söýmeseý...
Söýmeseň söýme.
Meniňki şol bir söz:
-Men seni söýýän.
1973

**Goja hem bahar**

Görüp-eşdenleri goýdy haýrana,
Gojanyň boluşy bahar gelende.
Ir säherler turup çykdy seýrana,
Ýüzün tutup belentlerden belende.

Hemaglajak bolýar hem güljek bolýar,

Telpekdir donuny zyňýar bir ýana.
Onsoň agtyklarny yzyna tirkäp,
Seýle çykýar gök çemenli meýdana.

-Sen gül ýyg – diýýär ol birine bakyp,
-Senem akar suwdan doldur küýzäni.
-Sen bolsaň döşüňe elwan gül dakyp,
Sowuk suwdan gandyrmaly suwsany.

Bireýýäm ýaşmagyny syran gelinler,
Gojany ilkinji görýän dek ylla.
Gülýakaly ýakalaryn tutuşyp,
Diýipdirler: "Toba estagpurylla".

Ine, şeýdip ýüz gudratly ýaz geldi,
Serpildi ýakasy süýt dek bedenleň.
Gojalar heserläp elemtas boldy,
Dat gününe on sekize ýetenleň!

1973

### Garagumuň alkyşy

Sag bol, ýüregimden önen perzendim,
Gojalan çagymda ýaş etdiň meni.
Men bu gün jahana täzeden indim,
Jeýhunsuwy bilen joş etdiň meni.

Otly gursagymy gerip sährada,
Bir katra nem diläp asmana bakdym.
Ine, onsoň sen döränsoň dünýäde,
Gökden tapmadygym zeminden tapdym.

Ine, ahyr sen ýetişdiň dadyma,
Arladyp geldiň-de buldozýeryňy.
Bütin dünýä aşyk boldy adyňa,
Bütin dünýä gördi seniň zoruňy.

Atalaň, babalaň süýji arzuwy,
Asyrlar dirilip seretsin indi.
Baş galdyrman ýatan derýanyň suwy,
Bu gün kükregimdedeňize döndi.

Gygyrasym gelýär begençden ýaňa:
-Şiriniň aşygy, dag ýaran Perhat!
Şöhrat bolsun senden öturenlere,
Şöhrat, suw getiren ärlere şöhrat!

1974

***

Dünýämizde bir ullakan dünýä bar,
Harplykdan başlanýar onuň bir ýany.
Sen ony özüňe edipsiň syrdaş,
Ol saňa öwreder syrly dünýäni.

Bir ömürde dünýädäki bar zady,
Gözüň bilen görüp çykaýmak kyndyr.
"Harplykdan" başlanan dünýä bar bolsa,
Alys-alys ýollar saňa ýakyndyr.

Eşidersiň ondan ajap mukamy,
Ýaşaýan zamanaň döredýän sazyn.
Ol saňa ýetirer täsin heň bilen
Geçen uzak eýýamlaň-da owazyn.

Şeýdibem kem-kemden giňär gözýetim,
Öňünde otyrkaň ýetersin arşa.
Bu dana gojalar – bu küti tomlar,
Toýuňda mylakat, ýasyňda arka.

Eý dana gojalar, dana kitaplar
Görk goşuň siz dünýämiziň görküne.
Urgur ýürek kimin, göz-gulak kimin
Hemişelik ýoldaş bolup her kime.

1974

**Düýeboýun GES-i**

Dynç alyş günleri
Oýun-oýundan
Baryp çykdym, obam,
Düýebuýundan

Bir tarapy derýa,
Bir ýany baýyr.
-Eý, mähriban obam,
Ertiriň haýyr!

Bir tarapy bägül,
Bir ýany mahmal:
-Eý, mähriban obam,
Bu niçik ahwal?

Bir ýanynda bolsa
Ala şakyrdy.
Bu maşynlar munda
Haçan kök urdy?

Gije-gündiz gazyp
Ýeriň bagryny,
Kimler üýtgetdikä,
Suwuň ugruny...

Obam jogap berdi:
-Eý, eziz balam,
Bular meň gudratym,
Bular meň läläm!..

1974

**Daglar bilen baýyrlar**

Belentlikler hemme zada ýaraşýar,
Ýaşlykdan ýaşaýan bulary söýüp.
Daglar bilen baýyrlaryň parhy bar,
Biri belent beýik, biri pes beýik.
Ýaşlykdan ýaşaýan bulary söýüp.

Gaýalaryň gujagynda biter nar,

Gaýalar daglaryň sarsmaz esgeri.
Baýyrlaryň degre-daşy lälezar,
Aşyklaryň gül çemenli mesgeni.
Gaýalar daglaryň sarsmaz esgeri.

Ýokardan aşaga bulaklar akar,
Ter otlaryň baldagyny egdirip.
Daglar baýyrlara ýokardan bakar,
Sowuk suwly çeşmesini çogduryp,
Ter gülleriň baldaklaryn egdirip.

Jülgeleri mesgen edip şir-peleň,
Daşlary sarsdyrypçekende nala,
Owadan gözeller, zyba gözeller
Baýyrlara çykyp, kakarlar läle.
Daglarda gaplaňlar çekende nala.

Gursagynda gül ösdürer baýyrlar,
Müň jylwaly alabahar gelende.
Misli ak sakgaly paýhasly goja,
Daglar tutargarly başyn belende,
Müň jylwaly alabahar gelende.

Dagdyr baýyr mydam aga-ini dek
Ýaşap ýörler belentlikden dem alyp.
Heniz görmedikler goja daglary,
Baýyrlara dag diýerler aňalyp,
Ýaşap ýörler belentlikden dem alyp.

1974

**Boýun almak**

Seniň ýüzüň lowurdaýar Gün ýaly,
Gaşlarňy hiç zada bilemok deňäp.
Seniň gara saçyň misli tüm ýaly,
Dişlerňi hiç zada bilemok deňäp.

Muhabbetli kalbym gussadan doly,
Joşýar, howalanýar derýalar ýaly.
Ýürek sag bolsa-da,
Köňüller doly,
Ýaşlygy hiç zada bilemok deňäp.

Örän dürli bolýar ykbal hem ömür,
Altynmy, kümüşmi, polatmy, demir.
Bu nähili jeza,
Bu neneň jebir,
Döşlerňi hiç zada bilemok deňäp.

1974

**Sesim ýetdiginden**

Şahyr ýigitleriň köpüsi kimin,
Ilkinji söýgimiň bolmady yzy.
Maňa ýene bir gyz eçildi zemin,
Öňküdenem beter söýdüm bu gyzy.
Bu gyz boldy maňa elýetmez asman,
Bu gyz boldy meniň egsilmez derdim.
Gör, nähili men öz polat erkimi

Şu eýjejik gyzyň eline berdim.

Gör, neneňsi geň zat:
Men öz erkimi
Şu eýjejik gyzyň eline berdim.
Dünýäde söýgüden güýçli zat ýok diýp,
Sesim betdiginden gygyrdym ýördüm...
1974

### Meniň elli ýaşan elwan ýaşlygym

Ýaňy dälmi ot içinde taplanyp,
Kemala geleniň, gerçek bolanyň.
Ýörişlerden-ýörişlere at salyp,
Boýuny ýetiren ner dek bolanyň
Toý mübärek bolsun, juwan ýaşlygym,
Meniň elli ýaşan elwan ýaşlygym!

Ýaňy dälmi ganly gary bagyrtlap,
Gülleleň astynda süýşeniň öňe.
Watan goragynda gerip döşüňi,
Beýik ynam bilen gireniň jeňe.
Ilim-günüm üçin gurban ýaşlygym,
Meniň elli ýaşan elwan ýaşlygym!

Seniň şöhrat, mertlik bilen beslenen,
Seneleriý kändir gowudan-gowy.
Bugdaýa öwürip gazak sährasyn,
Türkmen çöllerine getirdiň suwy.
Senden medet aldy her ýan, ýaşlygym!
Meniň elli ýaşan elwan ýaşlygym!

Adamzada sallançakdyr Ene ýer,
Ýöne sallançakda ýaşap geçmek kyn.
Dünýäde ganatly bar bolsa, diňe
Meniň ýaşlygymyň uçmagy mümkin.
Saňa başyn egdi asman, ýaşlygym!
Meniň elli ýaşan elwan ýaşlygym!
1975

### Güýz goşgusy

**Tylla sary egne geýen lybasyn,
Sende wasp edere gözellik has kän.
Eçilýän baýlygy sahylyk bilen,
Seň bilen bagtlydyr bu enemekan.**

**Seniň sesiň akar suwuň sesi dek,
Hem tämiz,
Hem dury,
Hemem ýakymly.
Seniň ýüzüň tylla günüň ýüzi deý,
Hem aýdyň, hem nurly, hemem şekilli.**

**“Ak altyny” atyzlara sepeläp,
Sowatdyň durnagöz dury suwlary.
Injiriň, enaryň, gulabyň bilen
Asmana göterdiň hoş arzuwlary.**

**Seniň kalbyň çagaňky dek arasssa,**
**Hatam dek jomartsyň, boldur hasylyň.**
**Häkim bolup bu ümmülmez meýdana,**
**Altyna öwürdiň gyzyl, ýaşylyn.**

**Gyşda doňup, ýazda gaýnap, bekişen**
**Arslan ýürek, är bilekli güýçsüň sen.**
**...Seni senden başga deňäre zat ýok**
**Bu dünýäde deňsiz, taýsyz güýzsüň sen.**

**1975**

### Komsomol – ýaşlyk

Mekdep ýyllarynda dörlük hem bäşlik,
Ynha muňa diýrler komsomol-ýaşlyk.
Bir gün sen mekdebi edersiň tamam,
Deň-duşlaryň saňa uzak ýerlerden
Ýollarlar  salam, diýreler: “Keýp neneň?” Diýersiň “Bäşlik”.
Ynha muňa diýrler komsomol-ýaşlyk.

Günleriň birinde söýülersiň sen,
Bir gül ýüzli gözel bor saňa aşyk.
Sorasalar senden berersiň jogap
“Ynha, muňa diýrler komsomol-ýaşlyk”.

Ata-ene borsuň, ulalarsyň sen,
Zürýatly bolarsyň pasyllar aşyp,
Ýene-de şol sorag, öňki soragdyr
Sen jogap berersiň: “Komsomol-ýaşlyk”.

Onsoň şeýdip geçip gider kän günler,
Sakgalyň agaryp, çöňňeler gözüň.
Ogluň-gyzyň komsomola geçerler,
Seniň welin şol ýüregiň, şol sözüň.

Sen bolsa hem dünýä, hem perzendiňe
Goja köňül bilen bolarsyň aşyk.
Sorasalar senden berersiň jogap
“Ynha, muňa diýrler komsomol-ýaşlyk”.

1975

### Dostlaryma degişme

Hemmelerem öz dostuna guwanýar,
Öz dostuna sarpa goýup ýör hemme.
Meniň iki sany söwer dostum bar,
Birisi geplemsek, birisi dymma.

Lakgylykda ýakasyny tanadýar
Ele alsa al şeraply bulguryn.
Beýlekisi bolsa onuň ýaly däl,
Haçan görseň dymyp otyr ýylgyryp.

Birine ýüzlenýän: “A-how, bes indi,
Ýürekelre düşdüň ertirden bäri”.
Beýlekä diýýärin: “Gezek seniňki,
Senem bir zatlar diý, iliňki ýaly”.

Az salymlyk dynjyn alýar geplemsek,

Onsoň ýene öňki tutum başlanýar.
Birinde kanagat, birinde gaýrat,
Biri gürrüň berýär, birisi dymýar.

Rasdym diýsem, iň dogrusy şulaňky,
Otur diýseň, oturarlar hepdeläp.
Ynha meň ýagdaýym birneme agyr,
Ne-hä dymyp bilýän, ne-de bir gepläp.
1975

**Bilip bolmaz...**

**Ýuka ýürek tankytçynyň monology**
**(Andreý Wnukowdan)**

Gaty gazaply men daşky görnüşim,
Hak söz üçin jan bermäge taýyn men.
Ýöne welin şeýle diýýär ýüregim:
Ýalňyşarsyň. Tagapyl kyl, “käýinme”

Çynym bilen tankyt edip başarýan,
Dada geler sansyz pýesaň awtory.
Ýöne welin ýürek diýýäar: “Howlukma,
Bilip bolmaz, ýokdyr onuň hossary.

Bilip bolmaz, bäbeklikden serhoşdyr,
Bilip bolmaz, namutdyr ol mirasdan.
Bilip bolmaz, aýrylşandyr aýaly,
Bilip bolmaz, çekinýändir ilatdan”.

Käbir şahyr suwjarmagy eý görýär,
Alaga-da, döwüşdirip, kül et-dä.
Bilip bolmaz,bir ýetmezi bardyr-da,
Gaýgy-hasrat agyrdyr-da, elbetde.

Poemany köl etmeklik kynam däl,
Awtor düşer girdabyna gaýgylaň.
Bilip bolmaz, öýlenmek kyn düşýändir,
Bilip bolmaz, kyn düşýändir söýmegem.

Bilip bolmaz, studentdir biçäre,
Oýlanmaly aňyrsyna ýetinçäň.
Ýaş ynsanyň göwnün ýykyp, onsoňam,
Öz işiňe ökün-de gez ötinçäň.

Geçip bolmaz kyssaçylaň daşyna,
Gezer olar damarlarny gatadyp.
Belki-de, ol içip başlar görgüli,
Belki-de, ol ýalňyz galan atadyr.

Bilip bolmaz, arrykdyr ol kölge dek,
Bilip bolmaz, ýolbars ýaly zordur ol.
Bilip bolmaz, býulletende ýatandyr,
Bilip bolmaz, bäş gözele ýardyr ol.

Ine şeýdip, ýumşaberýär stilim,
Ine şeýdip, ýazyp ýörin makala.
Bir işimden bir sahypa ýarasa,

Şol besdir-dä. Bir zat borla okara.

Makalamda öteräk zat bar bolsa,
Ýumşadyň siz, asyl gaty görmäýin.
Durmuşdyr bi. Bolup biler her zatlar,
Bilip bolmaz...
Gözden düşüp ýörmäýin.

1975

### Mukam

Ýetmişe ýetipmi,
Segsene ýetip,
Sazanda tabşyrdy amanadyny.
Duýman durka ösen ýolagçy şemal,
Gyryp gitdi bendäň hoş senedini.

Şägirt hyrçyn dişläp,
Ýaýkady başyn:
-Gitdi güýzüň bereketli hasyly.
Beýle zatlar bir gelýändir jahana,
Aýdym diýen zady,
Saz diýen zady
Özi bilen alyp gitdi ýaşuly...

Baharlar bag boldy,
Şägirt hem ussat:
Göl bilen saz örtdi dünýäň ýüzüni...
Bu gün bolsa, ynha,başga bir şägirt
Gaýtalaýar ussadynyň sözüni:
-Baharyň gülüni, güýzüň hasylyn,
Özi bilen alyp gitdi ýaşuly...

Şägirtler,
Ussatlar
Mydama şeýle.
Başdan sadalykda beýnisi bekän.
Gidýänem ýok,
Gelýänem ýok
Aslynda.
Diňe gitdigiçe durlanýar mukam.

1976

### Şenbe gijeleri

Şenbe gijeleri, -
Erkin gijeler.
Sen bu gijeleri huşuňda sakla.
Gel, men saňa taryh aýdyp bereýin,
Maýmynyň adama öwrülşi hakda.

Gadym zamanlaryň üsti örtülgi
Höwürtgeler, ýumurtgalar dünýäsin.
Asyrlar gatynyň astynda galan
Gum-gumurusyň, ot-çöpleriň binýadyn.

Adamlaň daşlary döwüşi hakda,
Garaňky gijeleň söweşi hakda,
Daglaň döräp, daşlaň peselişlerni,

Gämikleň, pyntyklaň ösüşlerini
Aýdaýyn...
Ýadyňda sakla.

Ýa-da bular saňa täzelik dälmi,
Gaty arkaýyn-la, oturşyň bek-le.
Gel, onda men saňa aýdyp bereýin
Adamyň adama öwrülşi hakda...
1976

## Ümsümlik

**(Ballada)**

Käte arasynda
Sypynyp işden,
Uludan dem alyp, diňläp böwrüňi,
"aý, näme,
Giç ýagşy hiçden..."
Ýatlarsyň bir wagtky söýen döwrüňi.

Kakabaş ýyllaryň,
Eden hatalaň
Barysy bir ýere toplanyp birden,
Etmedik işleriň
Eden pidalaň
Bir ýerde öňüňden çykar, bir ýerden...

Heniz guş örmänkä,
Uzak ýerlerden
Dogup gelişi dek nurana Günüň.
Şu Güne meňzeýän
Söýgi diýlen zat,
Örän ir oýandy
Kalbymda meniň.

Ýetginjek jahylkam
Eken erigim
Entekler ilkinji gülün açmanka.
Oýlanyp otursam indi-indiler.
Gayt ir bolupdyr.
Bujagaz waka.

Erik gül açmaga
Ýetişmese-de,
Tutlaryň ýapragy parça-parçady.
Ir bilen gelipdir
Elinde orak.
Balhymy, ak tutmy –
Baryn gyrçady.

"A gyz" nädäýipsiň,
Nädipsiň muny?"
Orakdan, ýaprakdan sowdy-da ünsün,
Bir ýylgyryp bakdy
Ýere seretdi.

Bir gülüp seretdi!
Soň bolsa... ümsüm,
“Muny nädäýipsiň?”
Birden meniňem
Başga bar zatlardan sowuldy ünsüm,
Soragam gutardy, zadam gutardy.
Sözem ýok,
Ýüzem ýok –
Ümsüm.

Şeýdip göz astyndan
Ümsümlik bilen
Derdinişip başladyk assa-assadan,
Şatlyk bilen dolup gitdi dünýäler,
Ýürek doly
Bir üýtgeşik gussadan.

Onsoň
Şol ümsümlik
Öwrülip saza,
Ümsüm gijelere saldy ýaňyny.
Ine şeýdip ümsüm
Batyryp güni
Atyrdyk ýaşlygyň ýagty daňyny.

Daň atdy,
Gün çykdy,
Ýene ýaz geldi.
Sessiz garşy alyp, ugratdyk ümsüm.
...Sessiz ömür sürüp bilmen öýdüpdim
Ynha ýaşap ýörün henizem sensiz.

Käte arasynda sypynyp işden,
Uludan dem alyp,
Diňläp böwrüňi
“A, näme bolýa-da,
Giçden soň...”
Giçden
Şol ýatlar ýörersiň söýen döwrüňi.

Kyrkyňa ýetseňem,
Ellä ýetseňem,
Bilmedim... ýüz ýaşa ýetseňem birden.
Seniň ümsümlige
Siňdiren söýgiň
Ýene-de öňüňden çykar bir ýerden...
1976

***

Zähmet rugsadyna çykdy ejesi,
Zähmet rugsadyna kakasam çykdy.
Doganlarnyň baram dynç alýar öýde
Bu günler olarňam kanikul wagty.

Diňe Baýramgüljik turmaly irden,
Onuň ir-säherden görjekleri bar:

Çagalar bagynda bir topar bolup,
Garaşyp oturan gurjaklary bar.

1976

## Biçäre

Gadym eýýam...
Baý soranmyş molladan:
-Men saňa ýüz tutýan, kyblaýy älem.
Hany senem bir sorap gör Alladan:
Mende bir aýal bar,
Ol saňa mälim,
Muny iki edip bolmazmy, tagsyr?
Serpaýyň taýyndyr,
Getirler ertir.

Molla uzyn sakgalyny sypalap,
Sakgaldaşna jogap berýär şo bada:
-Onki süňňe onki aýal almaly,
Şeýle görkezme bar biziň Hudada.

Baýyň bolsa ýok ekeni bir eli,
Allanyň emri-dä...
Etjek ne çäre.
On bir aýal bilen neneň ýaşarka,
Bu dünýäde şumbagt eken biçäre.

1976

## Iki şahyr

-Ýa ýaşymyz ulalýarmy,
Ýa artýarmy işimiz,
Ýa aklymyz goýalýarmy,
Ýa gaçýarmy huşumyz?!

Ýa-da Ýerden –
-Ot-çöplerden
Daşlaşýasmy halys biz,
Ýa topraga
Gitdigiçe
Ýakynlaşyp ýörüs biz.

Göwnüme hemmesi ýerbe-ýer ýaly,
Deňizem,
Şemalam
Parahatçylyk.
Tebigata dyzasagam şu bela,
Ýene üstün çykýar
Edebiýatçylyk.

-Ýok, entekler ir
Gadyrdan,
Bu pelsepä baş goşmak.
Şahyr üçin ölümdenem
Ýowuz ahyr köşeşmek.

1976

## Azaryna däl

Bahar siller bat alsa-da,

Azaryna däl.
Tokaýlary ot alsa-da,
Azaryna däl.
Ýagşy bilen ýamany garyşdyrsaňam,
Azaryna däl.
It uruşdyrsaňam...
Azaryna däl.
Ne-hä bir aglaýar,
Ne-de bir gülýär,
Diňe özi
Ölmese bolýar.

1976

**Üç inçe, üç ýogyn...**

Üç inçe, üç ýogyn, üç ak, üç gara...
(Kemine)

**I**

Akar suwuň bady galar belende,
Derýalar meňzärler çalymtyk daňa.
Atyr ysy bilen bahar gelende,
Duýgular inçeler bahardan ýaňa
Muňa beletdirler ýazy görenler,
Üç inçe diyerler muňa ýaranlar.

Daglaryň egniniň gary düşende,
Ýaz düwen miweler kemsiz bişende,
Güller başyn egip, ülpülleşende,
Damjalar daş bolup dagy deşende,
Muňa beletdirler tomsy görenler,
Üç ýogyn diýerler muňa ýaranlar.

Söýgülim, dünýäni nädeyin sensiz,
Söýgimiz güýz bolup eçilse kemsiz,
Tomus eken gülüm açylsa kemsiz,
Ömrüme güýz bolup seçilse kemsiz
Hemem maňa eziz bolsa syrdaşym
Ine, muňa ak diýerler, gardaşym.

Meniň ýüregimde bir arzuwym bar,
Ine, ýetip geldi gara gözli ýar,
Zeminimem ak gar, asmanam ak gar,
Üç gara gül berdi ak donly diyar,
Dört pasyl deň-duşum, dost-ýarym bilen,
Ýyldan-ýyla geçyän hossarym bilen.

II

-Üç inçe näme? – diyip, soradym ýardan:
-Şol üç inçäň biri bilimdir - diýdi.
-Ikinjisi näme? –Soradym ýardan:
-Ikinjisi meniň bilimdir - diýdi.
-Üçünjisi meniň bilimdir - diýdi.
-Üç ýogyn näme? – diyip, soradym ýardan:
-Şol ýogynlaň biri haýbatym - diýdi.

-Ikinjisi meniň gurbatym - diýdi.
-Üçünjisi meniň gybatym - diýdi.

-Üç ak näme? – diyip, soradym ýardan:
-Ol aklaň birisi bilegim - diýdi.
-Ikinji ak näme? –Soradym ýardan:
-Meniň saňa edýän dilegim - diýdi.
-Onsoňam dünýäde ýene bir ak bar,
Ol meniň jepakeş ýüregim – diydi.

-Onsoň gara näme? –Soradym ýardan-
Uýalma, jogap ber bakma-da aňryň.
-Sürme, wesme bilen üýtgetsem reňkim,
Özüň bagyşlawer, gudratly taňrym.

Onsoň ýene şeýdip soradym ýardan –
Gara gözli, gara gaşly garadan:
-Seni söýmek bormy?
-Ýit-ä ýer çeken…
Bu ne gyzlar – bu ne bela ýaradan!

…Gyzlar
Eziz gyzlar şahyrlara hem
Alkyşlar aýdalyň uly il bilen.
Hem şahyrlar üçin,
Hem gyzlar üçin,
Onki syn ýaraşmyş inçe bil bilen.
1976

## PARODIÝAÇY

Bir journalist tanşym bar,
Degişgen.
Özem goşgy ýazýar:
– Parodiýaçy.
Öň mydama gazýetlerde işlärdi,
Häli henizlerä radioçy.

Pişigi guýrukdan kesip taşlan dek,
Goşgynyň içinden alyp bir taryn.
Guýrugy üýtgedip ýöňkeme bilen
Hezil edip gülmesi bar käýarym.

– Sakawuň soňuna seret diýseňem,
Ýene dessine jogaby taýyn:
– A sen sakawlaman diýmäne çalyş,
Şonda senş elmydama magtaýyn.

Birbada düşünmän galarsyň haýran,
Degişmäde meňzeş,
Uruşam ýaly.
Känbir gorkulybam durlanok welin,
Birhili şonuňky dürüsem ýaly.

## NESILLERIŇ AÝDYMY

Güýz gününiň bir gününde döredi,
Tokaýlygyň tümlüginde döredi.
Onsoň ýaňlandyryp töwerek-daşyn,
Batly gadam bilen öňe ýöredi.

On ýedinjiň güýz gününde döredi,
Sähralaryň jümmüşinde döredi
Otly sähralary galdyryp haýran,
Batly gadam bilen öňe ýöredi.

Güýz agşamynyň ýalkymyndan döredi,
Derýalaryň tolkunyndan döredi.
Tolkunlaň sesine goşup sesşnş,
Batly gadam bilen öňe ýöredi.

Hemme ýerde joşa geldi ol aýdym,
Uzak ýörişleriň täsin mukamy.
Çagajyklar bolsa sesde baryndan,
Gygyrdylar: “Bagtymyzyň beýany”,

İne şeýdip Oktýabryň aýdymy
Ýaňlandyrdy uç-gyraksyz dünýäni.
Eý sen ajap mukam,
Eý, sen ajap mukam,
Mukamlar başy
Nesillere sen nuruňy Gün ýaly.
1977

**6-NJY NOÝABR 1977-NJI ÝYL**

Sowet häkimiýeti,
Sowetler ýurdy.
Bu gün altmyş ýaşyň edýärler toýun.
…Maňa bu kamaty Oktýabr berdi,
Bu gün altmyş gezlik uzady, boýum.

Atalaryň gany bilen boýalan
Depämde parlaýan.
Gyrmyzy baýdak.
Täze günden çynar kimin boý alan ,.
Gaýgysyz Atabaý,
Nedirbaý Aýtak.

Öwreniň Leniniň wesýetlerini,
İliç däbi bilen gitdiňiz öňe.
Guwanyp Leniniň häsiýetlerne,
Lenin ugry bilen çykdyňyz daňa.

…Bu gün ýene
Nurun seçýär ak säher,
Ak güller boýanyp elwan güllere.
Tirsegine galyp
Elwan ene ýer.
Durmuş berýär gök çemenli ýollary

Tirsegine galyp
Elwan ene Ýer.
Oýarýar Gaýgysyz, Nedirbaýlary.
Gülleň ýapragynda peýda bolýar der,
Sag bol, asyrmyzyň güni-aýlary
Meniň Watan diýýän eziz Watanym,
Saňa Watan diýip ýüzlenär uly il
…Seni ýöriteläp wasp etmek üçin,
Göwsüňde doguldy Kulyýew Halyl.

Saňa hyzmat etsem, ýagty dünýäde,
Duýmaryn agyry, gaýgydyr ünji.
Senden bir haýyşym
Salgynyň ýada:
Bir müň dokuz ýüz otuz altynjy.

Ýöne şu är,
Hemem şahyr ömrümde,
Azyrajyk tanyş geçmişiň bilen,
…Bu gün bolsa seniň beýik döwrüňde,
Gutlaýan şöhratly altmyşyň bilen,
1977

**GUDRAT**

Bir ýany dag,
Bir tarapy Garagum!
Şu ikisi asyrlaryň göreni.
…Birdenkä-dä böküp gitdi ýüregim,
Joşa gelen göwün diýdi: “Gör, ony?!”

Uzak ýoly söküp gelen maşynyň,
XXXXXXXXXXXXXXXXXX
Ýigdelipdir goja dagyň kamaty,
İndi çölüň dem alyşy aýrydy.

İndi sähraň beslenişi başgaça,
Çygly ýeliň seslenişi başgaça,
Kanalçylar diýipdiler diýjegin,
Şahyr name diýip biler goşmaça.

Keramat agtaryp,
Gudrat agtaryp,
Oýlandyň ölçerdiň, gördüň köp ýerler
Gözýetimi tutup ýatyr dury suw,
Biler bolsaň maňa gudrat diýerler.

Başsakada pata alyp Watandan
Uzak ýoly arka atan inerler.
Ädimläp sanady depe-gollary
Diýseň, ynha muňa gudrat diýerler.

Derýa bilen Sähraň bagryndan önen
Ter miwesinýadap, ýadap iýenler –

Ýüz-gözleri güne ýanan oglanlar,
Diýjek bolsaň size gudrat diýerler.

Bir ýany dag,
Bir tarapy Garagum!
Ortarada dury suwuň howdany.
Alyslary tutan mawy "Köpetdag"
Ýatladyp dur kir-kimirsiz asmany.
1977

## BABADAÝHANLARYŇ BALALARYNA

"Mawy korablly" uýalaryma,
Asty "polat atly" agalaryma,
Söz tapasyň gelýär gowudan gowy
Babadaýhanlaryň balalaryna.

Ol söz ak gül bolup dökülsin günden,
Bezesin topragyň şaýly synasyn.
Hem näzik öýme dek atyp owsuny,
XXXXXXXXXXXXXXXXXXXX

Mährem toprak dikläp bilmän kaddyny,
Gör aňzakda dymyp ýatdy asyrlar.
Bu gün läle sähra aýak üstünde,
Seýle çykdy şaý dakynan atyzlar.

Ak bilek – ak goşar uýalaryma,
Eli gabarçakly agalaryma.
Öz ýürek joşumy paýlasym gelýär,
Babadaýhanlaryň balalaryna.
1977

## ŞAHYRYŇ ÝOLY

Ýollara meňzeşdir şahyryň ýoly,
Miltiň bolsa, göýber senem atyňy.
Rowgatyň bar bolsa göterer ýaly,
Göter zamananyň hakykatyny.

Sargyt eýleseler uzak illere.
Agyrtman-ynjatman ýerine ýetir.
Seni ugradýanlaň alyp alkyşyn,
Saňa garaşýanlaň paýyny getir.

Şol uzar oturar mawy gözýetim,
Ýeterlik azygyň-suwlugyň bolsun.
Ha ýolda bol,
Ha düşlegde – parhy ýok,
Ýanyňda mydama gowlugyň bolsun.

Özüniň şol belent gowluk kesbiňi
Gorap gez hemişe ýigrenjilerden
Seniň aslyň gowlukdygyn unutma,
Däl ahyr sen täze öwrenjelerden.

Eý, köňül!
Eý, her dem hyýally köňül,
Daýyma baryny, ýoguny açan,
Öwüt berýär diýip, göwün etme bu gün,
Kyrkymda bermesem bereýin haçan?

Halallykdan, tämizlikden, ynsapdan
Egsilmesin egindäki goş haltaň.
Ýaşap geldiň ynam diýlen zat bilen,
Ýene şoldur seniň şu güniň ertäň…
Ýollara meňzeşdir şahyryň ýoly,
Öňünde menziller hatarm-hatar.
Ýöne sähel ahmal galsaň bu ýolda,
Bir çaman ýabyly yzyňdan ýeter.
1977

**GADYMDAN GALAN ÝERLER**

Gadymdan galan ýerler, –
Salgymly tekiz gyrlar,
Ýaşyl sonarly sähra,
Gazaply gyňyr jöwza.

Alyslyklar diýary,
Babalaryň mazary,
Şehit bolan inerler…
Gadymdan galan ýerler.

Siziň bilen zähmete
Guralan ýadygärlik,
Ömür sürüp ýaşamak, –
– Dünýade beýik barlyk.

Akyllaryň gözlegi,
Ynsanyň görk-görmegi
Maňlaýdan akan derler…
Gadymdan galan ýerler.

İliň günüň bagtyna,
Açylan bazaar-dükan.
Ömür-ha ölmän ýitmän
Ýaşap ýörmeli mekan.

Döräp ýörmeli mesgen.
Ýollara seýran etseň.
Myhman bolsaň düzüne,
Bägül çaýp ýüzüňe,

Saňa şeýle diýerler
Gadymdan galan ýerler:
– Güýjüň bolsa gursakda,
Alkyşa ýar bolarsyň.
Bu ömürlik toprakda
Mydama bar bolarsyň.

1977

**ÝAGMAZAK BULUTLAR**

Kä görseň haýalrak, kä görseň ýyndam,
Gün yzyna günler geçýär at salyp.
Ýagmazak bulutlar ýatyrlar şindem,
Gök asmanyň açyk göwsün ýassanyp.

Uzak ýola düşjek ýolagçy bary,
Asmana seredip ýygyrdy egnin.
Misli bilkastlaýyn öjügýan ýaly.
Göwni bölekleriň böldüler göwnün:

“Dökülermi, dökülmezmi, bilmek kyn,
Ýagyşdan doldurlan äpet pyýada.
Ulagly ugrasaň batmagyň mümkin
Ýol uzakdyr ýetip bolmaz pyýada…”

Ýyldyzlar bürenjek bürenen ýaly,
Bakmady asmanyň gözeneginde.
Ýagmazak bulutlar sürdüler şalyk,
Gelip gün tutýança ezeneginden.

Diňe töwerekleň basylman howy,
Sagat beýnisinde öwürdi pikir:
– Päkize asmanyň giňligi gowy,
Nurana güneşiň barlygyna şükür!

1977

**SÄHER**

Agardy kem-kemden goýazy bulut,
Alagaraňkylyk sowuldy kem-kem.
Guşlaryň sesine oýanan ýigit
Säher howasyndan dem aldy bir dem.

Ýaşyl sonarlykdan-alys meýdana,
Ötüp gelen şemal aýnany açdy.
Damja damyp, –
– Damja bolup asmandan,
Ýigidiň ýüzüne posalar gaçdy.

Doldurdy ýigidiň kalbyny säher,
Gozgady ýüregiň köneje derdin.
Ýürekde gam-gussa bar bolsa sähel,
Bu daňyň çagynda eremän görsün.

Öýke-kine bolsa, göwnünde gubar,
Gülleriň suwuna ýuwular şol dem.
…Agardy kem-kemden goýazy bulut,
Alagaraňkylyk sowuldy kem-kem.

Açyldy kem-kemden çyg basan ümür,
Ýürek dile geldi atygsap her ýan:
Dünýäni dolduryp süreli ömür,

Dünýani unudyp surely döwran.

**GURBANNAZAR EZIZOWYŇ ÝAGTY ÝADIGÄRLIGINE**

Bu dünýäde bolýar erkek doganlar,
Ýene bu dünýäde bolýar uýalar.
Bu garynda ýatyp bile doganlar,
Biri kemis bolsa,
Biri uýalar.

Ýok, biz ikimiz doganam däldik
Ýöne ikimiziň birdi uýamyz.
Biz-bizdik:
Men Halyldym. Senem Gurbannazardyň
Bir almany ikä bölen ýalydyk,
Birdi namysymyz,
Birdi haýamyz.

Bu dünýäde bolýar erkek doganlar,
Ýene bu dünýäde bolýar uýalar.
Bu garynda ýatyp bile doganlar,

Biri kemis bolsa,
Biri uýalar.

Bir garynda ýatmasam-da seň bilen,
Men bu giň dünýäde täk galdym sensiz.
-Gurbannazar öldi?!
Bu habar ýalan.
Kimdir biri meni aldapdyr kemsiz.

Adamlar, bir zada düşünmke gerek.
Nämeüçin bir zady bileňizok siz?
Ýürek şeýle diýýär:
Şeý diýýär ýürek
Nädip ýaşamaly Gurbannazarsyz,

...Entek başym dikkä ýene ýazaryn,
Sen maňa düşýänsiň, GURBANNAZARYM!
1977

GOWY ZAT HAKYNDA GOWY GOŞGULAR

Dünýädäki gowy zatlar hakynda,
Ýüzläp şahyr müňläp goşgy goşdular.
Ýene her gün gazetlerde çykyp dur,
Gowy zatlar hakda gowy goşgular.

Söýgi hakda köp ýazdyňyz diýýärler,
Bu nä igençmidir, şikaýatmydyr.
Bizi mydam söýüp ýörse aýallar,
Bizem dymyp ýörsek boljak zatmydyr?

Siz köplenç bilbile edýäňiz höwes,-
Diýip, bir tankytçy güldi arada.
Bilbil saýramasyn edäýmese bes,
Ýene ýazjakdyrys olar barada.

Säher hakda, çörek hakda, ýar hakda...
Müňläp şahyr, müňläp goşgy goşdular.
Täze pikir peýda bolsa gursakda,
Döredíň, oglanlar, täze goşgular

Birden...
Sowuk gyşda galsaňyz eger,
Dymmaň, soň ýüzümiz gyzarmaz ýaly.
Ýazyň gyş hakda-da gowy goşgular,
Mydam ýaz hakynda ýazarmyz ýaly.
1977

ÝÜREK

Ir-säher gar ýagdy,
Häzir bolsa gün
Gül bolyp döküldi meniň üstüme.
Nämedir bir zatlar bilesim gelýär,
Bu dü nýäde tapylgysyz dostuma.

Bir ömürde göz ýetirdim bir zada,
Göz ýetirdim ulydygna bu dünýäň.
Hem özümiň kiçidigim duýdym men,
Kiçi bolup uly zada çokunýan,

Sesde barym bilen gygyrdym “Besdir”
Maňa jogap berdi bu däli ýürek;
“Çykmak gerek bu dargursak dünýäden,
Biraz uly bolup ýaşamak gerek”.

GOŞGY HAKYNDA

Aram-aram girip,
Uly jedele
Goşgular hakynda
Çözýäs mesele.

Goşgy diýlen zada
Düşünmek mümkin,
Emma kyn,
Düşündirmke kyn.

Ýylyrak bolmaga
Ýok onuň haky.
Eger buz bolmasa,onda otdur ol.
Çuňlukda bir ýerde
Ýatandyr köki .
Gülki ýaly, gözýaş ýaly zatdyr ol.
Ýürek aglamasa,
(sürseň-de ýüz ýaş).
Çykaryp bilmersiň bir katra gözýaş.

Gülmersiň sen içiň byjyklamasa,
Böwrüňi bir zatlar gyjyklamasa
1977

GYSSANMAÇLYK

Ýöne eňip barýar aýak aldygna,
Ýüzün aşak salan gölegçi bar.
Obanyň ýarysy ugradyp barýar,
Yzda garap galýar obanyň ýary.

Öleniň yzynda artyk-çowlugy,
Tohum-tiç neber, ýüzläp... soňy däl.
Ýöne ýagty dünýä ýagty dünýä-de,
Ýüz ýaşa ýetseňem ölmek gowy däl.

Dyzynyň kuwwaty gaçan bir goja,
Yzda iç gepledýär häliden bäri.
“Beýle gyssanmaçlyk näme gerekkä,
Ýene-de bir gezek gatnaljak ýaly.”

1977

ÝÜREKDE BIR GUSSA BAR

Ýürekde bir gussa bar,
Asylyp dur daş bolup.
Gijeler berýär azar,
Bir ýakymsyz düýş bolup.

Göwnümde bir ünji bar,
Etmiş ýaly, müýn ýaly.
Haçan görseň bikarar,
Hemme zatlar kyn ýaly.

Kümüş reňkli gijeler-
-Seýilgähleň mazasy
Ýiten ýaly,
Tiz geçýär
Gündizleriň hasaby.

Şeýle bolýar kä ýarym,
Elim işden boşatsam.
Zat ýok ýere özümden,
Öz göwnümi hoş etsem.
1977

BIR BAŞYŇA...

Bir başyňa müň zat gerek,
Tapmarsyň gereksiz zady.
Çykar durar gezek-gezek,
Ýene täze zatlaň ady.

Öý bolup goşulsaň sana,

Törüňe düşener ýaly,
Hem hormat üçin myhmana,
Üýşüşersiň palas, haly.

Dost, saçaksyz, aşsyz-nansyz
Düzgünem bolmaz, elbetde.
Many barmy dost-duşmansyz,
Sümsünip gezseň bir çetde.

Jahyllykda şöhrat gerek,
Garrylykda kuwwat gerek,
Hem-ä garry ata-ene,
Hem ogul-gyz-zürýat gerek-

Döwlet, aşna, tanyş-biliş
Hem mertebe, hem at gerek,-
Giden bir uly dünýä sen,
Bir başyňa müň zat gerek...

## YÜREKLER KÖŞEŞİP

Ýürekler köşeşip, goýalşar aklyň,
Saýgarar gidersiň agy-garany.
Kim bolsaňam ile jar bolar aslyň,
Oglanlyk gol bulap açar arany.

Säwlikleriň üçin, hatalaň üçin
Hem köýen arzuwlaň hakynda oýlan,
Bir minutlyk ýalňyş eden bolsaň düýn,
Bir gün ökünersiň hepdeläp aýlap...

Sypynyp günleriň hysyrdysyndan,
Obaňa ylgarsyň, sorarsyň ahwal.
Henizem çagalyk daş däldir senden,
Ýagdyrarsyň sowal üstüne sowal.

-Sag-salamat gezip ýörmüsiň, eje,
Bu nä sus görünýäň,
Ýüzleriň asyk,
Öňler eýläk-beýläk çykaýmaň bardy,
Näme beýle köp oturýaň goş basyp?

Hysyrdanyp ýörmäň bardyr baryndan,
Hany meň şu ýylky gawun, kak paýym?
Şähere gideli,
Garran çagyňda
Başymyza jyga edip saklaýyn.

Öňki görşüň ýaly gatbar-gat jaý däl,
Täze howlumyz bar salkyn saýaly.
Agtyklaryň bilen ýumşak maşynda
Gezim edersiň,
Günümiz bar şa ýaly,
Agtyklaň getirer nahar-çaýyňy.

Olar sargyt edip galdylar kän-kän,
Hemme zatdan goýupdyrlar paýyňy,
Hany maňa jogap ber-dä mähriban...
Emma ejeň ýokdur jogap berere,
Şonda garap görseň çykyp bir çete,
Bu uly dünýäniň ortarasynda
Öz hesretiň bilen duransyň ýeke.
Dostlar kän bolsa-da dadyňa ýetjek,
Ýene iň soňunda özüňsiň çekjek.
1977

**TARYPLAP BIR GYZY...**
Taryplap bir gyzyň ap-ak ýüzüni:
“Aý aýdyň agşamlaň aýy” diýdiler.
“Göwnüň göge galar, görseň gözüni,
Gaşy Göroglynyň ýaýy” diýdiler.

Goýny baharmyşyn, güller açýarmyş,
Dili çepermişin, dürler saçýarmyş,
Kirpigi ýürekden parran geçýärmiş,
“Boýuňa mynasyp boýy” diýdiler.

Erk edip ýanyňa bararyn diýseň,
Gülgün jemalyny görerin diýseň,
Mejnun dek ugrunda ýörerin diýseň,
“Ol hem Leýli gyzyň taýy” diýdiler.
Gül açan bagynyň nary bar eken,
Ak altyn öndürýän käri bar eken,
Ýar bolaýyn diýsem.. ýary bar eken.
“Şu gün şol gözeliň toýy” diýdiler.
1958

**SEN, JENANYM, OWADAN**
“Nähili eşik geýseň-de,
Sen, jenanym, owadan”.
S. Puşkin)

Ýaşap-ýaşap dünýäde,
Kyrkdanam geçdi ýaşym.
Bilmändirin bir bada:
Ak bolsun gara başym.

Ak bolsa-da gara baş,
Agralsa-da bu beden,
Güler ýüzli gara gaş,
Owadan sen, owadan.

Gaşryň şol öňküsi
ýylgyraňda ýazylýar
Sengyzlaň ketenisi
-----Sen gözel ýar gözel ýar

Gözleriň şol öňkisi

Seredeňde balkyldap,
Göreçleriň uçgun dek,
Ýanyp gidýär ýalpyldap.

Sözleriň şol öňküsi,
Şol önki wada-wepaň.
…Şol sallanyp barýan gyz
Allajanlam senmikäň?

Seni gören günümden
Ýyllar geçdi birgiden.
Ýöne seniň bir bolşuň,
Owadan sen,
Owadan.

1977

## ELEGIÝA

“Kynçylyk nirde az, eşret nirde kän,
Gowgasyz, zähmetsiz durmuş nirdekäň?
Goý, adamlar gözläbersin şöhraty,
Goý, şolar gazansyn abraýy-ady.
Bu ajaýyp dünýä nämäme gerek.
Maňa bar geregi-dünýäniň zady...”

Ynha, şeýle arzuw bilen ýaşadym,
Ulus iller! Pikir etmän siz hakda
Ynha, şeýdip geçirdim men ömrümi
Alyslykda-adamlardan uzakda.

Ýolda ýatan çüý görsemem säginip.
Ýene diýip, dört ýanymy sermedim,
Şeýdip ýygnan baýlyklarmyň daşyna,
Tikenekli sim baryny germedim.

Çyn aşyklaň bir-birini söýşi dek,
Öz-özümi söýdüm, ilden gabandym.
Özüm üçin öz janymy bermäge,
Taýýardym men...
Ine, şeýdip aldandym.

Gözýetimde boş salgymlar el bulap,
Maňa bu eşreti berdiler wada
Kän ýalbardym gök asmandan nem diläp,
Galdy töwerekde ne ýol, ne ýoda...

Men barada gürrüň bolsa bir zaman,
Goý, geplesin bu eşretden dadanlar:
-Bir adam ýaşapdy bir adam üçin,
Adamlara ýükdür beýle adamlar.

## TYMSALLAR
**Klassyka öýkünme**

Irden giň jahana harasat doldy,
Sary duman bilen örtüldi etrap.
Giçlik gök ýüzünden bulut sowuldy,
Ýyldyzlar aşaga döküldi patrap.

Irden gazap bilen bakdy keýwanym,
Gözlerin alardyp, dişlerin gaýrap,
Giçlik gülüp bakdy,
Begençden ýaňa,
Göz ýaşlam ýyldyz dek döküldi paýrap...

Bag güli bilbile bolanmyş aşyk,
Yşky Leýlidenem beterräk eken.
Gül pakyr gezse-de köýünde joşup,
Bilbiliň tumşugy ýokarrak eken:

Bilbil dag gülüne bolanmyş aşyk,
Günde ony bir görmäge zar eken.
Bilbil dag güli diýip gezse-de joşup,
O-da bir laçyna hyrydar eken.
Şeýle bir bulaşyp gidipdir yzy,
Tanar dek bolmandyr ys bilen ysy...
Goý, güller mydama bolsunlar hüşgär,
Her gülüň özüne mynasyp guş bar.
1977

## ADAM AGZALARYNYŇ AÝDYŞYGY

1. Aýak:

-Ir säherden başlap agşama çenli,
Eýämi egnime edýärin hopba.
Azajyk dynç alýan aralygynda
Üýtgeşik gep tapsa, -
Delräk zat tapsa.
Ol bolmasa elmydama ýolda men,
Günüm kynrak... şeýleräjik halda men.

2. Gulak:

-Eýämiň kellesi uçar guş bolsa,
Mendirin ol guşuň goşa ganaty.
Soňky habarlaryň kabulhanasy...
Agzalar içinde tarhandyryn men,
Ýele göwsün geren ýelkendirin men.

3. Burun:

-Yza galyp ýörseň gowy görmezler,
Onsoň haçan görseň, gürrüň sen, gep sen.
Bir duran ýerimde duramok hergiz,
Nirä barsam sokulýaryn yş tapsam.

4. Dil:

-Otuz ikiň aňyrsydar mekenym,
Göräýmäge buky ýerde öýüm bar.
Şonda-da ýetmeýän ýerim ýok meniň,

Göz degmesin, gulaç ýarym boýum bar.

5. Ýüz:

-Dat meniň günüme-
Indi boljak däl.
Başym alyp gidäýmesem tokaýa.
Öňler şöhle saçýan gündüm men
Indi dönüp galdym galyň çokaýa..
1977

“MEN, MEN” DIÝEN ŞAHYRLARA

-Mendirin bossanlaň güli, gunçasy,
Baglar neneň edip gül açar mensiz.
Ýörjen-ýörjen bolan körpe çagalar
“Eje...” diýp, neneňsi dil açar mensiz.

Sungatsyz, senetsiz, ylhamsyz, sazsyz,
Neneň mydar ederkäler deň-duşlar.
Ertirden agşama siminden sypman,
Neneňsi gatnarkalar trollleýbuslar.

Ýene gündiz bolup öňki gündizler,
Gije galarmyka gijeligine.
Asman, zemin öwrenişip gidipdir,
Meniň hoş sözüme, hoşroý gylygma.

Gaýgysy,
Şatlygy,
Umydy bilen
Ene Ýeri göterýärin gerdende.
Pasyllar çalyşjak bolanlarynda
Menden habar alyp durlar her demde.

Bir zat: bahar güli, tomus jöwzasy,
Güýzüň gawun-kaky, gyşyň garlary...
Mensiz birleşmäge het edip bilmez,
Bütin ýer ýüzüniň proletalary.
1977

...WE ŞOŇA MEŇZEŞLER

Bu gün ýene ýygnak,
Ýene jemlendi
Ýaşulylar, ýaşkiçiler, deňdeşler.
Biragyzdan prezidiuma saýlandy.

Başlygymyz Tüläýew...
... we şoňa meňzeşler.

Ýana-ýana,
Ine-gana
Soňlady
Bir ýarym sagatlap dökdi başlyk der.

Bir agyzy
Bir gulakdan diňledi
Ýygymçy, ýygnakçy...
... we şoňa meňzeşler.

-Dörseň der dökülýär dürdäne toprak,
Uçmahda-da ýokdur muňa meňzeş ýer.
Agymyz ýüz elli,
Gögümiz ýüz kyrk,
Ýene mekgejöwen...
... we şoňa meňzeşler.

Birinjilik hemmeleriň dilegi,
Birinjilik üçin dökülýär derler.
Bermedi elinden birinjiligini
Birinji brigada...
... we şoňa meňzeşler.

Birinji gyşlady
Birinji ferma.
Birinjidir goýun, guzy, geçiler.
Geljekde-de ýene birinji bolup,
Ak hanalar ak patraklar eçiler.
Hemmesi birinji
Ýok bizde boş ýer
-we şoňa meň-zeş-ler.

Şeýle tamam boldy şowhunly doklad,
Şükür, abat eken ýakynlar, daşlar.
... we şoňa mezeşleri
Diňläp bolansoň
Gaýtdylar öýlerne
-we şo-ňa meň-zeş-ler
1977

## OGLUM IKIMIZ

Edil paýlan ýaly
Ikä ikini,
Bir adam ýaly biz
Oglum ikimiz.

Käte kino gidýäs,
Kä çykýas baýra.
Içýän suwymyzam
Gidenok aýra.

Birinji klasda
Bolsa-da heniz,
Matematikany
Çözýär menden tiz.

Gündizki sözlerin
Gaýtalap göni.

Düýşünde-de görýär,
Her gije meni.

Dilleşip goýan dek
Gürleşip başda,
Aýdýan sözümizem
Çykanok başga.

Edil bölen ýaly
Ikä ikini.
Bir sözli dostlar biz
Oglum ikimiz.
1977

∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞

Gün nuruna baýdyr türkmen asmany,
Güneşler ýurdudyr meniň topragym.
Her gün säher güneş çoýup bosany,
Öpýär bägüleriň elwan ýapragyn.

...Gün nuruna baýdyr biziň ilimiz,
Güneşler ýurdydyr meniň kükregim.
Ýaşasyn ýaşaýyş!
Ýaşasyn Güneş!
Kakyň, ýolagçylar, ýöriş depregin.

Ýolagçylar, kakyň ýöriş depregin,
Taryh bu ýörişiň ýazgysyn ýazar.
Çykyp gaýalaryň belent gerşine,
Geçmişe, geljege salalyň nazar...

∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞∞

Säher turyp syn edýärin sähere,
-Turduňmy?-diýp, bulduraşýar damjalar...
Säher turyp syn edýärin sähere,
-Geldiňmi?-diýp, ýylgyryşýar gunçalar...

Säher turyp syn edýärin sähere
Säher ýeli sypap geçýär ýüzümi.
Säher turyp syn edýärin sähere
El uzadýar bagymyzyň üzümi.

Siz ýüz dürli derde derman, säherler,
Ömrüm bolsun size gurban, säherler,
Ýöne... “Ýönesi” bar, arman, säherler
Siz bize, biz size myhman, säherler.
1977

## AKAR SUW

(Taryhdan etýudlar)
Bölüm
Giriş

Ýedi gat asmanmy,
Ýedi gat ýermi..
Bilmen nirelerden çykdy bir mukam.
Soňra sansyz sesler goşulyp oňa,
Bir aýdyma öwrüldiler ullakan.

Olar säher bilen doldy öýmüze,
Ýapraklara goşup çaldylar sazyn.
Şeýdip ýaýratdylar henize çenli
Aýdylmadyk aýdymlaryň owazyn.

Gazaply notala
Zaryn notalar,
Armanly ýürekleň gürsüldileri...
Uçgun bolup çar tarapa syçrady,
Ýalyn dek çabyrap, ýandyrdy ýeri.

Ýene-de..
Ýene-de nätanyş sesler,
Ahmyrly göwünleň ahy-nalasy,
Olar öz wagtynda ýagty dünýäde
Aýdylyp bilmänin aýdyp bilmän nalady

Diýdiler: “Entekler, şahyr sen diri,
Diri bolsaň, bu durmuşdan ýadama!
Diňe sen, biziň dek jansyz sesleri
Ýetirip bilersiň janly adama”.

Maňa şeý diýdiler Uzboý boýunda
Gadym zaman ekin eken ötenler.
Hanguýyda, Galmyklynyň oýunda,
Teşnelikden baky uka batanlar.

Maňa şeý diýdiler sonar meýdanlaň
Gurap, tozga dönen maýsa otlary.
Maňa şeý diýdiler boşluga dönen,
Gadymy Üst-ýurduň memleketleri.

Maňa şeý diýdiler gül bilen reýhan,
Haraba öwrülenköşk bilen eýwan,
Maňa şeýle diýdi jepakeş ynsan,
Maňa şeýle diýdi sonarly meýdan
Maňa şeý diýdiler..

## SÄHER

Eýýäm haçan daň ýyldyzy,
Şöhle saçdy, oýan, balam,
Ak bulutlar ak gül bolup,
Ýere gaçdy, oýan, balam;
Gyraw düşen ýodalarda
Damjajyklar öwşün atdy,
Enaýyja guşjagazlar,
Diller açdy, oýan, balam!

Ak maýanyň süýdün sagyp,
Alyp goýdum seniň üçin,
Goja dagyň gaýasyny
Güneş guçdy, oýan, balam!
Asman, zemin gök atlasdan
Örtük örtdi endamyňa,
Teşine ýürek muhabbetiň
Meňin içdim, oyan balam!
Ýata-ýata armadyňmy,
Gara ýeriň aşagynda, pursat geldi.
Aý aýlanyp,
Ýyllar geçdi, oýan balam!

## GADYMY ÜSTÝURDUŇ MEMLEKETLERI

### Birinji görnüş

Gazy gazdym,
Suwuň içdim,
Laýy baryn bilmedim,
Şol gözeliň bizden özge
Ýary baryn bilmedim.

Ekin ekdim,
Harman atdym,
Hary baryn bilmedim.
Şol gözeliň bizden özge
Ýary baryn bilmedim.

Uzboý bilen
Şöwür çektim,
Uzy baryn bilmedim.
Uz hünärli,
Ýaz gujakly
Gyzy baryn bilmedim...

### Ikinji görnüş

Gatbar-gatbar gaýalardan göz aýlap,
Alys menzillerine ýeten derýalar
Ýyldyrym dek bir zarbada uzalan,
Çöllüň göwsün dilip öten derýalar.

Siz näçe asyrlap dynman akdyňyz ,
Üst ýurduň baglaryny suwa ýakdyňyz,
Indi näme bar gapyny ýapdyňyz,
Müň ýyllap jomartlyk satan derýalar.

Il derdine il diýip dert çeken aglar,
Ýurt üçin ýurt taşlap, ýurt söken aglar,
Hoş galyň, kül bolan bakjalar, baglar,
Hoş galyň çöl bolup ýatan derýalar.

Uzboýly gyz

Uzboýly gyz,
Uz boýly gyz,
Hany seniň wadalaryň ,
Nirelere sumat boldy,
Öňki düzgün kadalaaryň.

Ir säherler akar suwa
Gara saçyň döküşleriň.
Tolkunlara albaý bulap,
Ogryn-ogryn bakyşlaryň.

Çoluk ýigit tüýdük çalyp,
Ýaşyl otly kenarlarda,
Ýaňy dälmi seniň bilen
Duşuşýany bu ýerlerde.

Baý malyny baksa-da ol,
Seniň üçin uly baýdy.
Dünýäde sen oňa taýdyň,
Dünýäde ol saňa taýdy.

Nirä gitdi bag bakjalar,
Gyzyl gülleň läleleri,
Daýhanlaryň sümmülleri,
Çarwalaryň ýaýlalary.

Uzboýly gyz, görmedim men,
Seniň aýak yzlaryňy.
Ürgün çäge ýuwutdymy,
Bu ýurtlaryň gyzlaryny.

Gyzgyn-gyzgyn posalaryň,
Buzadönüp gyş aýynda
Ýa henizem ýatyrmyka,
Garagumyň aşagynda?!

Uzboýly gyz, uz boýly gyz,
Hany seniň wadalaryň,
Nirelere sumat boldy,
Öňki düzgün kadalaryň?

## MERMERDEN ÝASALAN KÖŞGI-EÝWANLAR

Ine,
Dabarasy daglardan aşan,
Goja Horezminiň meşhur binasy,
Zulum bilen döräp,
Gan bilen ýaşan,
Gadym soltanlaryň belli dünýäsi.

Hanlary, begleri ajaldan goran,
Der bilen eýlenen äpet diwarlar,
Ýüz ýyllap gaý turup, ýagsa-da baran,

Ýykylman, jaýrylman, ýaşap gelýärler.

Poslap giden gulplar, äpet zynjyrlar,
Derwezeleň baryn ýapypdyr baky.
Dört tarapda dymyp duran diňleriň,
Çöküpdir üstüne dumandyr uky.

Uzak-uzak ýaýlalardan, kentlerden,
Seleňläp görünýän äpet minara,
Gün nuruna ýyldyradyp syrçasyn,
Göýä haýbat atýar alys diýara.

Kapas dek dar gursak, zeýli zyndanlar,
Mermerden ýasalan köşgi-eýwanlar,
...Şu zatlaryň barysynyň astynda
Ýatyp gamçysyndan gan daman hanlar.

Olaryň ýüregi armanda doly,
Olaň gözlerinde gazap bilen gan.
Gümmezler ýaňlanýar aýylganç sesden:

Birinji han:

“Sen arym galdy, eý, ýagty jahan!
Dirilikde gezdim seniň kasdyňda,
Seljermezden garyp garry ýaşyňy,
Indem merhum, gara ýeriň astynda,
Bialaç ýatyryn gyjap dişimi.

Türkmeniň baýlary at berdi maňa,
Men olaryň garyplaryna ot berdim.
Wah, görde-de gün ýok armandan ýaňa,
Owrandy süýekleň...
Agyrdyr derdim.

Galmyk begleriniň ganly penjesi,
Çarwalaryň bogazyn gysanda batly,
Horezmilli türkmenleriň ençesi,
Mehine gaçanda ýüregi otly,

Näzli gözelleriň göwsün ýassanyp,
Ýüpek saçlaryny edindim örtük.
Syrtmakdyr
Gan,
Jeren gözli gelinler,
Maňa näme bulardan artyk?

Bir mahallar şolar biler diridim,
Indi bolsa öli...
Arman,
Dag arman!
Penjiresiz gara dünýäden irdim,
Bagtyň gara eken, Ispendiýar han...”

Ikinji han:

“-Seniň bagtyň gara Ipendiýar han!
Seniň kalbyň dagly, ýüregiň arman.

Seniň ömrüň gysga,
Gaty ir öldüň,
Meniň gana boýan ýerlerim görän.

Gulam Bahadury, Dinmuhammedi
Al bilen çagyrdyp, boýadym gana.
Horezmin türkmeni-yslam ymmady,
Ýerin-ýurdyn taşlap gaçdy her ýana.

Tejene gaçdylar, bardym yzyndan,
Etrege gaçdylar, bardym yzyndan,
Bamysyn, Börmesin, Mehini bilen,
Amana getirdim atyň tozundan.

Bu zatlaň hiç birin başaryp bilmän,
Sen armanly öldüň İspendiýar han.

Ýazsam-da Şejreýi teräkimäni‘‘
Türkmenleň öňünde kändir uýadym.
Aksakgalnyň gözlerini oýduryp,
Ak sakgalyn gyzyl gana boýadym.

Ýaňyja görejinden aýrylan ynsan,
Jellatlarymyz bolsa degre- daşynda,
Ellerin titredip, yranşyp herýan,
Simap dek galdyrap dursa gaşynda.

İne, günäkäre kesilýän baha.
Hany, gyzlar, aýdym aýdyň;
Ha...ha...ha...

Ýöne welin meňem ýüregim dagly,
Basýar, mynjyradýar egsilmez derdim;
Çapsam-da Barajy Etregi bilen,
Küle döndersem-de Horezmin ýurdun,

Türkmeniň elinden alsam-da aşyn,
Olaň zenanlaryn etsem-de gyrnak,
Miýesser bolmady kakabaş halkyň,
Maňa boýun egip ýaşanyn görmek.
İndi bolsa...
bärde...

Eý,aman-aman,
Bu nähili dünýä,bu niçik heňňam?
Şu durşuna şeýdip ölmeli bormy,
Ah, sen bagty ýatan
Abulgazy han...”

BEÝLEKI HANLAR:
”- Ynha bizem bärde...

Goňşy mazarda.
Bizi-de goýdylar tükezmen derde
Siziň ogullaryňyz, agtyklaryňyz
Bizi-de goýdylar tükenmez derde
Siziň boýap giden ýerleriňiz.

Biz Anuşa hanlar,
Şanyýaz hanlar,
Uzak zaman hüjüm edip her ýandan,
Bentler gurup, sowduk olaň suwuny,
Türkmenler kesildi bir döwüm nandan.

Jeýhunyň Hazara akýan ýoluna,
Bentler gurup, suwy terse dönderen,
Bizdiris uz boýly Uzboý diýaryn,-
Üst-ýurt baglaryny küle dönderen.

Şabatly, Mangytly özbek daýhanyň
Birin goýman at öňüne sürdük biz.
Amyderýaň suwyn sowup Hazardan,
Mele suwy Aral sary burduk biz.

Biz şeýdip olardan aldyk arymyz,
İndi geçse gerek namysdan, erkden.
Ne  suwuňyz galdy, ne-de ýeriňiz,
İndi dat günüňe, kakabaş türkmen!”

Säher
Ak asmanyň ak ýyldyzy
Eýýäm öçdi, oýan balam!
Musulmanlar musulmanyň
Ganyn saçdy, oýan, balam!
Hazan urup gyran galdy,
Seniň eziz memleketiň,
Hazar diýip, Lebap diýip,
Bary göçdi, oýan, balam!
Güýç etmese güýçlülerden,
Rehimdardan haraý isle,
Iliň-günüň aýralygyň
Meýin içdi, oýan balam!
Dilim başga diýme, gyzym,
Dinim başga diýme gyzym,
Din-ymmatdan, şerigatdan
Oba göçdi, oýan, balam!

Hojanepes:
“Şeýle bir nakyl bar biziň illerde:
“Ozal akan ýerden akarmyş aryk”.
Ozal Jeýhun akar eken Hazara,
Häzirki Uzboýyň ugruny syryp.

Hywa hanlarynyň guran bentlerin,

Görkezip biljek biz ýekänme-ýekän,
Uzboýun ugrunda gadym kentleriň,
Gadym galalaryň sudurlary kän.

Jeýhuny Hazara akdyrmak üçin,
Onuň Hezretleri berse ejaza,
Şeýle beýik döwlet uzatsa golun,
Garagum gul açar täzeden-täze.

Türkmeniň aksakgal-ýaşulylary
Size gönderdiler arzy-ahwalyn.
Bu işde öňýeten jepakeş türkmen,
Kömege ýetişer, gaýgyrmaz janyn.

Dini başga ýüz tutupsyň diýerler,
Din başga bolsa-da, birdir allamyz.
Dini birler dälmi şu güne salan,
Besdir indi, ýalbarmarys alla biz.

Ak sakgally, arslan ýürek gojalar,
Ýalynly gündizler, gurak gijeler,
Guş gursak däneli sahy meýdanlar,
Ýalaňaç takyrlar,gülli bossanlar
Goja Garagumuň depe-gollary,
Çarwalaryň iýtigsije ýollary,
Namys diýip başyn alyp gidenler,
Günüň nury siňen sarsmaz bedenler,
Kalby dertli zemin, ýalaňaç asman..
Saňa ýüz tutýarlar,
Eý, beýik Soltan!

Gudratyň güýçlüdir geler eliňden,
Ýumuryp hanlaryň guran desgasyn,
Akdyryp Uzboýdan Bahry-Hazara,
Getirip ber türkmenleriň derýasyn.

Goý, orsun gollary uzalyp biz ýan,
Üst-ýurt baglaryna dolansyn döwran!”.

Pýotr I
“...Eýran kentleriniň üstünden geçýän,
Kerwen ýollaryna ot bitdi eýýäm.
Indi gury ýer däl, diňe suw bilen,
Täzeje ýöreýär täzeje eýýäm.

Ak ýenkenli gämilerne bat berip,
Iňlisler bir mahal ýetdi okeýana,
Gadymy Gündogar öz baýlygyny,
Eçilip başlady Britaniýa.
A biz nätdik?
Batgalygyň üstünden
Şäher gurduk-Günbatara penjire.
Gündogarmyz bolsa heniz garaňky,
Göz etse-de, el etenok köp ýere.
Garaňky Gündogar,

Syrly Gündogar,
Syýasat sen,
Hemaýat sen,
Haryt sen.
Goý, açylsyn täze-täze ýodalar,
Rus hazynasy entek garyp sen.

Wolga...
Hazar...
Jeýhun...
Onsoň Hindistan.
Diňe Uzboý galýar iki arada.
...Haýal etmän emr edýärin senata,
Türkmenlere kömek bermek barada.

Goý, rus elleri uzalyp herýan,
Gündogar ýollarda dolansyn döwran".

Hywa hany:
"Döwranmy... döwranmy...
Ine ol döwran!
Ol meniň elimde, meniň köşgümde.
Keýpi-sapa bilen geçirýär wagtyn,
Humaý gözli häzeninleň yşkynda.

Säherler bilbiller çalanda nagma,
Ürgenç gözelleri zülplerin darap,
Altyn bilezikli ak gollar bilen
Uzadýarlar oňa hoş boýly şerap.

Ol her säher melul,
Ol her gün serhoş.
Ony bent eýledi müdimi uky.
Kimdir indi ony gozgajak bolýan,
Ol maňa berlipdir, meniňki baky.

Indi kimdir ony gozgajak bolýan?
Eý, aýakýalaňaç türkmenler, sizmi?
Din-ymmatdan geçip, arzyňyz eýýäm,
Dini başgalara ýetirdiňizmi?

Aýby ýok. Ýetiň siz kime ýetseňiz,
Isleseňiz, ýetiň perwerdigäre.
Alladanam gorar, orsdanam gorar,
Hanlaryň köşgüne han tapar çäre.

Hany, serbazlarym, alyň naýzaňyz,
Çekiň ýüziňize gara nikaby!
Gaýgyrman,
Gan çaýkaň,
Seriň läşini!
Bu meniň atamyň, babamyň däbi.

Bu meniň ýaşaýşym,
Bu meniň durkum,

Bu meniň ogluma goýjak mirasym.
Şu däp bilen gana ýuwduk mydama
Günäliniň, bigünäniň dünýesin.

Kimler garyp bolsa – şoldur günäkär.
Kimler ejiz bolsa – şoldur günäkär.
Kimler saýyl bolsa – şoldur günäkär.
Şonuň üçin olary
Garyp edip,
Ejiz edip,
Saýyl edip ýaradypdyr penakär.

Kimler erk istese,
Gyryň serbazlar!
Kimler ýer istese,
Gyryň serbazlar!
Kimler suw istese,
Gyryň serbazlar!
Kimler nana istese,
Gyryň serbazlar!
Gyryberiň,
Gyryberiň, serbazlar!...”

Türkmen jigidi:
“Gyryberiň,
Gyryberiň serbazlar...”
Şu dälmi durmuşyň, şu dälmi niýetiň,
Men garybam bolsam,
Gallajam bolsam,
Bardyr kesgir gylyjym,
Bardyr gyr atym.

Onsoň damarymda joş alyp duran
Gün kimin lowlaýan ganymam bardyr.
Kim goraýan bolsa söwer ilini,
Söwer ili oňa hemişe ýardyr.

“Gyryberiň,
Gyryberiň, serbazlar...”
Şumudy durmuşuň, eý, messepsiz han?!
Jepakeşler üçin atlandym ata,
Gaýratyň bar bolsa,
Çyk,
Ynha meýdan!”

Jeýhun derýa:
...Ine, şeýdip meniň ýaşyl kenarym,
Bolýarlar her pasyl gyrmyzy gana.

Ýa söýgi hesreti, şirin arzuwlar,
Öwrüldimi düýş dek garaňky zada?
Ýa kalbyňda gizlin syryňam ýokmy?
Gazap bilen ýaşaýaňmy dünýäde?

Eýle bolsa, gazabyňy dök maňa,

Men ondan ýasaýyn bulutly asman.
Otlar otly gülle bolup ýagsynlar,
Belki, köşeşersiň, jepekeş daýhan.

Doňakly gyş gazy gazyp, der döküp,
Şypaly suwumdan gönenjek her kim.
Men bolsam daş bolup doňup ýatyryn,
Olar ýene bendi, men bolsam erkin.
Men islän mahalym öwrülip daşa,
Garly asman bolup üýtgedýän görküm.
Islesem aýdym dek gelýärin joşa,
Sebäbi men bagtly,
Sebäp men erkin!

Ýöne menem derýa,
Ýüregim daş däl,
Gelseler üýşüşip zähmetkeş iller.
Olar bilen agzymyzy bir edip,
Şanly geljek sary çekerdik ýollar.
Ine, şeýdip bu jepakeş diýarym,
Gan bilen paç berýär hana, soltana.

Şypaly suwuma eňegin basyp,
Teşne ykbalyny gandyrjak her kim.
Olar bendi bolýar şu arzuw üçin,
Olar erksiz galýar,
Men bolsam erkin.

Men bolsam baharlar gerip ganatym,
Kenary opuryp joşýan, batlanýan.
Ýaşyl jeňňelleriň üstünden ädip,
Öz ýoluma, öz ugruma şatlanýan.

Ýöne menem derýa!
Ýüregim daş däl,
Meniň şatlygyma goşulsa iller,
Bezärdim synamy ak güller bilen,
Meniň bilen bezenerdi ak güller.

Hany sen, jepakeş daýhan balasy,
Söýgüliňe açyp bilmän ýaýdanýan
Ýürek syrlaryňy aýan et maňa,
Men köp ili, köp ülkäni aýlanýan.

Belki, tapyp seniň söwer magşugyň,
Salam berip, salam alyp gaýdaryn,
Goşa ýürekleriň gizlin syryny
Giň dünýäde aýdym edip aýdaryn.

Häzir bolsa meniň ýaşyl kenarym,
Gylyçlaň sesinden gelýär amana,
Gyrgyn bilen, gylyç bilen, toz bilen,
Demin alýar bu daş ýürek zamana.

At toýnagnyň sesi,

Ene hüwdüsi,
Ölüm heňin çalýan şaňňy ses deprek,
Gyş zaryn uwlaýan ýalaňaç çybyk,
Gazapdan dil açan bagry baş toprak...

Galmagal içinde geçýär gijelem,
Ene gazap bilen geçýär ertirim.
Bu zatlaň barynyň edip pikirin,
Ine şeýdip,
Her gün akyp ýatyryn...”

II. Bölüm

Säher
Iller eýýäm oýandylar,
Hany senem oýan, balam.
Teşneligiň hasratyny
Hemmeden kän duýan, balam.
Haýsy ýerde suw bar bolsa,
Şol ýerde-de ýer bar diýip,
Hem ýer üçin, hem suw üçin
Ýürek, bagry köýen, balam...
Hem erk üçin, hem görk üçin
Döşün gerip aýazlara,
Kä üşedip, kä gyzdyryp,
Käte bolsa buýan, balam.
Güneş altyn damjalarny
Seçdi seniň ýüzleriňe,
Şu güneşiň aşagynda
Meýmiräpjik oýan, balam.

Gurbaga hakynda kiçijik oda
Günleriň birinde ýaşajyk çopan,
Azaşyp, goşundan düşüpdir yrak.
Ýodalary yzlap ýekänmä-ýekän.
Şeýdip otly gumda bolupdyr heläk.

Ýokarsyna baksa çalymtyl asman,
Ýerde bolsa çäge bilen howur bar.
Dişiň gyjyrdadyp yzyny kesmän,
Ýalynly ýel ýeri göge sowurýar.

Selinleriň, sazaklaryň arasy
Galypdyr ne ýoly, he-de ýodasy.
Ol aýdym aýdypdyr Lebap hakynda,
Çopanyň hemrasy – “Spidolasy”.

Ol aýdym aýdypdyr Lebap hakynda,
Magtapdyr Jeýhunyň şypaly suwun.
Ol aýdym aýdypdyr Murgap hakynda...
Çopan dikelipdir
Göterlip göwün.

Göterlipdir göwün, joş alyp ýürek,
Bagşylar aýdanmyş yzly-yzyna.

Göterlipdir göwün, joş alyp ýürek,
Jahyl çopan galanmyşyn dyzyna.

Göterlipdir göwün, joş alyp ýürek,
Jeýhuny, Murgaby ýatlanmyş çopan.
Göterlipdir göwün, joş alyp ýürek,
Ene ençe ädim ätlänmiş çopan.

Ýöne artdygyça yssynyň bady,
Barha gaçanmyşyn çopanyň taby.
Ahyr alaç tapman gaçyp yssydan,
Sazakdan düýbüne çekilipdir ol.
Teşnelikden ýaňa dilini sallap,
Ellerini serip, ýykylypdyr ol.

“Teşnelik derdinden öläýsem eger,
Iň bolmanda biri tapsady meýdim.”
Şeýdip aljyranda edenmiş pikir,
“Spidola” bolsa aýdýarmyş aýdym.

Şol arada,
Birdenkä-de,
Bir erden
Eşidipdir çopan üýtgeşik owaz.
“Warryk-warryk” edip ajap gurbaga
Ýakynda bir ýerde çalýarmyşyn saz.
Ine saňa owaz,
Ine saňa saz
Çopan sem edipdir “Spidolasyn”
Hem pikir edipdir gurbaga hakda:
-Ömür ýigrenerdim men seniň sesiň.

Häzir bolsa senden uly bagşy ýok,
Şahyrlar bilbili edýärler taryp.
Şahyr bolmasam-da, dönüp şahyra,
Seniň sesiň hakda ýazýardym taryh.

Giňden gerp eldir aýaklaryňy,
Nirden uçup geldiň Garaguma sen?
Güneşiň damjasy-altyn suw bilen
Üýtgeşik jan berdiň ýüregime sen.

Onsoň çopan öz sesine bat berip,
Diýenmiş:”Dag ýaran,
Çöl diýlen Perhat.
Garaguma gurbagany getiren-
Milemez, berk erkli ärlere şöhrat!”.

## Garagumuň alkyşy

Sag bol, ýüregimden önen perzendim,
Gojalan wagtymda ýaş etdiň meni.
Men bu gün täzeden jahana indim,
Jeýhun suwy bilen joş etdiň meni.

Otly gursagymy gerip sährada,

Bir katra nem diläp asmana bakdym.
Ine, ahyr sen döränsoň dünýäde
Gökden tapmadygmy zeminden tapdym.

Ine, ahyr sen ýetişdiň dadyma,
Tarladyp geldiň-de buldozeryňy.
Bütin dünýä aşyk boldy adyňa,
Bütin dünýä duýdy seniň zoruňy.

Atalaň, babalaň süýji arzuwy,
Asyrlar dirilip seretsin indi.
Baş galdyrman ýatan derýanyň suwy,
Bu gün kükregimde deňize döndi.

Gygyrasym gelýär begençden ýaňa,
-Şiriniň aşygy-dar ýaran Perhat!
Şöhrat bolsun senden ötürenlere,
Şöhrat, suw getiren ärlere şöhrat!

**Soňlama**

Ýaşajyk hudožnik-ýaşajyk oglan
Şeýle bir şadyýan, şeýle bir erkin.
Akar suwuň kenarynda oturyp,
Suwuň suratyny çekýärmiş her gün.

Hem kiçijek göwre,
Hem uly ýürek
Bular akar suwy edýärmiş taryp.
El ugruna sahypasyn ykjadyp,
Ýatanmyş ýanynda gojaman taryh.

Ine birden ak kagyzyň ýüzünde,
Peýda bolýarmyşyn täsin etýudlar.
Oglanjygyň ýanyp duran gözüňde
Görünýärmiş Uzboý, gadym Üst-ýurtlar.

Sesi etdiginden gygyryp oglan
Diýýärmiş:”Sazaklar reýhan boldurar.
Besdir kän ýatdyňyz, oýanyň indi,
Dokuz komissarlar, ýigrim altylar.

Akar suw başynda hüwdüläp sizi,
Rahat oturmaga ýok meniň hakym.
Turuň-da, gaňdyryň ýürekleriňizi.
Serediň:
Akar suw,
Ullakan akym!
Serediň:
Akar suw,
Ullakan akym,

Rahat oturmaga
Ýok meniň hakym.
Sansyz tolkunlary gysyp bagryma,
Teşne ýüregimem akmaly bu gün.

Ýumrup barýan akar suwuň ugruna,
Ganatymy gerip akmaly bu gün.

Akar suwuň beren sowgat-salamyn,
Gaty kän ýollardan ötürmeli men.
Babam Hojanepes, Uzboýly gyza
Buşluk habaryny etirmeli men.

Ýatanlar oýandy, oýandy indi”.
...Ýaşajyk hudožnik ýaşajyk oglan,
Şeýle bir şadyýan, şeýle bir erkin.
Akar suwuň kenarynda oturyp
Suwuň suratyny çekýärmiş her gün...

**Güneş**

Gün nuruna baýdyr türkmen asmany,
Güneşler ýurdudyr meniň topragym.
Her gün säher güneş çoýup bossany,
Öpýär bägülleriň elwan ýapragyn.

Gün nuruna baýdyr türkmen sährasy,
Güneşler ýurdudyr biziň Garagum.
Çygly säherleriň dury howasy,
Seýle çyksam, joşyberýär ýüregim.

Gün nuruna baýdyr biziň öýümiz,
Güneşler ýurdudyr meniň kükregim.
Ýaşasyn ýaşaýyş!
Ýaşasyn Güneş!
Ýolagçylar, kakyň ýöriş depregin.

Kakyň ýolagçylar, ýöriş depregin,
Biz şanly geljege edeliň seýran.
Güneşler ülkesi-ajap topragym,
Gör, neneň bagtyýar, bu ajap mekan.

Eý güneşli günüm, güneşli ertäm,
Gel seni gujagma gysaýyn gaýym.
Tüssesiz, bulutsyz, eý açyk asman,
Men seniň ýüzüňden öpmäge taýyn.

Ýörişler baýdagyn elimde saklap,
Kä daglara çykyp, kä ganat beklän,
Käte büdresem-de, kä emedekläp,
Diňe öňe tarap gitmäge taýyn.

...Gün nuruna baýdyr biziň ilimiz.
Güneşler ýurdydyr meniň kükregim.
Ýaşasyn ýaşaýyş!
Ýaşasyn Güneş!
Kakyň, ýolagçylar, ýöriş depregin!

Ýolagçylar, kakyň ýöriş depregin,
Taryh bu ýörişiň ýazgysyn ýazar.
Çykyp gaýalaryň belent gerşine,

Geçmişe, geljege salalyň nazar…

***

Kyrk ýyl ýagyş ýagdy yzyny kesmän,
Kyrk ýyl ýel öwüsdi yzyny kesmän,
Äpet buzlar bilen örtündi zemin
Gara daş deý bolup asyldy asman.

Ýene-de kyrk ýyllap ýyldyrym çakdy,
Gara gijäň daş bagryny paralap.
Şondan sonar Gün döredi dünýede,
Zemin bilen giň asmany aralap.

Ýer bilen asmanyň araçäginden,
Ilki gezek Gün göründi lowurdap,
Owsyndy ol gözel gyzyň lybasy—
Atyr ysly keteni deý şowurdap.

Birdenem bar zatlar janlandy şo hal,
Buzlary eretdi güneşiň bady.
Onsaň yüze çykdy şeýle bir sowal:
— Kime bagş etmeli bu beýik Ody.

Jebraýyl wekilin çagyryp hudaý,
— Jahany aýlan —diýip, gönderdi perman—
Kim hakyň adyny agzaýan bolsa,
Maňa habar ýetir hiç ýerde durman.
Kim agzaýan bolsa meniň adymy,
Men şoňa bagş etjek beýik Odumy.

Jebraýyl aýlandy Ýeriň ýüzüni,
Hakyň adyn agzaýana duşmady,
Asmany aýlandy, suwy aýlandy,
Hakyň adyn agzaýana duşmady...

Jebraýyl wekilin çagyryp hudaý
—Ýenede aýlan—diýip, gönderdi perman.
Hakyň adyn agzaýana duşmady,
Jebraýyl köp gezip,
Köp çekdi arman.

Dagyň jülgesinden ses çykdy birden:
—Tak... tak... tak...
Degirmen ýasap,
Äpet daşy döwüp,
Gaýanyň ýüzünde durdy bir gerçek.

Gün bilen örtülen sowuk dünýäde,

İlkinji zähmetkeş ynsan göründi.
Şeýdip täsin sowgat—bu beýik güneş
Haka däl-de şol tak-taka berildi.

Bu otly güneşi gysyp bagryna
Agaty köp ýol gecdi zähmetkeş ynsan
Derýalar ýol saldy onuň ugruna
Oňa başyn egdi ýer bilen asman.

Bu otly güneşi saklamak üçin,
Adamzat köp gezek çekendir piada.
Topraga kän siňdi adamyň gany,
Atalar oglundan düşdüler jyda.

Bu otly güneşi saklamak üçin,
Köpler çüýrediler gazamatlarda.
Oylanyp tapyldy dar agaçlary,
Köp adamlar ýakyldylar otlarda...

***

Syrylyp gijäniň gara perdesi,
Iň soňky ýyldyz hem bir eýýäm öçdi.
Guşlaň owazyna, çaýlaň sesine,
Dünýä gujagyny uludan açdy.

Bulutlar göçüşip durlanýar asman,
Ýuwaș-ýuwaş gün görünýär ýaldyrap.
Güller öwşün atyp, ýuwunyp bossan,
Çeşme-çaýlar akyp ýatyr buldurap.

Șu asmanyň, șu güneșiň astynda,
Șu damjalaň șu otlatyň üstünde.
Edil akja gulajynlar otlaşyp,
Ak eşege ogly bilen syrtlaşyp,
Sygyrlary gaýtarýardy Padyman.

Gelin-gyzlar suwa barýar sallanyp,
Ejap edýär gök otlary basmana.
Itler üýrýär kerwen gidýär ýollanyp,
Ses-galmagal göterilýär asmana.

Tamdyrlaryň gapdalynda aç itler,
Bakyp ýatyr eýesınıň eline.
Awa gidýän, awdan gelýän ýigitler,
Bir zatlary tabşyrýarlar geline.

Sowgat berip gaýalaryň naryny,
Awçy ýigit guwandyrýar ýaryny.
...Edil ýaňja güneş bilen gök asman,
Synlap durdy bu zatlaryň baryny.

Ondan bäri kän salymam geçenok,
Tamdyrlaryň odam heniz öçenok,
Anha olar garylyp dur bugaryp,
Garyp oba galyberdi gugaryp.

Hany indi ol jandarlar nirede?
Nirä gitdi durmuş bilen adamlar.
Näme boldy beýle ýakyn arada,
Başyn egip galdy, pisse, badamlar,
Nirä gitdi durmuş, hany adamlar?

Ýatyr biri golaýynda şa ýoluň,
Öňe tarap uzalypdyr naýzasy.
Ýap boýunda ölüp galan aýalyň
Daşa degip, döwülipdir küýzesi.

Garyp enäň sowan meýdin ýassanyp,
Kemşerilip aglaýar-da azajyk...
Bir zatlary gaýtalaýar gyssanyp,
Dodaklary gurap giden çagajyk...

Ýene-de aý çekýär ýüzüne perde ,
Duman bilen basyrylýar ýyldyzlar.
Gygyryp baýguşlar Şamda, säherde,
Geçip gidýär ençe gije, gündizler.

Günleriň birinde ýolagçy goja
Jaýlaýar gelini çagasy bilen
Aýat okap nalyş edip çalaja
Aglaýar erkekleň agysy bilen

Ýel ösýär şuwlaýar yzyny kesmän
Tümmegiň astynda ýatan aýala
Seredip goja dag bakyp gök asman
Başyn egip çümüp durlar hyýala

Mekan tutyp munda guşlar gumrylar
Ýasanýarlar özlerine höwürtge
Bilýän men bu ýerde her ýyl her bahar
Peýda bolar üç-dört sany ýumurtga

Ganat ýaýyp guşlar onuň üstünde
Gündiz gidip dolanarlar gijeler
Güneş bilen gök asmanyň astynda
Dörer durar täze-täze jüýjeler

Gara ýeriň aşagynda gömülen
Arzuwlardan ýasanarlar ganaty
Uçar olar uçar olar ýadamaz
Azat guşlar gök asmanyň zynaty

Uçar olar bulutlaryň astyndan
Uçar olar asyrlaryň üstünden

Göz ýaş bilen gark edilen seneler

Göz ýaş bilen gark edilen eneler
Şeýle arzuw göterýärdi gursakda
Geler bir gün bu muşakgat kemeler

Tozap galan garyp-garyp obalar
Armanlyja ýitip giden babalar
Şeýle arzuw göterýärdi gursakda
Geler bir gün bu ejirler ýogalar

Kämillige ýaňja ýeten juwanlar
Ýer ýüzüne biwagt gelen myhmanlar
Şeýle arzu göterýärdi gursakda
Bir zamanlar süýüp ýaşar ynsanlar.

Hiç bir zada düşünmedik çagalar
Bu ne beýle? Aýtsaňyzlaň çagalar

...Garagum ot alýar,Garagum ýanýar,
Ýanýar ýaňja çykan gökje ýylaklar.
Gurak sähraň howry tamdyra dönýär
Kä ýerde bugarýar ajy bulaklar.

-Eýmenmezden beýle yssy howadan
Guşluk wagty ýola düşdi bir adam.
Aňňat-aňňat depeleriň üstünden,
Çarygyny süýräp urýar ädimi.
Ýowuz ykbal gelip onuň kastynda,
Nirä alyp barýaň ýalňyz Adamy?

Bu golaýda hany oňa rehimdar,
Hany ol güler ýüz, hany ol ynsan

Töwerekde ölüm bilen wehim bar,
„Ah, baý ogly, nälet saňa, naýynsap
Nälet bolsun, seniň haram malyňa... “
Ýalňyz adam gidip otyr ýoluna.

Emma onuň habary ýok yzynda
Atsyz- sopsuz ýitip giden obadan.
Enesiniň sowan meýdin ýassanyp,
Ebedilik uklap galan çagadan.

...Gögüň ýüzün tutan gara bulutlar,
Garagumuň howry bilen ereýär.
Çagba gelip az salymyň içinde,
Takyrlarda umman derýa döreýär.

Güller ygşyldaşyp, janlanýar şol dem,
Ýaz ýagyşy ýuwýar olaň ýapragyn.
Ulydan dem alyp, bugarýar kem-kem,
Teşnelikden halas bolan topragym.

Ine şonda çykyp depäň üstüne,
Ýolagçy gyşaryp alýar demini.

Bir göz aýlap sähraň belent-pestine,
Çokaýyn çykaryp, kakýar gumuny.

Bakýar çopan giňden açyp gözünü,
Çar-töwerek biraz ony gümeýär.
Ýene duman örtüp gamly ýüzünü,
Seretmäge, şatlanmaga goýmaýar.

Uzaklarda galan garyp obasy,
Külbesi, aýaly, eziz çagasy...
Ýogsa-da çagajyk edil şu pille,
Niredekä? Haýsy oýnyň başynda.
Belki-de ol... belki-de ol ymsynyp,
Aýlanýandyr baý öýünüň daşynda.

Bir bendäniň awap oňa ýüregi,
Berdimikä şapbat ýaljak ýüregi.

Çörek! Sen dälmisiň tutp elimden,
Men pahyry bu ýerlere taşan zat.
Seniň üçin heläk boldum zulumdan,
Sen dälmisiň ýowuz ýoly başan zat.

Çekilen azaplar, ýörelen ýollar,
Berermikä seni meniň elime.
Seniň bilen ýaşamaly dünýäde,
Seniň üçün gitmeli biz ölüme.

Sen hem agyr zähmet, sen hem zulumsyň,
Sen hem ýaşaýyşsyň, sen hem ölümsüň,

Egilýär gojanyň çalaran başy,
Ýüregi aglaýar, gözünde ýaş yok.
Asman baksaňam, ýere baksaňam,
Gidere ýoda ýok, edere iş ýok.

Nurly gün hem öz labyryn ýaňadan,
Garagumuň gujagyna taşlaýar.
Mele suwdan dolup ýatan takyrlar,
Sessiz-üýnsüz bugarmaga başlaýar.

Az salymda Garagumuň düzüni,
Güneş tutdy, nem galmady, kepedi.
Gyzgyn şemal gojanyň-da,
Demirýaly eli bilen sypady.

Sypasa-da, kepetse-de suwlary,
Ýandyrsa-da, ýolagçynyň çal başyn.
Garagumuň ýalyn ýaly güneşi,
Kepedip bilmedi ýüregniň ýaşyn.

Gün nuruna baýdyr türkmen asmany,
Güneşler ýurdydyr goja Garagum.
Emma şeýle güneş asyrlar boýu,
Gyzdyrmady nesilleriň ýüregi.

Çagalary çörek diýip aglady,
Adam aşak egdi belent başyny.
Kepedip bilmedi türkmen güneşi,
Garyp eneleriň gözde ýaşyny.

***

Gije.Gyş gijesi, garaňky gije,
Aý bulutlaň aňyrsynda gizlenýär.
„Beýdip oturmakda näme netije“
Diýip, ene çagalara ýüzlenýär.

Sapylap olaryň kirli başynda,
Barýar ene körpe ogly Mergene,

Sowap galan gyş ojagynyň daşynda
Çekilip, çagalar sümýär ýorgana.

Birden bu külbäniň dik depesinde,
Guýýar ýagyş guýýar, ýagýar daş ýagýar.
Ýumruk ýaly bar-la olar pesinden,
Ok ýaly atylyp eşige degýär.

Eýmenç gije batly açyp gapyny,
Ýel daşlary öýe baka sowurýar.
Gör-le eýýäm sanly wagtyň içinde,
Çagajyklaň baş ujunda suw urýar.

Hemme zat öl-myjjyk, Hany alajy,
Ṣatyrdap ses edýär jaýlaň agajy.
Ene pakyr dört tarapa ylgaýar,
Köne gyňaç ýel ugruna galgaýar/

Ýene-de ýyldyrym gylyjyn syryp,
Lowlap, haýbat atýar.
Ýene ýagyṣ guýýar, şemal şuwlaýar
Gara gije aç möjek dek uwlaýar.

Ýene enäň galman sabyr-karary,
Ýetimleriň arzyn aýdýar Hudaýa.
Rehim, şepagatly perwerdigäriň
Heý nazary düşmezmikä bu jaýa.

Hudaý bolsa dymýar edil lal ýaly,
Hudaý bolsa ýüzün sowýar eneden.
Gijäniň aýazy, ýagyşy, ýeli,
Bu külbede at oýnadýar ýaňadan.

Ýyldyrymyň ýagtysyna çagalaň,
Sandyraýan göwreleri görünýär.
Ne sepäpden gazaply gyş, gaýly gyş,
Däli ýaly iki-baka urunýar.

Hawa, şeýle bolýar soňky deminde,
Jan howluna urunýarka ýyrtyjy.
Gara kölge bolup, günüň öňünde,
Geler onuň gögi aşak dartasy.

Geçmişiň iň soňky gara gijesi,
Gaýdyp gelmejegin aňan şekilde.
Gapana bent bolan aç möjek ýaly,
Soňky demin sanýardy şo pille.

Daň atdy. Sowruldy gara bulutlar,
Gördi adam ýöremeli ýoluny.

Öňe çykyp, Danko ýaly ýigitler,
Ýyrytdylar gijäň gara şalyny.

Bu ajap  säheri-şanly säheri,
Täsin aýdym bilen wasp etdi guşlar.
Başlandy dünýäniň täze bahary,
Ömür size gutly bolsun, deň-duşlar!

***

Daň atdy taryhyň sahypasynda,
Sumat boldy gara gije, gaýly gyş.
Adamzat täzeden indi jahana,
Şol günden başlandy beýik ýaşaýyş.

...Açyk penjireden seredýän doýman,
Güllere beslenen bagy-bossana.
Şol beýik ýyldyzyň çür depesinde,
Altyn güneş düşýär güneşistana.

Sähralaryň belendinde, pestinde,
Jülgelerde, gaýalaryň üstünde,
Derýalarda, tolkunlaryň ýüzünde,
Nurly güneş aýlanyp ýör düzümde.

Goldan-gola towsaklaýar batlanyp,
Gülüp bakýar Dünýä onuň oýnuna.
Serediň ol çaga kimin şatlanyp,
Böküp barýar adamlaryň boýnuna.

Ter ýapraklar sesin goşýar sesine,
Boz topraklar gysýar ony bagryna.
Öňe bakan ýüzüp gidýär batlanyp,
Derýalaryň, Deňizleriň ugruna

Şatlanmak düşüpdir onuň paýyna,
Şat etmek düşüpdir onuň paýyna,
...Soragsyz idegsiz gapymy kakman,
Penjireden kürsäp girdi jaýyma.

 - Gel güneş, gel bäri geçiber töre,
Seniň üçin açyk meniň gujagym.
Bezeg bol bu öýe, bu şat diýara
Seniň üçin açyk meniň saçagym.

Dol öýüme göz üstünde ornuň bar,
Ýüregim-de, arzuwym-da, seňkidir.
Seni söýmek, seni gorap saklamak,
Bilseň bize atalaryň pendidir.

Azat güneş dünýämiziň zynaty,
Seniň bilen bezedim men daňymy.
...Kyrk birinji ýylda faşist ganaty,

Tutjak bolup gök asmanyň öňüni.

Gök ýüzüne abananda bulutlar,
Atalarmyz dökdi gyzyl ganyny.
Ele ýarag alyp batyr ýigitler,
Biziň üçin gaýgyrmady janyny.

Öňsüz, soňsuz hatar-hatar wagonlar,
Atalary äkidýärdi haşlaşyp.
Gitdi olar jan alyp, jan bermäge,
Gitdi olar çagalardan daşlaşyp.

Ýa dolanar, ýa dolanmaz  yzyna,
Öňünden aýdaýmak, elbetde, kyndy.
Bu ýowuz ýörişler, ganly dawalar
Açyk asman, azat güneş üçindi.

Täze arzuw bilen, täze at bilen,
Bu güneşiň astynda biz doguldyk.
Atalarmyz gidişýärkä ot bilen,
Ýaňy dünýä inen körpe oguldyk.

Şu güneşiň aşagynda dil bitdi,
Adam bolduk, geplemäge baş goşduk.
Aýak bitdi bu güneşiň astynda,
Ýöräp – ýöräp cagalykdan daşlaşdyk.

Atalar! Hemişe ýatladyk sizi,
Siziň sözüňizden tälim aldyk biz.
Ýyllar merdiwan dek göterdi bizi,
Basgançakdan-basgançaga galdyk biz.

Parlak güneş, toýuň bolsun mübärek,
Geldim elimde duz, çöregim bilen.
Seniň jemalyňa aşyk men baky,
Ylhamdan ýasalan ýüregim bilen.

Geldim uzak ýoldan der döke-döke,
Sagyma, Soluma gül eke-eke,
Men seniň ýanyňa gelmedim ýeke,
Geldim güle dönen Garagum bilen.

Geldim güle dönen Garagum bilen,
Geldim Watan söýen ýüregim bilen.
Men seniň ýanyňa gelmedim ýeke,
Geldim duzum bilen, çöregim bilen.

…Gün nuruna baýdyr türkmen asmany,
Güneşler ýurdudyr meniň topragym.
Her gün säher güneş çoýup bossany,
Öpýär bägülleriň elwan ýapragyn.

Eý güneşli günüm, güneşli ertäm,
Gel seni gujagma gysaýyn gaýym.
Şu güneşiň, şu asmanyň astynda,
Ýüz ýyllap, müň ýyllap gitmäge taýyn.

Arzuwyň,
söýginiň, dostlugyň
bagtyň,
Ýoly bilen goý aýlansyn şarymyz.
Şeýle beýik ýoldur Adamyň ýoly —
Şeýle beýik ýoldur biziň ýolumyz.

Arzuwdan,
söýgüden, dostlukdan,
bagtdan,
Hyjuwdan ýasaldy meniň kükregim,
Ýaşasyn ýaşaýyş!
Ýaşasyn güneş!
Kakyň ýolagçylar ýöriş depregin.
1963

## BALYKCY

### I

Derýa kenarynda
Kiçijek oba.
Kiçijek obada
Ullakan baba

Üýşürip daşyna
Agtyklaryny
Taryplaýarmyşyn
Dogduk ýerini:

—Inerler, entek siz
Näme görýäňiz,
Siziň bu derýaňyz—
Amyderýaňyz

Gaty gudratlydyr,
Sahydyr gaty,
Aýlansaň obany
Gapyma gapy.

Ol hakda joş alyp
Ederler gürrüň
Biz oba çykarys,
Ýeneki bir gün.

Häzir bolsa size
Şeýle bir sowal:
—Derýanyň baýlygy—
Bu niçik ahwal?

Ýa-da çuňlugymy,
Ýa-da saýlygy,
Nirdekän derýanyň
Syrly baýlygy? —

Söze başlanmyşyn
Iň uly agtyk:
—Heý baýlyk bolarmy
Suwdanam artyk.

Geçmişde babalar
Edipdir arzuw.
Otly Garaguma
Gelse akar suw.

“Jeýhuny agdarsak
Kän hasyl önjek.
Türkmanistan coli
Gülzara dönjek”.

Ol süýji arzuwlar
Geldi kemala.
Sümmüller ygşyldap
Sergin şemala,

Bu gün teşne gollar
Tapdy geregin,
Gülzara öwrüldi
Teşne Garagum.

Otly Garagumda
Üýtgedi şemal.
Dünýä belli boldy
Bu beýik kanal.

Heý baýlyk bolarmy
Mundanam artyk.
Şeýle diýenmişin
Iň uly agtyk.

Sakalyn sypalap,
Gülenmiş garry:
—Ynha meniň balam
Üstünden bardy.

Akar suw, mele suw
Ol mele altyn.
Muny arzuw edip,
Kän gezdi halkym.

Bu gün bolsa ynha,
Hemmäň görýäňiz.
Nirelerden çykdy
Amyderýaňyz.

Cöller beslendiler
Lälezarlyga.
Bakyň bu ummasyz
Pagtazarlyga.

Bu gudrat, bu hikmet
Ilimiň güýji—
Tehnikanyň güýji
Ylymyň güýji…

Indi bolsa size
Ýene bir sowal.
Derýanyň baýlygy—
Bu niçik ahwal?

II

—Hawa, bar—diýenmiş
Ortanjy agtyk.
Heý baýlyk bolarmy
Odundan artyk.

Sähel gowşadaýsa,
Derýa badyny
Zyňylar kenara
Gury oduny.

Agaçlaň kökümi,
Ahawmy, porruk.
Tamdyr odun üçin
Bolmaz zerurlyk.

Cöle gitmeli däl,
Uzak ýol ýakyn.
Isle düýe bolsun
Isle-de maşyn

Capyp, ýygmasy ýok
Eglenmez asyl.
Derýaň kenarynda
Bu-da bir pasyl.

III

Ak saç kellesini
Atyp çalaja:
—Dogry—diýenmişin
Aksakal goja.

IV

Ýürek takat etmän
Dymmaga artyk
Gepläp başlanmyşyn
Iň kiçi agtyk:

—Eger bar bolsa
Derýada baýlyk.
Onuň bar baýlygy
Balykdyr balyk.

Öňler çeňňek bilen
Tutardym lakga.
Indi bu hünäre
Boldum men ökde.

Ak gaýaň düýbünde
Günbatan ara.
Üýtgeşik balyklar
Cykýar kenara.

Indi men gepleşip
Oglanlar bilen.
Ak gaýaň düýbüni
Süzjek tor bilen.

V

Agtygyna başyny
Atyp çalaja.
Uludan demine
Alypdyr goja

—Seniň ol diýýäniň
Bekre balykdyr.
Özi az bolsa-da
Uly baýlykdyr.

Ýöne welin seniň
Bu işiň telek,
Baýlygy är kimin
Saklamak gerek.

Sen üýşüp özüň dek
Oglanlar bilen,
Gyrsaň tohumyny
Süzseň tor bilen,

Ýene biri üýşüp
Ýene kim bilen
Gyrsa tohumyny
Gyrsa çem gelen…

VI

Derýa kenarynda
Kiçijek oba.
Kiçijek obada
Ullakan baba.

Birbada söz tapman
Gyssananmyşyn.
Derýaň balygyny
Gysgananmyşyn.

—Meniň eziz körpäm,
Bu işiň telek.
Baýlygy är kimin
Saklamak gerek.

Sen eýesi ahyr
Ullakan ertäň.
Erte hakynda-da
Oýlangyn körpäm!
1972

**Halyl Kulyýewiň poeziýasy...**

Neşirýat bu ýumşy tabşyranda, juda ýokuş degýän ýowuz bir hakykata kaýyl bolmaly boldy. Onda-da ne ýowuzdy – onuň ýokdugyny boýun almalydy, ynanmalydy. Ynanybam bolanok... ýylgyryp öňüňden çykaýjak ýaly bolup dur. Kópleriň kalbynda şeýle duýgynyň ýatandygyny bilýän. Çünki ol – şeýleräk ýigitdi, aýnymyz öz poeziýasydy... Halyldy.

Halyl Kulyýewiň poeziýasy... Juda gysga, emma uly mazmuny özünde jemleýän bu sözler, nämesindendir, "halyly üzüm" diýlen ýaly bolup gulaga illýär. Bu duýgy şahyryň kämillige juda ir ýetişendiginden bolmagy mümkin. Gül-pürçükli baharyň setirlerde bark urup duranlygyndan bolsa-da bilmedik. Goşgularyň ymsyndyryjy tagamy, owadanlygy halyly üzüm kysym bolup, şeýle duýgy döredýän bolmagy-da ähtimal. Şolaryň birleşen bitewiligindenem bolup biler. Garaz, nämesindendigini anyk aýtmak kyn, bir zat belli-gulagymyz bizi aldanok:

Gaýalaryň gary eräp bir eýýäm,
Pyntyklady pisse bilen badamlar.
Bahar ýeli aýnalary kakyp ýör:
-Bahar gelýär, bahar gelýär, adamlar.

Gol ýaýratdy bagymyzyň üzümi
(Uzak ýaşar bu üzümden dadanlar)
Bahar ýeli sypap geçdi ýüzümi:
-Bahar gelýär, bahar gelýär, adamlar.

Hawa, Halyl Kulyýewiň poeziýasy halyly üzüme juda meňzeşdir: owadandyr, şirin, ymsyndyryjydyr... Arman şahyryň ömri-de halyly üzüme meňzeş ekeni.. Ýöne şahyr özüniň gysga ömründe juda uly manyly bir jümläni – "Halyl Kulyýewiň poeziýasy..." diýlen düşünjäni türkmen poeziýasyna, edebiýaty öwreniş ylmyna, okyjylar köpçüligine ýadygärlik goýmaga ýetişdi.

Halyl Kulyýewiň poeziýasy... Örän düşnükli, emma gunt düşen ýaly bu sözler hiç bir şahyra meňzemeýän alamatlary bilen göz öňüňe gelýär:

**Mylaýymlyk, mähir** – ine, Halyl Kulyýewiň poeziýasynyň häsiýetli alamaty. Şahyryň şygyrlary näme hakda oýlansa-da – goý, ol bizi Warryk batyr bilen tanyşdyrsyn, obalaryna aýlasyn, busajyk towşanyň gürrüňini etsin – tapawudy ýok, herki zadyň tebigatyna hormat, söýgi bilen dem alýar. Onuň mähri, mylaýymlygy ýapraklaryň arasyndan ýere düşýän apbasy ýaly **yşrazlara** meňzäp, setirleriň içinde ýaldyraşyp dur. Sözümiz ynamly bolar ýaly, bir goşgyny ýatlalyň: "Keýmirkörüň ýigitleriniň biri Warryk batyryň çowlugy Warrygyň hekaýaty". Warryk batyr bize öňden tanyş, ol- rowaýatyň gahrymany. Goşgudaky Warryk hem agynjak babasy. Warryk batyr uruşdan medally gelipdir, "şinelem özüne tikilen". Gyzlaryň: "Biý-ä ýigit bolaýypdyr edaly, Görsene, gyz, döşündäki medaly" diýen hyşy-wyşylar gulagyna degeninden "Birden üýtgäp gitdi Warrygyň haly, Sypaşdyrdy, döşündäki medaly", şu hereketleriň logikasyny yzarlasaň, Warryk il oýnatgysy bolmaly, goşgy-da ýaňsy bilen tamamlanjak ýaly. Dogrudanam, Warryk göterim adam, şygryň soňlamasyna gezek gelende welin, çaklan çakyň çykanok. H. Kulyýewiň döredijilik edähedi – ynsany ynsanlyk sarpasyny saklamak, bitiren hyzmatyny hormatlamak bilen şygryň "jylawyny" özüne tarap burýar duruberýär. Şeýtmedik bolsa, onda ondan H. Kulyýew bolmazdy. Şeýdip şahyryň şekili şygra siňýär, şeýdip mähir **"yşrazy"** kemala gelýär, şygyr awtorynyň ullakan adamkärçiligini şeýdip görkezýär:

- Kellesine ok degeni çyn eken.
Gahryman bolupdyr bulamak bulap,
Bu üýtgeşik gülkä bolmady çydap...

Gülüň, gyzlar, gülüň!
Ýöne bir zady
Siziňem mazaly bilmegiňiz gerek.
Şol gün şöhratlandy Warrygyň ady:
Hüjüme başlady müňlere derek,
Onuň duzun iýen bir rota ýürek.

Elbetde bu düşündirişler şygryň ýüzüni doly açyp bilmez. Aslynda, on annotasiýadan şygry bir gezek okanyň on paý gowudyr. Şol sebäpdenem şahyryň mähirli goşgulary hakynda edilmeli ýokarky terz gürrüňlerden sowlup geçýäris. Olary okyjynyň öz ygtyýaryna bersek, öz mizany bilen agramyny ölçär. Oňa derek başga zady aýtmaly. Sungat eserine akylam gerek, duýgam welin, barysynden beter adamkärçilik zerur. Şygryň jemgiýetçilik mazmuny, döredijilik keşbi şondan hasyl bolýar. Halylyň onlap goşgusynyň onlap bendi bilen ýokarky mysalyň üstüni ýetirmek mümkindir. Ýöne adamkärçilik hakdaky gürrüňde aýry-aýry goşgulary öňe tutsak adalatsyzlyk bolar, ýazan ähli eserini bolsa atlandyryp çykmagyň hajaty ýok. Bu meselede logika yzarlan ýagşy: goşgy gökden düşenok. Şahyr şygry ýüreginden, arzuw-isleginden, adamkärçiliginden ýasaýar. Hamyrmaýasyny durmuşyň akymyndan, jemgyýetçilik gurluşyndan alýar. Şol sebäbinden goşgularyň ählisi şahyryň özi ýaly ullakan adamkärçilikli, sarpaly, şonuň üçin bolsa gerek, Halyl Kulyýewiň goşgulary jemgyýetçilik gurluşymyzyň özi ýaly aýdyň pelsepeli, berk logikaly, ynamly:

Ony ýazan eller, gudratly eller!
Şolar dälmi, gyşy kowup ýaz eden.
...Şeýdip ol ýazgylar öçmezler, ýöne
Şeýdip olar ýazylmazam täzeden.

diýýän liriki gahrymanyň ynamyny öz düşünjäň hökmünde kabul edýärisiň. Dogrudanam, liriki gahrymanyň ol ynanjy obýektiw hakykatdan – SSKP-niň bütin ýer ýüzüne parahatçylygy gorap saklamak ugrunda alyp barýan işlerinden gelip çykýan netijedir. Ol sözler, Watany, parahatçlygy gorap saklamaga mydama taýýar sowet ýaşlarynyň liriki keşbini aňladýardy. Komsomol ýaşlygynyň şu belent ruhy, ynsanperwerligi, adamkärçiligi şahyryň soňky eseri – “Akar suw” atly poema çenli ýoluny dowam etdi. H. Kulyýewe komsomol şahyr diýilýänligi megerem şonuň üçindir.

Jemgyýetimiziň syýasy durmuşyny, mazmunyny ol sähra, bahar, asman, akar suw... sözler kysym bir näziklik bilen, ýürek bilen kabul edýärdi. Rewolusiýa onuň poeziýasyna liriki mazmuny – ynsanperwerligi, adalaty, hyjuwy mylaýymlygy bilen giripdi. Elbetde, ýokarky sözleri goşgy bentlerine salgylanyp berkidip bilerdik. Ýöne, barybir, ýeterlik bolmaz. Çünki şu şahyrana alamatlar Türkmenistan Lenin komsomly baýragynyň laurýaty Halyl Kulyýewiň bütin döredijilik biografiýasydyr. Tutuş biografiýany bolsa göçürip çykmak mümkin däl. Eliňizdäki kitap onuň doly şaýatnamasy bolup, ýokarky sözleriň hem dabara üçin aýdylmandygyna güwä geçse gerek.

**Tebigylyk** – ine, Halyl Kulyýewiň poeziýasy diýlende, göz öňüne gelýän ilkinji bir alamat. “Tebigylyk” sözüniň iki manysy bar. Bir “tebigylyk” goşgynyň tebigata ýakynlygyny, ýene bir “tebigylyk” zannynyň ýasama däldigini aňladýar. Şahyryň şygyrlary şol sözüň iki “ýüküne-de” hötde gelýär. Peýzaž halaýanlara “Jeýhun ýollary”, “Daglaryň üstünden daglar görünýär”, “Mydamalyk galaly”, “Ugramak”, “Sähralar”, “Säher salamy”, “Derýalar”, “Däneşirde düşlenen gije”, “Sährada ýagyş ýagýar”, “Goja hem bahar”... ýaly goşgulary maslahat berip, kitabyň iň agyr “ýüküni” saldarlap göreliň.

Tebigylyk, birinjiden, şygyrlaryň leksikasynda, sintaksisinde duýulýar. Awtor goşgularyny nähilidir bir kaşaňja aňlatmalar bilen bezejek bolup azara galanok, oba adamlaryna mahsus sözleri şol bolşunda, adaty görnüşde alýar. Bu onuň utuşy. Adaty sözler “arhaizmmi”, “neoligizmmi” – oňa-da parh goýup duranok. Durmuşda ulanylýarmy – bolany şol. Bu-da şahyryň ikinji üstünligi:

- Essalawmaleýkim! Bir kilo köke.
Waleýkimessalam, “bir kilo köke!”
  - Sag-aman ördüňmi,
Sag-amanlykmy?
- Özüňem arma-da, Mädemin kaka!

Munda hiç hili ýasamalyk, gep nokatlama ýok. Obalylaryň şu adaty gürrüňleri durmuşyň, edim-gylymlaryň tebigy, emosiýaly şekilidir. Tebigylyk ýygyndynyň süňňüne siňen häsiýet. Goşgulary okanyňda, özüňi oba adamlarynyň arasynda ýaly duýýarsyň, çagalykda eşiden sözleriňi üýtgeşik bir lezzet bilen diňleýärsiň, olaryň sözlem düzüş tilsimlerini geň galyp yzarlaýarsyň:

Haýwanlaň içinde senem bir jandar,
Hemmede-de san bar, sende-de san bar.

Ikinjiden ýygyndynyň ruhy tebigy. Liriki gahrymanyň dünýä öz düşünişi, öz garaýşy bar. Ol kimdir birine meňzejek bolup, hasydyr bi akylly aýdylan sözi bir ýol bilen “özleşdirjek” bolup durman, “bary bilen bazar edýär”, kä zähmet mugallymynyň keşbine girýär-de “eline pil alyp ýer agdarýar”, käte “guşlaryň derdini bile çekişip” säherlere salam ýollaýar, uýalaryň soragyna çykýar, okyjysyny “Şondan beter aýylganç zat barmykan, dökülip gutarsa ene gözýaşy?” diýip oýlandyrýar, adamlara adyllyk bilen baha kesýär:

Ýasa gelen garryja bir ýaşulyň
Ýeke özi galanmyşyn seretse,
Onsaň bu-da öwenmişin özüçe:
“Ogrujady, ogrujady, neresse...”

Ine, bu liriki gahrymanyň öz-özlügidir. Ýöne şu meselede bir ýagdaý hasaba alynmaly. Liriki gahrymanyň duýgulary, oýlanmalary, iş salyşýan wakalary şahyryň terjimehalyndan ýa-da diňe öz başyndan geçiren ýagdaýlaryndan habar berýän “hususy” eýeçiligi däldir. Ile dahylsyz zat nähili akylly, duýgyly ýazylan bolsa-da, M.Lermontow aýtmyşlaýyn “Biz ony diňlemek hem islemeýäris”. Emma şahyryň goşgulary özüni diňledýär. Çünki “Aýallara degişmede” öz ýüzümiz görünýär, “Ene hüwdüsinden” öz gulagymyz ganan, “Täze ýurtda” özümiz Kaşkynbaýyň gara çaýyny içdik, “1946-da” bolsa köpümiz kemsinipdik:

Menem nöker bu goşunuň içinde,
Hiç kimseden gaýra durman, elbetde.
Gygyrardym: “Gelýärler-ä, gelýärler...”
Emma welin gygyrardym bir çetde.

Şahyryň “öz-özlügi” şular ýaly umumy ýagdaýlara örklüdir, duýgudyr pikiriňi gozgap bilýän kakuwlaryň hiç bir şahyryňka çalym etmeýänligi üçin tebigydyr. Onsoňam söz oýnatmalaryň, aýry-aýry setrileň hatyrasyna şahyryň goşgy ýazmanlygy hem ýaňky aýdylanlaryň üstüne goşmagymyz gerek. Goşgular ýazylmaly bolansoň, ýazylypdyr. Şol sebäpli her setiriň öz agramy, öz hyzmaty bar. Iň oňat ýeri olaryň “gyzaryp öňe çykýany-da ýok, garalyp yza galýany-da” – hemmesi deň hukukly, şygryň abraýyna şärik, hersi öz ýerinde derwaýys. Şu zatlar goşgulara siňen zehiniň tebigylygyndan bolsa gerek.

**Lirizm, aýdyň pelsepe** – ine, Halyl Kulyýewiň poeziýasy diýlende, göz öňüne gelýän häsiýetleriň ýene biri. Şygyr üçin ilkinji derwaýyslyk – lirizm, onsoň pikir diýen garaýyş awtoryň döredijilik pelsepesidi. Köp gezek jedel edenim ýadyma düşýär. Goşgular terjime edilende reňkleriň öçüşýändigi, lirizmiň solgunlaýandygy terjimeçiniň emelsizliginden diýip düşündirerdi. Ol hemişe ilkinji derwaýyslyk – lirizm diýen pikirinde galardy. Şahyryň şygyrlary-da şol pikirdedi, şol pikirinde-de galyp geldi:

Ýalňyz bolsaň ýetişerin ýanyňa,
Seni ýeke goýman – diýen sözüň bar.
Ýatlamalaň dumanyndan çykda gel,
Alyslardan alyslarda galaan ýar.

Söýgiň bilen derýa bolup joş-da gel,
Öňkiň ýaly gyz juwanlyk ýaşda gel,
Gaýalardan gaýalara aşda gel,
Goja daglaň aňyrsynda galan ýar.

Tapyşýan ýerinde ýer bilen gögüň,
Her gün saňa garaşaryn intizar.
Gün doganda, gün içinden çyk-da gel,
Uzak ýollaň aňyrsynda galan ýar

Men henizem öňkim ýaly bisabyr,
Ýürek şindem öňküsi dek bikarar.
Uzak ýyllaň örtügini serp-de gel,

Uzak ýyllaň aňyrsynda galan ýar.

Süýjülik suwy başyňa çeken ýaly bir duýgy döredýän bu goşgyny şahyryň okaýşy gulagymdan gidenok. Her sözüni ýognasrak sesi bilen däne-däne edip aýdardy. Uzaklara bir ýerlere serederdi, hamala, nazaryny diken ugrunda gara daglar görünýän ýaly, aňyrsyndan gün göterilip barýan ýaly, kimdir biri günüň içinden çykyp gelýän ýaly... Bu goşgyny näçe gezek diňlänim ýadyma düşenok. Ýöne näme üçindir irigip bilemok soň-soňlaram telim gezek okadym. Häzirem, näme üçindir, şygry dolulygyna göçürenimizi kem görmedik. Bu jady, belki, şygryň ýüregi böwsüp çykanlygyndandyr, lirizmindendir. Aslynda, awtory adykdyran lirizmdi. Şu häsiýet Halylyň poeziýasynyň ilkinji ädimlerinden başlanypdy:

Aýdylmadyk sözler bilen ulalyp,
Aýdylmadyk sözler bilen söýdüm men.
Ahyr olar böwsüp çykdy ýüregmi,
Ýasadym olardan ajap aýdym men.

Şeýle goşgulary ýene okasyň gelýär, ýene ýazlymagyny isleýärsiň. Şahyr okyjylaryň islegini öz wagtynda duýupdy, “Uniwersitet ýyllary”, “Bahar buşlukçysy”, “Seniň aýdymyň”, “Hemişelik galaly”, “Ykbal”, “Gündogar bulwary” ýaly ýene ajaýyp goşgulary ýazdy. Göwnümiz bitdi. Şeýdip döredijilik taplandy, şeýdip talant turuwbaşdan özüni ykrar etdirýär, birhili, halyly üzümiň bişişi ýaly. Halyl Kulyýewiň edebiýata gelşi bu görnüşde gözümizde galypdyr.

Lirizmem hil-hil. Şahryň lirizmi özüniň akyly, romantikasy, näzik dünýewiligi bilen imrindirýär. Ýogsa, Halyl Kulyýewiň “Daň agarýar”, “Säher salamy” ýygyndylarynyň gozgaýan mesleleri kommunstik partiýa, Oktýabr, komsomol, ýaşlyk, söýgi, uruş, parahatçylyk, nesiller, ýollar, derýalar, daglar. Görnüşi ýaly, temalar hemmä gyradeň – ortalyk, emma ruhy hususy. Bu kämillikden nyşan:

Ýene nurun seçdi sansyz yşyklar,
Ýene öwşün atdy Gündogar bulwar.
Gysmyljyrap otyr juwan aşyklar,
Hersiniň elinde bir desse gül bar.

Hemme zat adaty, aýdyň: bahar gülleri, bulwarlar, aşyklar, ýaşlyk – gulagymyzyň ganan sözleri. H. Kulyýew şu endige öwrülen sözleri şeýle bir “ýugrup ýasady” welin, olaryň agramly, emosiýaly, hyjuwly sözlerdigini aňşyrmanlgymyza oturyplar geň galýarys. Olar saňa ýyllar bilen üsti örtülen näzik duýgularyňy mähir-muhabbetden doly pynhan söhbetleriňi gaýtaryp berýär, dünýewi pelsepesi bolsa durmuşa, ömre bolan yhlasyň näzik owazy bolup kalbyňa damýar, şygyr düzmegiň göreldesini görkezýär. Ine, şular ýaly poeziýa mugallym şahyrçylyk diýilýär.

Biz ýokarky bendiň haýsy goşgudan alnandygyny aýtmandyk . Şahyryň diňe bir eseriniň däl, eýsem döredijiliginiň agramly böleginiň umumy temalary gozgap, umumy bolmadyk “hususy” şygyrlardan düzülýändigini nygtamak üçin tutuş poeziýasynyň ýaşlara sapak berip biljekdigini ýaňzytmak üçin şol şöhratly “Gündogar bulwary” goşgynyň adyny tutmadyk. H. Kulyýew uniwersitetde edebiýat teoriýasyndan okadýardy, ondan sapak alanlaryň birentegi atly ýazyjy-şahyr, ussat pedagoglar bolup ýetişdi. Alym şahyryň “Edebiýat teoriýasyny” indi goşgulary dowam edýär.

H. Kulyýew seýrek ýazýardy. Olam talapkärligindendi. Talapkärligi üçinem goşgulary saýhally, bir-birinden tapawutly. Şeýle bolansoňam “köne” temalar täze lybasly görünýärdi.

Şahyryň pedagogik kesbini dowam edýän poeziýasynyň özboluşly şekilleri hakda ýene-de birentek gürrüň etmek bolardy. Çünki şahyrana indiwiduallyk birki häsiýetiň jemi bolman, ol birgiden çeper nysaklaryň, hadysalary obrazly kabul ediş endikleriň, galyberse-de, şol zartlaryň hamyrmaýasy bolup duran ideýa-tematiki eňňidiň hasyl edýän zadydyr. Bu zatlar ýerli-ýatakly edilmeli gürrüňler. Oňa derek, okyjym elindäki kitaba sarp eden wagtyna ökünmez, Jeýhunyň köwlen kenarynyň pagşyldysy bilen, sallançak üwreýän hüwdüler bilen, säherler saýraýan guşlaryň sesi bilen, menzil söküp gelýän akarsuw bilen ýadawlygyny “ýuwup” bilse gerek diýip aýdyp bileris. Bu sözler ündew däl. Ýygyndynyň bolşy şeýle.

Ýygynda “Güneş” diýip at goýuldy. Halylyň özi üçünji kitabyna şeýle at dakylmagyny isleýärdi. “Daň agardy, säher salamlaşdyk, indem Gün dogaýsa, onsoň çynymy edip işlejek, häzir ala-sölelikde ýazmaly bolýar” diýip gülerdi. Oýun oýun ýerinde welin, aňyrsynda çynlakaý many ýatyrdy: **“Daň**

**agarýar”- “Säher salamy”-“Güneş”.** Bu yzygiderlik şahyr kämilliginiň obrazly basgançaklaryny aňlatmalydy. Hawa, onsoň indiki ýygyndysyna “Güneş” at goýup, ony neşire taýýnlamagyň höwesi bilen ýaşap ýörkä-de neresse şeýle boldy...

Ýygynda şahyryň döreden goşgularynyň agramly bölegi girizildi. Kitap neşire taýýnlanyp ýörkä, şahyr Mämmet Seýidow bilen hem maslahat edildi. Olam mümkin boldugyndan şygylaryň ählisini girizmegi maslahat berdi. Şeýle hem edildi. Käbir şygyryň Halyl Kulyýewiň döredijilik mümkinçiliginden, okyjylaryň ony tanaýyşyndan pesräk görünmegi-de mümkindir. Çünki ýygyndy şahyryň irräk ýyllarda döreden, ýene birneme sünnälenmeli, emma işlemäge ýetişmedik goşgularyny-da özünde jemleýär. Özi beýtmese-de beýtmezdi. Birentegini täzeden işlärdi, sünnälärdi, “Gümeş” atly poemasyny gaýtadan gözden geçirmegiň hyýalyndady. Wagty-salymy bilen täze-täze bölümler girizmekçidi. Ol diýeni bolmady. Indi, näme, pursat aňtap oturmaga ýagdaý ýok, garaşanyň bilenem hiç zat üýtgejek däl.

Ýygyndy dört bölümden ybarat: Birinji we ikinji bölümler “Daň agarýar”, “Säher salamy” atly kitaplardaky goşgulary özünde jemleýär, “Güneş” atly üçünji bölüme heniz özbaşdak kitapça edilip çap edilmedik goşgular girizilip, ýazylan ýyllarynyň tertibine görä ýerleşdirildi. Ahyrky bölümi şahyryň poemalary düzýär. Ýene bir ýagdaýdan okyjyny habarly etmeli: Bolşundanam gowy ediljek bolnup ýa-da başgarak bir maksatdan ugur alnyp, şahyryň şygyrlaryna galam urulmady. Halylyň goşgulary özbolşunda, öz şekilinde çap edilýär. Onuň öz bolşy bolsa, biziň pikirimizçe, halyly üzüm ýalydyr, ajaýyp bir ýadygärlikdir. Ol ýadygärlik – Halyl Kulyýewiň poeziýasy...

**Gurbandurdy Geldiýew**